**M. Mämmedow**

# BERKARAR DÖWLETIŇ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2013

UOK 378 + 33 (575.4)
M 51

**Mämmedow M.**
**M 51** **Berkarar döwletiň ykdysadyýeti.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

TDKP № 140, 2013 KBK 65.9 (2 Tü) ýa 73

© M. Mämmedow, 2013.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ
## DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Ýurdumyzyň gysga döwrüň içinde ýeten uly sepgitlerini, gazanylan ajaýyp netijeleri, galkynan milli ykdysadyýetiň öz gözbaşyny mukaddes Garaşsyzlykdan alyp gaýdýandygyny bellemek, şol üstünlikleri, ykdysady netijeleri, düýnki ösüşimiz bilen şu günki gazanýan netijämiziň baglanyşygyny mysallaryň, sanlaryň üsti bilen deňeşdirmek has täsirlidir.

Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistan döwleti häzir özüniň ösüşiniň täze eýýamyna – Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüne gadam basdy. Bu döwrüň özboluşly aýratynlyklary köptaraplydyr.

Garaşsyzlygyň taryh üçin uzak bolmadyk geçen döwründe döwletimiz syýasy, ykdysady, ruhy-jemgyýetçilik babatda görlüp-eşidilmedik ösüşlere eýe boldy, uly sepgitlere ýetildi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynyň ykdysady ösüşi ilkibaşlangyç häsiýetli bolan bolsa, Bagtyýarlyk döwründe bedew batly ykdysady we syýasy gadamlar barada aýdara, diýere zat örän kän. Taryhy nukdaýnazardan gysga döwrüň içinde ýetilen ykdysady netijeler, üstünlikler has guwandyryjydyr. Sebäbi hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyza baştutanlyk edip başlan döwründen bäri ýerine ýetirilen we ýetirilmeli işleriň depgini örän belent. Muňa ýurdumyzyň ykdysadyýetinde ileri tutulýan nebit-gaz, energetika, himiýa, dokma, agrosenagat toplumlary mysal bolup biler. Bu toplumlaryň ösüş depginleri, gazanylýan çäksiz uly ykdysady netijeleri döwletiň gaznasyna gelýän gyzyl pullaryň möçberini has-da artdyrýar.

Häzirki döwürde Türkmenistan Prezident maksatnamasyna laýyklykda tutumly işleriň durmuşa geçirilýän ýurduna öwrülýär. Bu maksatnama ýurdy ösdürmegiň ýakyn bäş ýyl üçin esasy meýilnamalaryny özünde jemleýär.

Maksatnamanyň düýp mazmuny Türkmenistany agrar ýurt bolanlygyndan, senagat taýdan ösen döwlete, halkyň ähli hajatlaryny kanagatlandyrýan eşretleri bolan döwleti döretmekden ybaratdyr.

2012-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda Türkmenbaşy şäherinde geçirilen Türkmenistanyň Ýaşylularynyň maslahatynyň mejlisinde eden çykyşynda Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly geçen döwürde jemi içerki önümiň ösüşi 11,1 göterime barabar boldy. Şol bir wagtda maýa goýumlarynyň möçberi ýylsaýyn artýar. 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende, ykdysadyýetimiziň pudaklaryna gönükdirlen maýa goýumlarynyň möçberi 2,9 esse artdy. Bu bolsa jemi içerki önümiň 48,8 göterimine deňdir.

Hormatly Prezidentimiz şol maslahatda eden taryhy çykyşynda şeýle diýipdi: «Obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça ýurdumyzda durmuşa geçirilýän çäreler öz oňyn netijelerini berýär. Bu çärelere laýyklykda, ýurdumyzda umumy meýdany 2 million 900 müň inedördül metre golaý ýaşaýyş jaýlary, 114 sany umumybilim berýän mekdep, 82 sany çagalar bagy, 125 sany durmuş maksatly desga we 11 müň 300 kilomertden gowrak inženerçilik desgalary gurlup, ulanylmaga berildi.

Berkarar Watanymyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýy hem durnukly gowulanýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, her ýyl döwlet edara-kärhanalarynda işleýän işgärleriň zähmet haklarynyň we döwlet kömek pullarynyň, pensiýalaryň möçberi artýar.

Döwletimiz ilatymyzyň durmuş taýdan kepillendirilen goragyny üpjün etmek syýasatyny dowam edýär. Bu syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine, hususan-da, ilatymyzyň elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy, nahar duzy bilen mugt üpjün edilmegi, ýaşaýyş jaýlaryndan, jemgyýetçilik ulaglaryndan peýdalanmak üçin tölegleriň ujypsyz bolmagy we köp sanly beýleki ýeňillikler aýdyň şaýatlyk edýär.

Alnyp barylýan oýlanyşykly syýasatyň netijesinde, ilatymyzyň adam başyna düşýän girdejileri her ýyl durnukly artýar. Soňky döwürde her hojalygyň umumy girdejileri we pul görnüşindäki girdejileri 1,5 esse artdy, hakyky girdejileri bolsa 1,4 esse köpeldi».

“Türkmenistany syýasy, ykdysady we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasyna laýyklykda, Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzda täze, döwrebap gurlan we işe girizilen dokma senagaty kärhanalarynyň sany artyp, ýakyn geljekde her bir pagta öndürýän etrapda, welaýat merkezlerinde azyndan bir sany dürli-dürli ýarym we doly gutarylan önümleri, harytlary öndürýän dokma kärhanalary peýda bolar. Bu harytlara bolan isleg daşary ýurt bazarlarynda örän uludyr. Täze gurlan dokma kärhanalarynda adamyň saglygy, zähmet öndürijiligi üçin döredilen şertler, işiň guralyş derejesi, önümçilik medeniýeti diýseň täsin, ýakymly hem-de ýerlikli. Diňe içki şertleri däl, ol kärhanalaryň daşky görnüşi, ýerleşýän ýeriniň abadanlaşdyrylyşy, arassaçylygy, düzgün-tertibi özüne çekijiligi bilen tapawutlanýar. Önümçilikde mehanizasiýanyň, awtomatizasiýanyň iň öňdebaryjy tehnologiýalarynyň ulanylmagy zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda, iş prosesini ýeňilleşdirmekde, öndürilýän önümiň hilini dünýä ülňülerine gabat getirmekde, umuman, iş we önümçilik ulgamyny dolandyrmakda naýbaşy usullary özünde jemleýär.

Şu ýerde 2012-nji ýylyň dekabr aýynyň başynda Ruhabatda bahasy 120 million amerikan dollaryna barabar bolan iri dokma toplumynyň işe girizilmegini mysal getirmek isleýäris. Toplum Ýewropanyň belli kompaniýalarydyr firmalarynyň iň täze tehnologik enjamlary bilen üpjün edilendir.

Ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwlete öwürmäge niýetlenen Prezident maksatnamasyna laýyklykda işe berlen bu dokma toplumynda ýylda 20 million inedördül metrden gowrak dürli görnüşli matalar, şeýle hem 40 million inedördül metr möçberinde boýalan matalar öndüriler. Öň Türkmenistanda öndürilmeýän bu matalaryň önümçiliginiň ýola goýulmagy olaryň daşary ýurtlardan getirilýän möçberlerini ep-esli azaldar.

Täze ýokary tehnologiýaly önümçilik ýene-de 700-den gowrak täze iş orunlaryny döretdi.

Türkmen döwletiniň syýasy garaşsyzlygyny we ykdysady howpsuzlygyny berkitmekde, onuň geljekki ykbaly ýangyç-energetika toplumynyň orny we ähmiýeti çäksiz uludyr. Bu toplum

türkmen ykdysadyýetiniň kerwenbaşysydyr diýsek dogry bolar. Garaşsyzlygymyzyň 21 ýylynyň içinde nebit-gaz, energetika senagatynda ýetilen sepgitler munuň aýdyň şaýadydyr. 1991-2007-nji ýyllar aralygynda 800 mlrd. kub metr tebigy gaz we 110 mln. tonnadan hem gowrak nebit çykaryldy. Eger-de Türkmenistanda 1991-nji ýylda 5 mln. tonna nebit çykarylan bolsa, bu san 2010-njy ýylda 10 mln. tonna çenli ýokarlandy. Garaşsyzlygymyzdan ozal ujypsyzja öndürilýän suwuklandyrylan gazyň mukdary bolsa häzir 3,3 mln. tonnadan hem geçdi. Bu önüme bolan isleg daşary ýurt bazarynda has artýar, soňky bäş ýylyň dowamynda daşary ýurtlara satylan suwuklandyrylan gazyň mukdary 1,6 mln. tonna ýetdi. Bular babatda uly buýsanç bilen aýtmak üçin Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyny mysal getirmeli. Ýedi sany yzygiderli önüm öndürýän ulgamy özünde jemleýän zawodlar toplumy özüniň dünýä ülňülerine doly gabat gelýän önümleriniň hili boýunça ýurdumyzyň ykdysady kartasynda öran ajaýyp, saldamly, mynasyp orny eýeleýär. Bu ýerde öndürýän nebit, himiýa önumleri – ýokary hilli benzin, awiakerosin, çalgy ýaglary, dizel ýangyjy, bitium,  polipropilen, kükürt we beýlekiler ýokary hilli nebit öňümleri diňe bir öz ýurdumyzda däl, eýsem Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna (GDA) girýän ýurtlaryň nebit-himiýa önümçiligi pudaklarynyň arasynda naýbaşydyr. Ýurdumyz  indi dünýäniň iň bir ösen döwletlerine – Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna (ABŞ), Beýik Britaniýa, Ýaponiýa, Germaniýa, Italiýa, Fransiýa, Türkiýe we başgalara öz zawoddyr fabriklerimizde öndürilen harytlary eksport edýär. Şol wagtyň özünde şu döwletler we Russiýa, Ukraina, Eýran, Arap döwletleri hem-de beýleki ýurtlar köp wagtdan bäri Türkmenistanyň esasy işjeň daşary söwda-ykdysady hyzmatdaşlarydyr. Häzir Türkmenistan 80-den hem gowrak ýurtlar bilen söwda, 129 sany daşary döwletleri we 42-den gowrak halkara edaralary bilen ykdysady, syýasy, diplomatik gatnaşyklary alyp barýar. Eger, daşary söwda dolanyşygy 2007-nji ýylda 13,4 milliard amerikan dollaryna barabar bolan bolsa, 2020-nji ýylda bu görkeziji birnäçe esse artar. Örän pozitiw görkezijileriň biri bolsa ýurdumyzdan daşyna çykarylýan harytlaryň möçberiniň getirilýäninden, ýagny eksportyň möçberiniň importyň möçberinden iki esse köplügidir. Munuň esasy

sebäbi “Açyk gapylar” syýasatynyň ýaýbaňlanmagy ýurdumyza gelýän iri hem belli daşary ýurt kompaniýalaryň, işewür adamlaryň sanynyň ep-esli artmagyna, Türkmenistanyň at-abraýynyň dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde belende galmagyna, halkara institutlarynyň, edaralarynyň daşary ýurt döwletleriniň, ady belli syýasy döwlet işgärleriniň, ýolbaşçylarynyň doly ykrar etmegine getirdi. Dünýä ykdysadyýetine göwnejaý, sazlaşykly girmek barada milli Liderimiz şeýle diýýär: “Biziň başlan özgertmelerimiziň ählisi bir zady, milli ýolumyzy saklap, dünýä ykdysadyýetine has çalt, sazlaşykly girmegi maksat edinýär”. Bu öňdengörüjilikli parasatly syýasat ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň has çalt, bedew batly depginler bilen ösmegine getirdi. Mysal üçin, 2006-njy ýyl bilen deňeşdireniňde 2007-nji ýylda jemi öndürilen önumiň ösüş depgini 121 göterim, ýa-da 35,9 milliard amerikan dollaryna barabar boldy. Daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberi umumy maýa goýumlaryň düzüminde ýyl-ýyldan kopelýär, olaryň paýy 17 göterime golaýdyr. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan badalga berlen Gazagystan-Türkmenistan-Eýran transkontinental halkara demir ýolunyň, Hazaryň kenarynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň, her ýylda 30 mlrd. kubmetr gaz akdyrjak Türkmenistan-Hytaý halkara gaz geçirijisiniň işe girizilmegi we gurulýan awtomobil, demir ýollaryň, desgalaryň, zawoddyr-fabrikleriň sany gelejekde içerki we daşarky maýa goýumlaryň möçberini has hem ýokarlandyrar. Döwletimizde geçirilyan bu beýik işler ýurt Baştutanymyzyň hut özüniň tasallasy esasynda obalary, şäherçeleri, etraplary hemmetaraplaýyn gyradeň ösdürmek, daşary ýurt ülňülerine gabat gelýän durmuş şertlerini üpjün etmek baradaky 2020-nji ýyla çenli kabul eden Maksatnamasynyň netijesidir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda hukuk binýadyny berkitmeklige çäksiz uly ähmiýet berýändigini bellemek gerek. Ol ýurdumyzyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde, döwlet derejesinde geçirilýän ýygnaklarda edýän çykyşlarynyň hemmesinde diýen ýaly her bir raýatyň, işgäriň, ýolbaşçynyň kanuna boýun bolmalydygyny, nygtaýar. Kanun her bir raýatyň, işçiniň, telekeçiniň, ýolbaşçynyň, edaranyň bähbidini, mertebesini goramalydyr. Ähli çäreler, durmuşa geçirilýän maksatnamalar, meýilnamalar, ýönekeý

dilde aýdanyňda, her bir ätlän ädimiň kanunyň çäginde bolmaly. Şoňa görä-de hormatly Prezidentimiz kanunlary döwrebaplaşdyrmak, kanunçylygy we kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek, halkara kanunlarynyň, konwensiýalarynyň talaplary bilen utgaşdyrmak, döwlet syýasatynyň örän möhüm bölegi, wezipesidir diýip belleýär: “Daşary ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde biz öz döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň halkara-hukuk derejesini örän möhüm şert hasap edýäris ”.

Hormatly Prezidentimiz 2008-nji ýylyň mart aýynyň 17-sine ýurdumyzyň Sergi köşgünde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň agzalarynyň, Mejlisiň, Ministrlikleriň, edaralaryň, hususy sektoryň wekilleriniň, Umumymilli “Galkynyş” hereketine girýän guramalaryň, Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylarynyň, alymlaryň, malie we bank ulgamynyň işgärleriniň we beýlekileriň gatnaşmagynda Ministrler Kabinetiniň telekeçiligi ösdürmäge bagyşlanan giňişleýin göçme mejlisini geçirdi. Bu mejlisde eden taryhy çykyşynda milletiň Baştutany 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 8-ine geçiren Ministrler Kabinetiniň ýörite mejlisinde türkmen ykdysadyýetiniň ösüş konsepsiýasynyň meselelerine seredilendigini, şonda ýurtda bazar ykdysadyýetine geçmegiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde telekeçiligi ösdürmeklige hem aýratyn üns beriljekdigine ünsi çekdi. Ýurdumyzda umumy öndürilýän önümiň 40 göteriminiň hususy sektora degişlidigini bellemek bilen, bu görkezijini 70 göterime ýetirmek üçin döwlet tarapyndan hemmetaraplaýyn goldaw beriljekdigini we oňaýly şertleriň dörediljekdigini hem belledi. Banklarda daşary ýurt walýutasynyň erkin çalşylmagy, geljekde onuň ýeke-täk hümmetine geçilmegi, 5 göterimden ybarat 10 ýyl mohletli ýeňillikli karz pullaryň berilmegi, salgyt syýasatynyň ýeňilleşdirilmegi, telekeçilige degişli kanunlar boýunça tükelleýiş işleriň geçirilmegi, daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky kanunyň täze redaksiýasynyň kabul edilmegi ýokarda görkezilen sepgitlere, ykdysady netijelere ýetmeklige doly ýardam berer. Döwlet derejesinde senagatçylyk we telekeçilik boýunça toparyň döredilmegi bolsa bu durmuşa geçiriljek çäreleriň hem-de gelejekde telekeçilik ulgamyny ösdürmek syýasatynyň meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmakda we düzmekde ýurdumyzda geçirilýän ykdysady we syýasy reformanyň esasy ýollarynyň, ugurlarynyň biri bolar.

# I BAP. BERKARAR DÖWLETIŇ BAGTYÝARLYK DÖWRÜNIŇ YKDYSADYÝETINIŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY

Ýurdumyzy özgertmek, täzeden galkyndyrmak maksatly meýilnamalar esasynda alnyp barylýar. Meýilnamalar özüniň gözbaşyny, 2007-nji ýylyň mart aýynda Mary welaýatynyň Mary şäherinde geçirilen Türkmenistanyň taryhy XX Halk maslahatyndan alyp gaýdýar. Bu Maslahatda kabul edilen Permanlardyr Kararlar we Kanunlar soňky edilen hem-de edilmeli işleriň esasy hamyrmaýasydyr. Sebäbi Türkmenistanyň halk hojalygynyň düzümine girýän ähli pudaklary, toplumlary özara gatnaşykdadyr, şol wagtyň özünde hem ykdysady taýdan bir-birine baglydyr. Türkmenistany ösdürmek üçin döwletara, ýagny iki taraplaýyn, özara bähbitli ykdysady we syýasy gatnaşyklar hökmanydyr. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza ýolbaşçylyk edip başlan ilkinji günlerinden ykdysady we syýasy, halkara gatnaşyklaryň döwlet derejesinde has-da ileri tutulmalydygyny öz çykyşlarynda köp gezek has takyk beýan etdi. Netijede ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda, toplumlarda durmuşa geçirilýän, amal edilýän işleriň sany, depgini, mukdary, maýa goýumlaryň möçberi äşgär artdy. Halkara internet ulgamyny, “Nou-Hau”, “nanatehnologiýa”, ýagny ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna iň täze tehnologiýalary we beýleki öňdebaryjy, täze tehniki serişdeleri ornaşdyrmak, ulanmak mümkünçiligi giň gerim alýar. Şonuň esasynda hem ýokary derejede ykdysady netijeleri gazanmak bolýar.

Geçen 2007-2011-nji ýyllarda ýurdumyzyň ähli pudaklarynda gazanylan ykdysady üstünlikler munuň şaýadydyr. Pudaklaryň aglabasynda öndürilýän içerki önümler 20-23 göterim derejesinde köpeldi. Ýurdumyzda gazanylýan bu ykdysady üstünlikleriň esasy sebäbi aşakdakylardan ybaratdyr:

– birinjiden, ýurda parasatly, maksatlaýyn döwrebap ýolbaşçylyk etmek.

– ikinjiden, adam gymmatlyklarynyň hemme zatdan ileri tutulmagy. Bu babatda Hormatly Prezidentimiz “Halk bize däl-de, biz halka hyzmat etmeli” diýýär. Şeýlelikde ýurtda adamyň mertebesi, hormaty, onuň maddy bähbitleri, durmuş şertleri hemme zatdan ýokary tutulýar. “Döwlet adam üçindir” diýen şygar biziň ideologiýamyzyň baş ýörelgesidir. Bu taryhy, manyly sözler ýurdy dolandyrmakda esasy güýç, ýagny türkmeniň ykdysady modelini döretmekde, kämilleşdirmekde esasy faktordyr.

– üçünjiden, aýdylan söz bilen edilen işiň aýra cykmaýanlygydyr. Halk, ýurt bähbitli Permanlaryň, Kararlaryň bellenen wagtynda gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegidir.

– dördünjiden, raýatlary maddy taýdan höweslendirmek, olaryň iş we zähmet haklaryny öz wagtynda bermek.

– bäşinjiden, ýurdumyzda gurulýan zawoddyr-fabrikleriň, medeni ojaklaryň, dünýä ülňülerine gabat gelýän keselhanalaryň, lukmançylyk merkezleriniň, demirýollardyr awtomobil ýollarynyň we beýleki desgalaryň, binalaryň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, hemme amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň gurulmagy netijesinde olardan gelýän ykdysady girdejileriniň, maddy-tehniki baýlyklaryň ýurdumyzyň raýatlarlarynyň hyzmatynda bolmagy. Halka edilýän hemaýatlar, hyzmatlar raýatlarymyzyň zähmet joşgunyny, durmuşa bolan höwesini, Watanyna, Prezidentine bolan wepadarlygyny, ynamyny, söýgüsini ýokarlandyrýar.

Ýokarda aýdanlarymyz döwletimiziň bagtyýarlyk eýýamynda ykdysady, syýasy taýdan örän güýçli ösüş depginlerini üpjün edýär. Türkmenistan Garaşsyzlygyny alanyndan bäri 90-dan hem köpräk döwletler bilen ykdysady we syýasy gatnaşyklary amala aşyrýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda 30-dan hem gowrak daşary ýurtlaryň wekilhanalary işleýär. Biziň döwletimiziň daşary ýurtlardaky wekilhanalarynyň sany hem 30-dan geçdi. Daşary ýurt ilçihanalary we Türkmenistanyň daşary ýurtlarda işleýän ilçihanalary örän wajyp halkara diplomatik missiýalary ýerine ýetirýärler, birek-birege bähbitli, dostlukly, peýdaly ykdysady we syýasy wezipeleri berjaý edýärler. Türkmenistan 129 ýurt bilen diplomatiki gatnaşyklary alyp barýar

we 40-dan hem gowrak halkara guramalarynyň agzasy bolup durýar. Ýurdumyzda halkara birleşiklerininiň wekilhanalarynyň 18-si hereket edýär. Bu Turkmenistanyň Garaşsyz döwlet diýlip jar edilen ilkinji günlerinde kabul edilen “Açyk gapylar” syýasatynyň miwesidir.

Özara ykdysady we syýasy gatnaşyklara şunuň ýaly täzeçe çemeleşmek hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurda Baştutanlyk etmekde özüniň täze eýýamynda saýlap alan ýol-ýörelgeleriniň giňeldilen, kämilleşdirilen görnüşidir. Bu kämilleşen ýol, ugur eýýäm öz miwesini berýär. Muňa agrosenagat toplumynda bolup geçýän düýpli özgertmeler şaýatlyk edýär. Hormatly Prezidentimiz Mary şäherinde geçirilen Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda eden çykyşynda ýurdumyzyň oba hojalygyny, umuman agrosenagat toplumyny hemme taraplaýyn sazlaşykly ösdürmek, dolandyrmak, durnukly, ygtybarly pudaga öwürmek üçin ylmyň, bilimiň, täze tehnikanyň we tehnologiýanyň gazananlaryny doly ulanmagy, peýdalanmagy öňe sürdi. Agrosenagat toplumynyň kärhanalaryny, edaralaryny dolandyrmakda täze usullary, tejribeleri ulanmaklyk esasynda toplumy dikeltmek, düýpgöter özgertmek we ösdürmeklik elbetde döwrüň talaby. Halk Maslahatynda aýdylan islegleri we teklipleri göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen Türkmenistanyň oba hojalygynda ulanmak üçin 2007-nji ýyldan başlap has oňaýly, ykjam, tygşytly, bahasy boýunça arzan traktorlary we olarda ulanylýan enjamlary, şaýlary satyn almaklyk ýola goýuldy. Kiçi we orta göwrümli, kuwwatly traktorlary satyn almagyň, oba hojalyk işlerinde ulanmagyň biçak uly moral, maddy we ykdysady ähmiýeti bar. Türkmenistan Russiýa Federasiýasynda, Belarus we Özbegistan Respublikalarynda öndürilen traktorlary, tirkegleri, awtoulaglary satyn almak barada uzak möhletleýin şertnamalar baglaşdy.

Türkmenistanyň şertlerinde bu traktorlary, awtoulaglary ulanmaklygyň özboluşly aýratynlygy bar. Türkmen daýhanlary, kärendeçileri, mulkdarlary, hünärmenleri, inžener-tehniki işgärleri GDA-nyň duzumine girýän döwletlerde öndürilýän traktorlaryň we olara gerek bolan enjamlaryň hemme içki, daşki ýagdaýlaryny, ýagny olaryň düzüminiň ýonekeýligi sebäpli ähli ykdysady-tehniki parametrlerine belet. Türkmenistanyň oba hojalygynda ýarym asyrdan hem gowrak

döwrüň içinde bu traktorlar, awtoulaglar ulanyldy, biziň raýatlarymyz şol traktorlaryň ulanyş, bejeriş ussullaryny doly bilýärler, ýönekeýje dilde aýdanyňda, öz serişdesiniň hasabyna, az wagt sarp edip, öz ýerinde, başga ýere äkitmezden özleri abatlaýyş, bejeriş işlerini geçirip bilýärler. Russiýa Federasiýasynda, Belarus we Özbegistan Respublikalaryndan satyn alnan tehnikalary getirmek ýeňil, olaryň ýol çykdajylary ep-esli arzan.

Zähmet öndürjiligini ösdürmekde, şonuň esasynda ykdysadyýetde öndürilýän içerki önümiň mukdaryny artdyrmakda we daşary ýurt bazarlarynda bäsleşip bilýän önümleri öndürmekde, olaryň hilini ýokarlandyrmakda wagt esasy, aýgytlaýjy faktordyr. Ykdysadyýetiň mikro-makro görkezjileriniň beýgelmegi ýa-da peselmegi wagtyň netijeli ulanylmagyna we tygşytlanylmagyna gönüden-göni baglydyr. Wagt faktorynyň tygşytly we netijeli ulanylmagy bolsa ykdysadyýetiň esasy kanunlarynyň biridir. Bahasy uly bolmadyk tehniki serişdeler, traktorlar, awtoulaglar daýhana, daýhan birleşiklerine näçe ýakyn bolsa, şonça-da olary netijeli, peýdaly ulanmaklygyň mümkünçiligi has-da artýar önümçilik ýokarlanýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden Bagtyýarlyk döwründe ýurdy dolandyrmakda täze, ileri tutýan esasy ugurlarynyň biri hem döwletiň hukuk esaslaryny pugtalandyrmakdyr. Ol ýurdumyzyň döwlet derejesinde geçirilýän ýygnaklarda, Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde edýän çykyşlarynyň hemmesinde diýen ýaly turuwbaşdan kanunlara boýun bolmak, dogry ýerine ýetirmek barada tabşyryklar berýär.

Häzir ýurdumyzda halkara ykdysady we syýasy hyzmatdaşlyk gün-günden giňeýär hem-de ýaýbaňlanýar. Olardan, Hazaryň kenarynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagyny döretmegiň, bahasy 1 mlliard amerikan dollaryna deň bolan meýilnamasynyň resmi kabul edilmegi, Türkmenistan-Hytaý aralygyndaky her ýylda 30 mlrd. kub/metr gaz geçirijiniň işe girizilmegi we Gazagystan – – Türkmenistan – Eýran aralygyndaky trans-kontinental demir ýolunyň taslamalarynyň kabul edilip, gurluşyga başlanmagy we Gündogar-Günbatar, 1000 km-e golaý uzynlygy bolan gaz geçirjisi örän möhüm, il-ýurt bähbitli ykdysady çärelerdir. Täze iş ýerlerini

açmakda, ýurdumyzyň aýry-aýry ýerlerini abadanlaşdyrmakda, täze şäherçeleri döretmekde ýurduň içinde demir we gara yollar halkalaryny döretmekde, ýolagçy gatnatmakda, ýük daşamakda çykarylýan harajatlary azaltmakda, tygşytlamakda bu meýilnamalaryň, taslamalary ähmiýeti çäksizdir. Olar sosial, medeni ykdysady we syýasy ösüşlere, üstünliklere, diýarymyzyň pajarlap ösmegine getirer. Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň 8-nji fewralynda geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde üstümizdäki we geljekki ýyllarda edilmeli işleriň depgininiň, möçberiniň örän uludygyny bellemek bilen ykdysadyýetiň döwlete degişli bölegininiň ösdürilmegine, bazar gatnaşyklaryny ösdürmek üçin oňaýly şertleriň döredilmegine aýratyn üns berdi. Bazar ykdysadyýetine yzygiderli, tapgyrlaýyn geçilmegi barada hem durup geçdi. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan Milli ykdysadyýetimiziň modelini döretmegiň strategiýasy boýunça wezipeleriň kesgitlenilmegi ýurdumyzda geçirilýän ykdysady we syýasy reformalaryň tapgyrlaýyn, uzak möhletleýin meýilnamasydyr.

## II BAP. TÜRKMENISTANYŇ NEBIT-GAZ WE ENERGETIKA TOPLUMUNYŇ GADAMLARY

Dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, umuman, senagat pudagy halk hojalygynyň düzümine girýän ähli pudaklaryň emele gelmeginde, işlemeginde, kämilleşmeginde, ösmeginde olaryň esasy bolup durýar, sebäbi senagatyň özünde we beýleki pudaklaryň hemmesinde ulanylýan esasy önümçilik tehniki serişdeleriniň we şaý-sepleriniň hemmesi senagatyň aýry-aýry pudaklarynda öndürilýär. Senagat pudagynyň ýene-de bir aýratynlygy ol ýurduň, döwletiň ýüzi, tuwagy, güýji, kuwwaty bolmalydyr. Ol ýurduň ykdysady, syýasy, medeni, intellektual derejesiniň mäkämdigini häsýetlendirýär we görkezýär. Munuň beýledigini biziň Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan Döwletimiziň mysalynda hem görmek bolýar. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan başlap, ýurdumyzda turuwbaşdan senagat pudaklaryny täzeden dikeltmek, guramak we ösdürmek meseleleri ileri


2. Sargyt № 590.

tutulyp, içerki we daşarky maýa goýumlarynyň esasy bölegi şolary dikeltmeklige, täzeden guramaklyga we ösdürmeklige gönükdirildi. Bu batly depginler bilen Bagtyýarlyk döwründe hem dowam edýär, özgerýär, täze sepgitlere, derejelere eýe bolýar. Bu beýik syýasat öz miwesini hem berýär. Türkmenistan Garaşsyzlyk ýyllarynda ykdysady garaşsyzlyga we syýasy howpsuzlyga doly eýe boldy. Esasanam 2007-2012-nji ýyllarda gazanylan ykdysady, syýasy netijelerimiziň, üstünliklerimiziň, işlerimiziň möçberi bir asyryň dowamynda edilmeli işlere barabardygyny bellemek Türkmenistanyň ähli bagtyýar raýatlary üçin örän ýakymlydyr, buýsançdyr.

Ýurdumyzda bu beýik ykdysady we syýasy netijeleri gazanmakda nebit-gaz toplumynyň, başgaça, giňişleýin aýdanyňda ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndan ileri tutulýan ýangyç-energetika toplumynyň has ýokary depginler bilen ösmegi:

– birinjiden, toplumyň özünde ýetilen çäksiz uly ykdysady netijeler ilki bilen toplumyň özüniň hemme taraplaýyn ösmegine;

– ikinjiden, ýurduň beýleki pudaklarynyň hem aýakdaş, deň ölçegli ösmegine;

– üçünjiden, ýurt boýunça ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda, toplumlarynda önümçilik kärhanalaryny täzeden dikeltmäge, guramaga döwrebap tehniki serişdeler, tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrmaga mümkünçilik döretmäge;

– dördünjiden, zähmet öndürjiliginiň görlüp-eşdilmedik derejede ösmegine we zähmeti ylmy esasda guramaklyga;

– bäşinjiden, önümçilikde iň naýbaşy awtomatlary, tilsimatlary, şonuň esasynda bolsa ýokary hilli, dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýan senagat harytlaryny öndürmeklige, işgärleriň zähmete bolan höwesiniň, ukybynyň, isleginiň artmagyna getirdi.

Şu ýerde bellemeli zat “Türkmenistanda öndürildi” diýlen harytlara bolan islegler wagtlaýyn, möwsümleýin ýa-da bir-iki ýyllyk bolman, olaryň köpýyllyk baglaşylýan şertnamalaryň esasynda öndürilmegidir. Öndürilýän önümiň hiline gönüden-göni täsir edýän ýagdaýlar – ýokary hilli çig mal, dünýä ülňülerine laýyk gelýän önümçilik-tehniki serişdeleri, şaý-sepleri, enjamlar, iş dolandyryjy serişdeler, gurallar, ygtybarly elektroenergiýa üpjünçili-

gi, zähmet, önümçilik tertip-düzgüni we başgalardyr. Diýarymyzda öndürilýän ýokary hilli önümler diňe bir ýangyç-energetika ýa--da dokma senagaty toplumlarynda däl-de, eýsem halk hojalygynyň beýleki pudaklarynda öndürilýän taýýar önümleriň we çig mallaryň hili we möçberi hem şonuň ýaly ýokarydyr. Hormatly Prezidentimiz bu babatda şeýle diýýär: "Häzir Türkmen döwleti özüniň okgunly ösüşiniň täze tapgyryna gadam basdy, bu dünýä jemgyýetçiligi bilen hyzmatdaşlyk etmäge täze mümkinçilikleri we gözýetimleri açýar".

Önüm öndürmekde, bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk, döredijilik, metbugat we beýleki edaralary, guramalary täzeden dikeltmekde, gurmakda hil we mukdar taýdan gazanylan üstünliklerimiziň esasy, özeni nämeden ybarat? Esasy sebäpleriniň biri bu meselä töwerekleýin, doly çemeleşilmegidir. Hemmämize mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda täzeden dikeldilýän, gurulýan kärhanalaryň, edaralaryň, binalaryň, desgalaryň, zawoddyr-fabrikleriň gurluşyk meýilnamalaryny Hormatly Prezidentimiziň hut öz gözegçiligi astynda saklamagyndadyr, her bir jogapkär ýolbaşçydan hasabat soramagyndadyr, hünärmenler, galyberse-de halk bilen maslahatlaşmagyndadyr. Her bir işiň, meseläniň maslahatlaşmak üçin orta atylmagydyr. "Ölçelip biçilen don gysga bolmaz" ýa-da "Ýedi ölçäp bir kes" diýen atalar sözlerine eýerip diýarymyzda amal edilýän işleriň hemmesi ýerine düşüp, bellenen wagtynda işe girizilýär. Şol sebäpli hem döwletimiziň gadamy ileri, gün-günden pajarlap ösüp, Garaşsyzlygymyzyň, bitaraplygymyzyň binýady ýyl saýyn ösýär we berkeýär. Munuň seýledigine Hormatly Prezidentimiziň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde, döwlet derejesindäki ýygnaklarda, maslahatlarda getirýän köp sanly maglumatlary, mysallary şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň ykdysady taýdan ösen döwletdigini şu aşakdaky guwandyryjy sanlary mysal edip getirip bolar. 2009-njy ýylyň jemleri boýunça Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy ABŞ-nyň 12 milliard dollaryna barabar bolup, döwletiň arassa girdejisi bolsa 2 milliard amerikan dollaryna golaý boldy. Eger Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda ýudumyzda her adam başyna öndürilýän umumy içerki önümiň bahasy 7 amerikan dollaryna deň bolan bolsa, ol görkeziji 2010-njy ýylda 1400 esseden hem gowrak boldy. Ýurdumyz-

da senagatda, oba hojalygynda we ykdysadyýetiň beýleki toplumlarynda iri, naýbaşy kärhanalary, desgalary, binalary gurmak üçin uly maýa goýumlary, maliýe serişdeleri zerurdyr, döwletimizde uly maýa goýumlaryny goýmak üçin gerek bolan maliýe serişdeleri ýeterlikdir. Ýokarda aýdanlarymyzy aşakdaky mysallar subut etse gerek.

Garaşsyzlyk ýyllary işe girizilen kärhanalar, desgalar, binalar, ýaşaýyş, bank ulgamynyň jaýlary, bilim, ylym, saglygy saklaýyş ojaklary barmak basyp sanardan köpdür. Ruhabat etrabynda iri senagat kärhanasy, kuwwaty bir ýylda 25 müň pogon kilometrden gowrak turba öndürip bilýän “Türkmen turba” zawody, Aşgabadyň täze gaz turbinaly elektrostansiýasy, desganyň umumy bahasy 109 million amerikan dollaryndan gowrak bolup, elektrostansiýanyň jemi kuwwaty 254,2 MWt-e deňdir. Bu stansiýanyň gurulmagy we işe girizilmegi türkmen milli energetika pudagyny ösdürmekde ýene-de bir möhüm ädim boldy. Iň bir aýgytlaýjy, ýurdumyzyň kuwwatyna kuwwat, badyna bat goşjak desga Aşgabat – Garagum – Daşoguz demir ýolunyň işe girizilmegidir. Döwletimiziň pajarlap ösýän ykdysadyýetini has-da belent derejelere ýetirmekde, uzynlygy 540 kilometr bolan bu polat ýoluň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň gyradeň ösmeginde, halkara ykdysady we syýasy gatnaşyklary ösdürmekde örän uly ähmiýeti bolar. Aşgabat – Garagum – Daşoguz demir ýolunyň ýany bilen ugurdaş awtomobil ýoly hem işe girizildi. Şol gara ýoluň gurluşygyna 1,5 milliard amerikan dollary harç edildi.

Aşgabat – Garagum – Daşoguz demir ýolunyň bahasy 2 milliard amerikan dollaryna barabardyr. Şunuň ýaly örän ägirt möçberdäki maýa goýumlaryny täze binalaryň, desgalaryň, kärhanalaryň gurluşyklaryna gönükdirip bilýän Orta Aziýada we öňki SSSR-iň düzümindäki soýuz respublikalaryň, döwletleriň içinde ýeke-täk Türkmenistan döwletidir. Häzir Tejen – Sarahs – Maşat demir ýolunyň her ýylda döwlet gaznasyna getirýän sap girdejisi 40 million amerikan dollaryndan hem geçýär. Ýokarda getiren sanlarymyz, mysallarymyz ýurdumyzda bolup geçýän ykdysady we syýasy ýeňişlerimiziň şaýadydyr.

Ozal hem nebit-gaz we energetika toplumynyň pudaklarynyň bir-birine bagly, garaşlydygyny belläpdik, sebäbi önüm öndürmekde, onuň hilini ýokarlandyrmakda, önümçilikde zähmeti, arassaçylygy, tertip, düzgün-nyzamy göwnejaý guramakda, önümiň özüne düşýän gymmatyny azaltmakda bularyň sazlaşykly işlemegi örän wajypdyr, ýagny elektroenergetika pudagy esasy orundadyr. Şu nukdaýnazardan alanyňda-da, umuman halk hojalygynyň ähli pudaklaryny deňölçegli, aýakdaş ösdürmekde-de energetika senagaty pudagynyň wezipesi, ähmiýeti çäksiz uludyr. Sebäbi dünýäde elektroenergiýany öndürmek, ulanmak, peýdalanmak adamzadyň ösmeginde iň uly faktorlaryň biri bolup, dünýä bazarynda, ykdysadyýetinde, syýasatynda hemmeleri gyzyklandyrýan, biynjalyk edýän çäksiz uly problemalary ýüze çykarýan meselä öwrüldi. Türkmenistan döwleti Garaşsyzlyk ýyllary içinde, has takygy 2001-nji ýyldan başlap ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary boýunça dünýäde örän çalt depginler bilen ösýän ýurda öwrüldi, muny dünýä boýunça hemme halkara institutlary we guramalary ykrar etdiler. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasyna laýyklykda energetika senagaty pudagynyň öňünde hem uly wezipeler we maksatnamalar goýulýar. Sebäbi ýurduň ykdysadyýetiniň ösmeginde energetika senagatynyň orny we paýy çäksizdir. Nebit-gaz we dokma senagaty toplumlarynyň öňden işläp gelýän zawodlaryny, fabriklerini we kärhanalaryny täzeden dikeltmekde, täzelerini gurmakda we işe girizmekde energetika senagatynyň orny we ähmiýeti örän uludyr. Täze elektrostansiýalary gurmak we işe girizmek babatda uly maksatnamalar kabul edildi we ýerine ýetirildi. Şu aşakdaky täze gurlan we işe girizilen elektrostansiýalar ýokarda aýdanlarymyzyň subutnamasydyr. Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra ýurdumyzda örän köp gorlary bolan uglewodorod çig malyny – tebigy gazy ulanýan häzirki zaman, öňdebaryjy gaz turbinaly elektrostansiýa Ahal welaýatynyň Abadan şäherinde guruldy we işe girizildi. Şunuň ýaly gaz turbinaly elektrostansiýalar soňra Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy, Balkanabat şäherlerinde, Lebap welaýatynyň Seýdi we ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherlerinde-de, Daşoguz welaýatynda 127 MWt bolan gaz

turbinaly iki blok gurlup ulanylmaga berildi. Türkmenistanda täze işe girizilen elektrostansiýalaryň hemmesinde dünýä belli “Jeneral Elektrik” kompaniýasynyň iň täze, dünýä ülňülerine gabat gelýän enjamlary oturdylandyr. Türkmenistanyň milli energetika pudagy geljekde hem ýokary depginler bilen öser, ýagny bu barada Türkmenistanyň hökümeti bilen ýokarda görkezilen kompaniýanyň arasyndaky uzak möhletleýin ylalaşyklar esasynda uly işler durmuşa geçiriler.

Netijede bolsa daşary ýurt bazarlarynda satyljak elektroenergiýanyň möçberi has-da köpeler. Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra “Türkmenistan hiç wagt elektrik toguna mätäç bolmaz” diýen ykdysady we syýasy şygar döwletiň pajarlap ösmeginde öz beýanyny tapdy. Türkmenistanda 2005-nji ýylda işlenip çykarylan elektrik energiýasynyň möçberi 12,8 milliard kilowat sagada barabar boldy, bahasy 33,3 million amerikan dollaryndan gowrak bolan elektrik energiýasy daşary ýurtlara satyldy. Häzir Türkmenistandan üç sany döwlet – Eýran Yslam Respublikasy, Türkiýe we Owganystan Respublikasy elektrik toguny satyn alýar. Energetika senagatyny ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda 2010-njy ýylda 26,5 milliard kilowat sagat, 2020-nji ýylda bolsa 2,5 esse köpelip 65 milliard kilowat sagatdan hem gowrak elektrik togy öndüriler, onuň, degişlilikde 8 we 22 milliard kilowat sagady daşary ýurt bazarlaryna çykarylar. Elektroenergetika pudagynyň Türkmenistanyň ykdysadyýetinde tutýan ornuny we ähmiýetini Garaşsyzlyk ýyllarynda örän çalt depginler bilen ösýän Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň mysalynda anyk görmek bolýar. Häzirki zaman, öňdebaryjy tehnologiýalar, önümçilik we dolandyryjy tehniki serişdeler, enjamlar ornaşdyrylyp dikeldilen zawod we täze gurlan, bir önümçilik zynjyryna düzülen ýedi sany zawodlar toplumynyň öndürýän önümleri içerki we daşarky dünýä bazarlarynda örän ýokary islegden peýdalanýar. Häzirki döwürde Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmakda öňdäki hatarlarda durýar, bu döredilen şertler zawodlar toplumynda öndürilen önümleriň hilini ýokarlandyrýar, gitdigiçe kämilleşdirýär, munuň kepilnamasy bolsa zawoda gowşurylýan halkara sylaglarydyr, ýagny täze müňýyllykda

tehnologiýa we hil baradaky Baýrak, Iň gowy söwda markasy, Altyn medallar we başgalardyr. Senagat önümçiliginde öndürilýän önümiň, taýýar harytlaryň diňe bir hiline däl-de, olara ekologiýa taýdan edilýän talaplara hem seredilmelidir, sebäbi dünýä bazaryna çykarylýan harytlara bolan ekologiýa babatdaky talaplar gün-günden artýar.

2012-nji ýylyň 30-njy maýynda Aşgabatda hormatly Prezidentimiziň başlyklyk etmeginde GDA-nyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi geçirildi. Köpsanly garalan meseleleriň içinde ekologiýa meselesine hem seredildi. GDA-nyň ähli döwletleriniň Hökümet Baştutanlary Prezidentimiziň bu eden dünýä ähmiýetli teklibini biragyzdan goldadylar we bu mesele boýunça ekologiýa problemalary GDA-nyň ähli ýurtlarynda we halkara derejesinde hemme taraplaýyn çözmegi karar etdiler.

Şol sebäplere görä hem nebit-gaz, dokma toplumlarynyň, beýleki pudaklaryň hemmesiniň dikeldilen, täze gurlan we işe girizilen kärhanalarynda, zawodlarynda, fabriklerinde iň häzirki zaman, öňdebaryjy, dunýä talaplaryna, ülňülerine ekologiýa we hil taýdan gabat gelýän tehnologiýalar, enjamlar, dolandyryjy we ýardam beriji tehniki serişdeler oturdyldy. Bu tehniki serişdeler Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Beýik Britaniýadan, Ýaponiýadan, Germaniýadan, Şwesiýadan, Şweýsariýadan, Awstriýadan, Finlýandiýadan, Türkiýeden we beýleki birnäçe ösen ýurtlardan getirilendir. Zawodlar toplumunda ýokary hilli nebit önümlerini öndürmegi üpjün edýän goşmaça enjamlar hem oturdyldy we ulanylmaga berildi. Mysal üçün, 2000-nji ýylda ýokary hilli nebit önümlerini öndürmek üçiň katalitik riforming, 2001-nji ýylda katalitik kreking enjamlary, 2002-nji ýylda dünýä bazarlarynda örän uly isleglerden peýdalanýan polipropilen we çalgy ýaglaryny öndürýän enjamlar oturdyldy. Bularyň bökdençsiz, ygtybarly işlemigini doly üpjün edýän 2003-nji ýylda gurlup işe girizilen gaz turbinaly elektrik stansiýasydyr. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda 2000-nji ýýldan başlap şu günki günlere çenli oturdylan täze enjamlaryň kömegi bilen täze, etilsiz, ýokary oktanly benzin AI-93, AI-95, uçarlar üçin ýangyç, dizel ýangyjy, mazut, tehniki hyzmatlar, koks, gyzardylan koks, gu-

dron, arassalamak, ýuwmak üçin sintetiki serişdeler, gurluşyk we gara ýollary gurmak üçin bitum, polipropilen, çalgy ýaglarynyň dürli görnüşleri öndürilýär.

Türkmenistanyň nebit-gaz toplumynda diňe ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda umumy bahasy 600 million amerikan dollaryna barabar bolan taslamalar durmuşa geçirildi. Geljekde täze taslamalary durmuşa geçirmek üçin maýa goýumlaryň möçberi öňküden 2 esse köpeler. Şeýlelikde nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň önümçilik kuwwatlary artar, içerki we daşarky bazarlarda ekologiýa talaplaryna laýyk gelýän ýokary hilli taýýar harytlary satmaklyk mümkünçiligi has-da öser. Döwrebap enjamlar ornaşdyrylyp, zawodlaryň durkuny täzelemek işleri has-da ýaýbaňlanar we uly gerime eýe bolar. Türkmenistanyň nebit we gaz gorlary öz ýerli we garaşsyz halkara bilermenleriň hasaplamalaryna görä nebitiň ekwiwalentde gory 45,44 milliard tonnadyr, gazyň gorlary bolsa 22,6 trillion kub. metrdir. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasyna laýyklykda nebitiň we gazyň ägirt uly gorlaryny özleşdirmek bilen eýýäm 2020-nji ýylda nebitiň çykarylyşy ýylda 100 million tonna, tebigy gaz bolsa 240 milliard kub. metre ýeter. 2011-2020-nji ýyllar aralygyndaky döwürde Türkmenistanda çykarylýan nebitiň jemi möçberi 714 million tonna barabar bolar diýip çaklanylýar. Gelejekde türkmen nebiti we tebigy gazy dürli ugurlar boýunça nebit we gaz geçirijisiniň, tanker flotunyň, demir ýollaryň kömegi bilen daşary ýurt bazarlaryna çykarylar. Şol sebäpli goşmaça terminallar we demir ýollary gurular we işe giriziler. Owganystan Yslam Respublikasynyň içi bilen geçiriljek gaz geçiriji boýunça bäş döwletiň Türkmenistanyň, Owganystanyň, Päkistanyň, Eýran Yslam Respublikalarynyň we Hindistan döwletiniň gatnaşmagynda uly işler, duşuşyklar alnyp barylýar. Deslapky duşuşyklaryň, ýygnaklaryň ondan hem gowragy geçirildi. Geljekde bu gaz geçirijisi ýokardaky atlary tutulan ýurtlaryň hemmesi üçin hem ykdysady, syýasy we medeni ösüşleri we sebitde durnuklylygy, özara hyzmatdaşlygy, agzybirligi üpjün eder. Taslamanyň

maslahatyna gatnaşyjylar öz garaýyşlaryny beýan etdiler, taslamanyň tehniki-ykdysady görkezijilerini taýýarlamak barada hem takyk pikir alyşdylar. Taslama boýunça täze gaz geçirijiniň uzynlygy 1680 kilometr bolup, 1 ýylda 33 milliard kub metr gazy geçirmäge mümkünçilik berer. Aziýa Ösüş banky hem taslamany durmuşa geçirmekde resmi hemaýatçy bolup çykyş edip, gaz geçirijiniň ygtybarlylygy, howpsuzlygy bilen bagly birnäçe barlag işlerini geçirdi. Türkmenistanyň nebit-gaz pudagy örän ýokary depginler bilen öser, bu pudagyň gelejegi has uludyr. Mysal üçin, Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisiniň işe girizilmegi, Gazagystan–Turkmenistan–Eýran transkontinental demir ýolunyň gurluşygy. 2010-njy ýylyň maý aýynda täze taslamanyň––Gündogar-Günbatar gaz geçirijiniň (uzynlygy 1000 kilometre golaý) gurluşygy başlandy, munuň ilkinji öndürjilik kuwwaty 30 milliard kub. metre barabar bolar. Şular ýaly çäksiz uly wezipeleri amala aşyrmakda daşary ýurt kompaniýalary hem ep-esli işleri etdiler, mundan beýläk hem Türkmenistanda nebitiň çykarlyşyny artdyrmakda öz goşantlaryny goşarlar. Diňe 2005-nji ýylda daşary ýurt kompaniýalarynyň çykaran nebitiniň möçberi 2,3 million tonnadan-da geçdi, munuň özi 2004-nji ýyl bilen deneşdireniňde 30 göterime köpdür, 2005-nji ýylda daşary ýurt kompaniýalarynyň çykaran nebitiniň 50 göterimini iňlis-arap “Dragon Oýl” we Beyik Britaniýanyň “Barren Enerji” kompaniýalary çykardylar. Ýurdumyzda daşary ýurt kompaniýalary bilen bilelikde nebit-gaz buraw işlerinde täze işe girizilen we giriziljek ýataklarda öňdebaryjy tehnologiýalary we tilsimatlary ulanyp, ýapgyt gönükdirilen we kese guýulary gazmak usullary hem ulanylar. Türkmenbaşynyň we Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryndan daşary 2020-nji ýyla çenli Ahal hem-de Mary welaýatlarynda nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň gurulmagy we ulanylmaga berilmegi göz öňünde tutulýar. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda 2000-2005-nji ýyllar aralygynda oturdylan enjamlar nebit önümleriniň hemmesiniň hilini doly derejede ýokary, dünýä ülňülerine gabat gelýän harytlary çykarmaga mümkinçilik berdi, başgaça aýdanyňda ýokary hilli we

galyndysyz önümçilige öwürmek bilen önümiň eksport mümkinçiliklerini giňeltmäge we olaryň bahasyny ýokarlandyrmaga ýardam berdi. Ýokary oktanly benzini, wodorodyň kömegi bilen (gidro usulda) arassalanan dizel ýangyjyny, çalgy ýaglaryny traktorlarda, awtoulaglarda, oba hojalyk maşynlarynda we beýleki mehanizmlerde ulanylanda olaryň hyzmat ediş wagty ýokarlanýar.

Türkmenistanyň ykdysadyýeti Garaşsyzlyk ýyllarynda özüniň düzümi we mazmuny boýunça düýipgöter üýtgedi. Eger 1991-nji ýyla çenli ýurdumyzda azda-kände ýeňil, nebit-gaz senagaty we oba hojalygy ösen bolsa beýleki pudaklaryň hemmesiniň ösüş depginleri bir syhlydy, azalmasa köpelmeýärdi. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap ýurdumyzda döwlet derejesinde öňde goýulan düýpli, esasy meseleleriň ilkinjileri – dokma, nebit-gaz we energetika senagatyny ösdürmeklige gönükdirilen il-ýurt bähbitli, uzak möhletleýin döwlet derejeli syýasatdyr.

Hormatly Prezidentimiziň bu beýik syýasaty öz miwesini hem berýär. Türkmenistan Garaşsyzlygyň geçen ýyllarynda ykdysady garaşsyzlyga we syýasy howpsuzlyga doly eýe boldy. Munuň esasy sebäbi Türkmenistanda ösdürilip ýetişdirmäge oňaýly şertleri bolan pagtanyň, nebitiň, gazyň we beýleki mineral serişdeleriniň uly gorlarynyň barlygydyr. Nebitiň we gazyň gorlary ýokarda bellap geçişimiz ýaly, degişlilikde 45,44 milliard tonna, 22,6 trillion $m^3$-den hem ýokarydyr. Bu pudaklaryň ileri tutulmagy we ýokary depginler bilen ösdürilmegi Türkmenistanyň ykdysadyýetini doly galkyndyrmaga, dikeltmäge we gülläp ösdürmäge getirdi.

Nebit-gaz, energetika we dokma senagaty Türkmenistanyň ykdysadyýetinde iň öňde baryjy, ykdysady taýdan durnukly, netijeli pudaklardyr, ýagny beýleki pudaklary ösdürmekde olaryň ykdysady görkezijilerini gowulandyrmakda esasy güýç bolup durýarlar. Şu pudaklaryň örän ýokary depginler bilen ösmegi Garaşsyzlyk ýyllarynda beýleki pudaklaryň hem gyradeň depginler bilen ösmegine getirdi. Häzirki wagt Türkmenistan özüniň nebit-gaz ýataklary we

gorlary boýunça daşary ýurtly ekspertleriniň kesgitlemegine görä dünýäde 4-nji orny eýelär.

Türkmenistan SSSR-iň düzümindekä hem ýurdumyzyň ykdysadyýetinde ýangyç we energetika toplumy esasy orny eýeleýärdi. Mysal üçin, şol döwürde gazyň öndürilişiniň ýokary derejesi 22-24 milliard kub.m bolan bolsa, häzirki wagtda diňe Hytaý Halk Respublikasyna 1 ýylda iberilýän tebigy gazyň mukdary 30 milliard kub metre deňdir. Nebitiň mukdary bolsa 1,5 million tonnady, ol hem Türkmenbaşy şäherinde ýerleşýän XX asyryň 40-njy ýyllarynda gurlan nebiti gaýtadan işleýän zawodda çig mal hökmünde hyzmat edýärdi. Häzirki döwürde ýurdumyzda öndürilýän nebitiň we gazyň mukdary, degişlilikde 4 we 5 essä golaý köpdür.

Dokma senagaty ileri tutulýan we öňdebaryjy 3 pudagyň, ýagny nebit-gaz, energetika we dokma senagaty pudaklarynyň arasynda ösmäge ýokary şertler bar bolan hem bolsa, iň yza galagydy. Mysal üçin, ýurdumyzda öndürilen pagta süýüminiň diňe 3 göterimi özümizde gaýtadan işlenerdi. Pagtanyň 97 göterimi gaýtadan işlenmezden, çöpden-çalamdan arassalanan çig pagta Russiýa Federasiýasyna iberilerdi. Indi bolsa pagta süýüminiň 45 göteriminden gowragy öz ýerli fabriklerimizde gaýtadan işlenilýär. Pagtany gaýtadan işleýän fabrikleriň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Näme üçin nebit-gaz we energetika toplumy bilen bilelikde dokma senagatyna hem uly üns berilýär? Munuň esasy sebäbi bu pudagy dikeltmekde, galkyndyrmakda, gurmakda maýa goýumlaryň hemmesi daşary ýurt kompaniýalarynyň we nebit-gaz toplumynyň hasabynadyr. Geljekde ýurdumyzda düzülen döwlet maksatnamasyna laýyklykda her bir pagta ekýän etrapda bir pagtany gaýtadan işleýän fabrigiň bolmagy göz öňünde tutulýar, pagtany has köp öndürýän etraplarda bolsa 2-3 dokma kärhanasy gurlar we işe giriziler. Şeýlelikde, maksat ýurdumyzda öndürilýän pagta süýümini özümizde işlemekdir. Munuň iň ýakymly we peýdaly tarapy bolsa pagta süýüminden gutarnykly, taýýar önümiň öndürilmegidir. Nebitden, gazdan, pagtadan we beýleki mineral serişdelerden, oba hojalyk çig mallaryndan öndürilýän taýýar harytlaryň sany gün-

günden köpelýär. “Türkmenistanda öndürildi” diýen ýazgyly önümler dünýä bazarlarynda örän uly islegden peýdalanýar. Türkmenistanyň Ministirler Kabinetiniň 2008-nji ýylyň 13-nji noýabrynda geçirilen giňeldilen mejlisinde Hormatly Prezidentimiz täze teklipleri orta atdy, ýagny ykdysady taýdan peýdaly täze tipli agrosenagat toplumlaryny döretmek barada, ýagny ýöriteleşdirlen agrofirmalary durmuşa giňden ornaşdyrmagyň zerurdygyny aýtdy. Şol ýerde ýerli çig maly, material resurslaryny has netijeli peýdalanmak ýurduň raýatlaryny iş ýerleri bilen üpjün etmek, bu bolsa ýerli zähmet, maliýe resurslaryny tygşytlamaga, transport harajatlaryny kemeltmäge, ýurduň ilatyny azyk we senagat önümleri bilen doly üpjün etmäge şert döretjekdigi, daşardan getirilýän harytlaryň mukdaryny ep-esli azaltjakdygy barada hormatly Prezidentimiz nygtady. Bu möhüm meseläniň durmuşa geçirilmegi bolsa ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmäge hem uly ýol açar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde telekeçiligiň ähmiýeti ýokarlanar we onuň tutýan orny 70 göterime çenli artar.

Soňky ýyllar öndürilýän önümiň hiline bolan talap has hem güýçlenýär. Önümiň hiline täsir edýän faktorlar - ýokary hilli çig mal, dünýä ülňülerine laýyk gelýän önümçilik-tehniki serişdeleri, täze, öňdebaryjy tehnologiýalar, enjamlar, iş dolandyryjy serişdeler, gurallar, ygtybarly elektroenergiýa üpjünçiligi, zähmet, önümçilik tertip-düzgüni we başgalardyr. Diýarymyzda geçirilýän örän düýpli ykdysady we syýasy çäreleriň esasynda gazanan ykdysady netijelerimiz öndürilýän önümleriň hiline diňe bir ýangyç-energetika ýa-da dokma senagaty toplumlarynda däl-de, eýsem halk hojalygynyň beýleki pudaklarynda-da taýýar önümleriň we çig mallaryň hiline oňyn täsir edýär. Önüm öndürmekde, bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk, döredijilik, metbugat we beýleki edaralary, guramalary täzeden dikeltmekde, gurmakda, abadanlaşdyrmakda orny uludyr hem-de ýurdumyz boýunça hil we mukdar taýdan gazanylan ykdysady üstünliklerimiziň netijesidir.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda soňky 2007-2012-nji ýyllarda gecirilen ägirt uly geologik gözlegleriň we barlaglarlaryň

esasynda Türkmenistanyň ýerasty baýlyklarynyň uly moçberdedigi kesgitlenildi. Muny daşary ýurtly bilermenleriň çykaran netijeleri tassyklýar. Ýurdumyzda täze açylan iň iri ýataklaryň biri hem halkara auditi geçen we tassyklanan Galkynyş känidir (Günorta Ýolöten-Osman we Ýaşlar ýataklarydyr). Beýik Britaniýanyň "Gaffney, Cline & Associates" kompaniýasynyň berýän resmi bahasy – iň aşaky baha 4 trillion kub metr, optimal baha 6 trillion kub metr, ýokary baha 14 trillion kub metr gaza barabardyr. Ýaşlar gaz ýatagynda häzirki günde gazyň möçberi aşaky baha 0,25 trillion kub metre, optimal baha 0,625 trillion kub metre, ýokary baha 1,5 trillion kub metre golaýdyr. Bu geçirilen işleriň, takyklanan netijeleriň örän möhüm ykdysady we syýasy meseledigini bellemek diýseň ýakymlydyr. Dünýä belli meşhur iňlis kompaniýasy bu ýetilen netijeleri, ýagny 14 trillion kub metr gazyň bardygyny resmi taýdan tassyklady we Türkmenistany özüniň mineral serişdeleriniň, nebitiň, tebigy gazyň gorlary, ýataklary boýunça dünýä tanatdy. Daşary ýurt kompaniýalarynyň, işewür adamlarynyň ümzügi Türkmenistana tarap. Indi ýurdumyzyň ykdysady potensialyny durnukly, ýokary depginler bilen ösdürmekde, raýatlaryň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmakda, täze walýuta çeşmelerini köpeltmekde, şonuň ýaly-da ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryny hem proporsional ýagdaýda ösdürmekde nebit-gaz toplumy örän uly ähmiýete eýedir. Bu toplumy hemmetaraplaýyn ösdürmekde elektroenergetika pudagy esasy "hamyrmaýadyr". Şu nukdaýnazardan alanyňda-da, umuman halk hojalygynyň ähli pudaklaryny deňölçegli, aýakdaş ösdürmekde-de energetika senagaty pudagynyň wezipesi, ähmiýeti çäksiz uludyr, şol sebäpli dünýäde elektroenergiýany öndürmek, peýdalanmak dünýä bazarynda, ykdysadyýetde, syýasatda hemmeleri gyzyklandyrýan meselä öwrüldi. Türkmenistanda nebit-gaz we enegetika toplumyny ösdürmegiň strategiýasyna laýyklykda 2030-njy ýyla çenli döwür içinde nebitiň çykarylyşy ýylda 110 million tonna çenli, ýagny 10 esse, tebigy gazyň çykarylyşy bolsa 250 milliard kub metre çenli artar, ýagny 4 esse köpeler. "Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji

çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasyna laýyklykda energetika senagaty pudagynyň öňünde hem uly wezipeler we maksatnamalar goýuldy. Sebäbi, ýurduň ykdysadyýetiniň ösmeginde energetika senagatynyň orny we paýy çäksizdir. Nebit-gaz we dokma senagaty toplumlarynyň öňden işläp gelýän zawodlaryny, fabriklerini we kärhanalaryny täzeden dikeltmekde, täzelerini gurmakda we işe girizmekde energetika senagaty esasy faktor bolup durýar. Täze elektrostansiýalary gurmak we işe girizmek babatda uly maksatnamalar kabul edildi we ýerine ýetirildi, elektroenergiýa mätäçlik düýbünden ýok edildi. Milli we garaşsyz halkara ekspertleriniň aýtmaklaryna görä, Türkmenistan ýakyn geljekde özüniň mineral serişdeleriniň gorlary we olary daşarky bazarlara çykarmakda dünýäde öňdäki orunlary eýelär. Adamzat jemgyýetiniň ähli ugurlarynyň ygtybarly, kämil ösmeginde, energetika serişdeleriniň orny halkara ähmiýete eýedir. Energetika serişdeleri, şol sanda nebit we tebigy gaz adamzat durmuşynda çöregiň, suwuň hökmany zerur bolşy ýaly örän düýpli meseledir. Munuň tassyknamasy Aşgabat şäherinde her ýyl geçirilýän “Türkmenistanyň nebiti we gazy” atly halkara sergisi we Bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň nebitgaz senagatynyň ösüşi” atly ylmy maslahatydyr. Bu sergä hem-de ylmy maslahata dünýäniň iň ösen we naýbaşy ýurtlarynyň gatnaşmagy Türkmenistanyň eýýäm ýakyn ýyllarda dünýa bazarynda energiýa serişdelerini esasy iberijileriň biri bolmak bilen, şol serişdeleriň möçberini has-da artdyrmaga hem örän uly şertleriň, mümkinçilikleriň bardygyny görkezýär. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň daşary ýurtly hyzmatdaşlary uzak möhletleýin, ygtybarly, birek-birege peýdaly özara ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine uly gyzyklanma we ynam bildirýärler. Myhmanlaryň arasynda Ýewropa Bileleşiginden, Russiýa Federasiýasyndan, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Beýik Britaniýadan, Germaniýadan, Awstriýadan, Italiýadan, Fransiýadan, Malaýziýadan, Norwegiýadan, Hytaýdan, Ýaponiýadan, Eýrandan, Türkiýeden, Hindistandan, Owganystandan, Azerbaýjandan, Gazagystandan, BAE-den, Saud Arabystanyndan we beýleki döwletlerden gelenler bar. Ine bu ýurtlaryň

sanawy biziň ýurdumyza bolan hoşniýetli gatnaşyklaryň, birek-birege bolan ynamyň, ykdysady we syýasy hyzmatdaşlygyň ýyl-ýyldan ýokary depginler bilen ösjekdiginiň, berkejekdiginiň beýanydyr. Türkmenistanda täze ägirt uly möçberli nebit we gaz ýataklarynyň açylmagy, esasan hem Günorta Ýolöten-Osman we Ýaşlar ýataklary hem munuň aýdyň mysalydyr. Türkmenistan dünýäde tebigy gazynyň gorlaryna baý ýurtdyr. "Türkmengeologiýa" döwlet korporasiýasy tarapyndan önjeýli işleriň, ýagny nebit we gaz ýataklary boýunça gözleg işleriniň geçirilendigi sebäpli soňky iki ýylyň içinde täze açylan nebit we gaz ýataklarynyň sany we gorlary artdy. Bu täze açylan örän uly möçberli ýataklaryň tapgyrlaýyn özleşdirilmegi, tygşytly ulanylmagy göz öňünde tutulýar, sebäbi nebit-gaz, energiýa serişdeleri halkyň, ýurduň geljegi we baýlygydyr. Şu ýerde bir zady belläp geçsek ýerlikli bolsa gerek. Geçen XX asyryň 60-70--nji ýyllarynda Türkmenistanda nebitiň we gazyň esasy bölegi ýurduň günbatarynda – Balkan welaýatynda çykarylýardy. Beýleki welaýatlarda nebitiň we gazyň çykarylyşy azdy, çäklidi. Mysal üçin, Nebitdag, Gumdag, Barsagelmez, Ekerem, Goturdepe ýaly nebit ojaklarynda 50, 60 ýyllap ýa-da Çelekende 120 ýylyň dowamynda nebit çykarylýan bolsa, şol ýerlerde taşlanyp gidilen guýularyň sany hem az däldir. Şonuň üçin hem Hormatly Prezidentimiz nebit-gaz toplumynyň işgärleriniň öňünde taşlanan guýulary dikeltmek, täze guýulary açmak boýunça uly wezipeleri goýdy. Ýurdumyzyň nebit-gaz we energetika toplumyny has-da güýçli depginler bilen ösdürmekde geçirlýän örän düýpli, çäksiz uly möçberli ykdysady we syýasy işler öz netijesini berýär. Bu toplumyň ykdysady binýadyny berkitmek üçin onuň syýasy tarapy hem mäkäm, berk, ygtybarly bolmalydyr. Ine şol nukdaýnazardan alanyňda Milli Liderimiz ikitaraplaýyn, özara bähbitli halkara ykdysady we syýasy gatnaşyklary ösdürmek, berkitmek, global halkara gatnaşyklaryna goşulmak başlangyçlary bilen çykyş edýär. Eýýäm 2007-nji ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan döwleti BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygynyň orunbasarlygyna saýlanan mahaly şol beýik halkara guramasynyň münberinden dünýäde energiýa howp-

suzlygyny üpjün etmek başlangyjy bilen çykyş etdi. Bu taryhy teklip 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 63-nji mejlisinde "Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty" atly Rezolýusiýa şol guramanyň ähli agzalary tarapyndan konsensus esasynda biragyzdan kabul edildi. Rezolýusiýany kabul etmekde bilelikde çykyş eden ýurtlaryň sany ähli yklymlardan 57 döwletdir. Bu bolsa BMG-niň düzüminiň üçden bir bölegine barabardyr. BMG tarapyndan Rezolýusiýa kabul edilmeginiň öňýany – 2008-nji ýylyň dekabr aýynyň 14-üne Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde şeýle diýdi: "Biz täze başlangyjy öňe sürýäris, ol energiýa howpsuzlygynyň gazanylmagyna gönükdirilendir, bu Rezolýusiýa bütin dünýäde Türkmenistanyň syýasatynyň dabaralanmagydyr". Transkontinental turba geçirijileriniň durnukly we howpsuz işlemegini üpjün etmäge gönükdirilen, syýasy, ykdysady, hukuk, tehnologik we beýleki ugurlar boýunça halkara konferensiýasy 2008-nji ýylyň aprel aýynyň 23-24-üne Aşgabat şäherinde geçirildi. Bu halkara konferensiýa köp sanly döwletleriň, kompaniýalaryň onlarçasynyň, işewür adamlaryň, abraýly ekspertleriň, syýasatşynaslaryň, habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirildi.

## III BAP. TÜRKMENISTANYŇ DOKMA SENAGATY

Türkmenistanyň dokma senagaty pudagy hem Garaşsyzlyk ýyllary içinde diýseň güýçli depginler bilen öşýär. Bu pudak halk hojalygynyň düşewüntli, ykdysady we durmuşy taýdan iň bir peýdaly pudaga öwrüldi. Ilki bilen dokma senagatynyň halk hojalygynyň beýleki pudaklaryndan aýratynlygyny belläp geçmek gerek. Dokma senagaty pudagy Garaşsyzlygymyzdan ozal bir ýa-da iki sany kärhanadan ybarat bolan kiçijik, ykdysady taýdan pes netijeler berýän pudakdy. Munuň şeýledigini 1991-nji ýyldan ozal ýurdumyzda öndüril-

ýän pagtanyň diňe 3 göteriminiň öz ýurdumyzda gaýtadan işlenendigi hem-de onuň taýýar önüm däldigi subut edýär.

Dokma senagaty pudagynyň aýratynlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

– *birinjiden*, dokma senagaty kärhanalaryny öz önümçilik häsiýeti boýunça, öndürilýän çig malyň golaýynda ýerleşdirmek mümkinçilikleri has ýokarydyr;

– *ikinjiden*, aýal-gyzlaryň zähmetini ýokary derejede ulanmak bolup durýar. Dokma senagatynda işleýänleriň aglabasy aýal-gyzlardyr, ýagny ýerli zähmet resurslaryny doly we netijeli peýdalanmak mümkinçiligi uly;

– *üçünjiden*, täze dokma kärhanalaryny gurmak üçin sarp edilýän maýa goýumlary köp däl we az wagtyň içinde maýa goýumlar oňyn ykdysady netije berýär;

– *dördünjiden*, dokma senagaty kärhanalary ýerli şertleriň ýagdaýyny göz öňünde tutup, olar etraplar, şäherler we welaýat merkezlerinde, umuman, ýurdumyz boýunça netijeli ýerleşdirilen;

– *bäşinjiden*, çig maly, öndürilen önümleri, esasan, awtoulaglaryň kömegi bilen äkitmek we getirmek mümkinçilikleri we başgalar;

– *altynjydan*, dokma kärhanalary ekologik taýdan arassa we zyýansyz, adamyň saglygy üçin hiç tarapdan howply däl;

– *ýedinjiden*, tebigy-howa şertlerine (ýagyş, ýel, sowuk, yssy) garaşly bolmaýan önümçilik, şol sebäpli ýylyň dört paslynda hem ygtybarly işläp bilýän önümçilikdir. Bu pudagyň işgärleri belli bir tertipde, temperaturada, jaýyň içinde oňaýly şertlerde zähmet çekýärler.

Dokma senagaty pudagy kärhanalarynyň ýokarda görkezilen önümçilik aýratynlyklary ýerlerde bolan çig mal, zähmet, maliýe we beýleki ýerli şertleri has netijeli ulanmaga uly mümkinçilikleri döredýär. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap, Türkmenistanda öňi bilen dokma senagatyny ýerli çig malyň, zähmet resurslarynyň hasabyna dikeltmek we güýçli depginler bilen ösdürmek boýunça ýurt, döwlet derejesinde maksatnama kabul edildi.



3. Sargyt № 590.

Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap dokma senagatynyň öňünde goýlan birinji wezipe ýurdumyzda öndürilen pagta süýümini özümüzde gaýtadan işläp bejermekdir. Şonuň üçin hem dokma senagatynyň esasy çig maly bolan pagtanyň öndürilişini artdyrmak barada hem birnäçe goşmaça maksatnamalar, ýagny pagtanyň öndürilişi – hasyllylygyny artdyrmak, has ýokary derejä ýetirmek üçin oňat işlenip bejerilen agrotehniki talaplara laýyk gelýän ýer, täze kuwwatly tehniki serişdeler, suw, irrigasion we melioratiw işler, dökün, işçi güýji ýaly möhüm faktorlar hasaba alynmalydyr. Garaşsyzlyk ýyllary içinde bolsa amala aşyrylan uly-uly işler esasynda pagta öndürmekde ýurdumyzda saldamly netijeler gazanyldy. Bu netijeler bolsa elbetde, dokma senagatyny ösdürmäge giň ýol açdy. Dokma senagaty pudagynda 30-dan hem gowrak ýüplük, egriji, mata öndürýän dokma kärhanalary guruldy we ulanylmaga berildi. Pudakda öndürilýän jinsi, trikotaž, nah we beýleki matalardan dürli ýaşdaky adamlar üçin tikilen dürli ülňüdäki egin-eşikler, joraplar we başga-da durmuşda gerek bolan beýleki mata önümler bilen öz içerki bazarymyzy doly üpjün edip, daşarky bazara çykarmaga hem mümkinçilik döredi. Türkmenistanda öndürilýän dokma önümleri daşary ýurt bazarlarynda uly islegden peýdalanýarlar, bu babatda daşary ýurtly alyjylar bilen birnäçe ýyl öňünden şertnama baglaşylýar. Bu bolsa harydyň hiline we islegine bolan kepilnamadyr.

Dokma senagaty kärhanalarynyň gurluşygynda iň täze tehnologiýalar, ýokary öndürijilikli enjamlar oturdyldy, işiň gidişini dolandyrmak üçin iň ýokary derejeli dolandyryş-tehniki serişdeleri – – kompýuterler ulanyldy. Işleriň hemmesi mehanizmleşdirilen we awtomatlaşdyrylan usulda ýerine ýetirilýär.

Türkmenistanda döredilen gaýtadan işleýän güýçli dokma senagaty, dokma önümlerini öndürýän daşary ýurtlaryň arasynda ýurdumyzyň abraýyny has ýokary derejä göterdi. Täze dokma kärhanalarynyň esasynda bilelikdäki kärhanalar, paýdarlar jemgyýetleri, işjeň menejerler, işewür adamlar emele geldi. Bularyň hemmesi, döredilen önümçilik potensialy dokma senagatynyň önümçili-

gini giňeltmäge, öndürilýän önümiň mukdaryny we hilini ýokary götermäge, içerki we daşarky bazaryň islegini kanagatlandyrmaga doly mümkinçilik döredýär. Aşakdaky getirjek sanlarymyz munuň şaýadydyr. 20 ýylyň içinde, ýüplügiň öndürilişi 5 esse, nah mata – 5,6 esse, trikotaž önümleri – 5,3 esse, trikotaž polotnolary – 8 esse, tikin önümleri – 8,1 esse artdy.

Dokma senagatynyň önümçiliginiň ösmeginde Aşgabat şäherinde 2000-nji ýylda işe girizilen „Türkmenbaşy“ dokma toplumynyň paýy hem örän uludyr. Dokma pudagynyň bu äpet, naýbaşy dokma toplumy dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýan 25 sany dürli matalary öndürip bilýär. Bu toplumy gurmaga diňe bir türk firmalary gatnaşman, Ýaponiýanyň „Mitsubishi“ kompaniýasy hem gatnaşdy. Toplumyň umumy bahasy 168 million amerikan dollaryndan gowrakdyr. Ýene-de bir ýakymly bellemeli zadyň biri hem şu äpet kärhananyň gurluşygyna öz ýurdumyzda döredilen „Aşgabat Tekstil“ paýdarlar jemgyýeti hem gatnaşdy.

Täze gurulýan dokma kärhanalarynyň çykarýan önümleri dünýä bazarynda bäsleşip bilýän önümlerdir. Pudakda öndürilýän önümleriň ýarysyndan hem gowragy daşary ýurtlara eksport edilýär. Eksporta iberilýän önümler Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna, Germaniýa, Türkiýe döwletine, Şweýsariýa we beýleki Ýewropa döwletlerine gidýär. Esasan hem, soňky ýyllar täze dokma kärhanalarynyň sanynyň güýçli depginler bilen ösmegi, olaryň öndürijilik güýçleriniň netijeli ulanylmagy, öndürilýän taýýar önümleriň mukdaryny köpeltmäge uly ýardam berýär. Ýöriteleşdirilen haryt goýberýän senagat pudaklarynyň arasynda şeýle guwandyryjy görkezijiler bilen ösüp gelýän dokma pudagy esasy orunlara eýedir.

Dokma senagaty nebit-gaz toplumynyň düzümine girýän „Türkmengaz“ we „Türkmennebit“ döwlet konsernlerinden soňra üçünji orunda durýar. Dokma senagatynyň beýleki pudaklardan aýratynlyklary dokma pudagynda oňat ykdysady netijeleri gazanmak nebit-gaz toplumyna girýän kärhanalara garanyňda has ýeňil şertlerde geçýändigindedir.

Häzirki wagtda ýurdumyz ykdysady üýtgetmeleriň täze tapgyryna girişdi we ilkinji hatarda ykdysadyýýeti kämilleşdirmegiň esasy maksatlary ýene-de çig maly-pagta süýümini, piläniň gaýtadan işläp bejerilişini has ýokary derejä götermek we şolardan täze köp sanly taýýar önümleri almaklyk bolup durýar. Elbetde çig malyň özüni satandan taýýar önümi satmak has peýdaly. Çig maly taýýar önüme öwrüp satmaklyk ykdysady taýdan bähbitlidir. Taýýar önüm döwletiň ykdysady ösüşini, onuň öndürijilik güýçlerini häsiýetlendirýär, täze işçi ýerlerini açmaga, oba ýerlerinde çig malyň öndürilişi bilen ony gaýtadan işläp bejermegi utgaşykly alyp barmaga ýardam berýär.

Döwletiň girdejisi, onuň baýlygy, syýasy howpsuzlygy we ykdysady garaşsyzlygy çig maldan näçe köp taýýar önüm alnyşyna bagly. Haryt näçe kän alynsa, şonça hem döwletiň ykdysady binýady berkdir we ygtybarlydyr. Bu aýdanlarymyza mysal edip, dokma senagaty bilen bilelikde nebit-gaz toplumyny hem görkezmek bolar. Çykarylýan tebigy gazyň, nebitiň mukdarynyň köpelmegi şu topluma degişli pudaklaryň, kärhanalaryň ýokary depginler bilen ösmegine getirdi. Sebäbi nebit-gaz, energetika toplumlary, azyk, ýeňil, dokma senagaty pudaklarynyň kerwenbaşysydyrlar. Bularyň ýurduň ykdysadyýýetine getirýän ykdysady netijeleri her birimiz üçin aýandyr.

„Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli maksatnamasyny ýerine ýetirmek maksady bilen ilkinjileriň hatarynda dokma toplumynyň ösdürilmegine uly üns berildi. 2020-nji ýyla çenli ýurdumyzda ýene-de täze 18 sany dokma kombinatynyň, 15 sany pagta egriji fabrikleriň gurulmagy göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da 8 sany hereket edýän dokma kärhanasyny giňeltmek we täzeden enjamlaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Şu geçiriljek çäreleriň esasynda 2020-nji ýylda 500 müň tonnadan gowrak pagta süýümini gaýtadan işläp, taýýar önüme öwürmeklik maksat edilýär. Geljekde munça önümi öndürmek üçin pagtanyň öndürilişini hem artdyrmaklyk gerek bolar.

Önümçilik serişdeleriniň güýçli depginler bilen ösmegi hem maýa goýumlarynyň oňaýly ykdysady netijeler berýändiginiň

şaýadydyr. „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli maksatnamasyna laýyklykda, dokma senagatyny gelejekde hem ösdürmek bilen bir hatarda taýýar önümleriň mukdaryny köpeltmeklik, täze daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmeklik, daşarky döwletlere täze önümleri ibermeklik mümkinçiliklerini artdyrmaklyk işlerini ýola goýmak bellenilýär. Şu mynasybetli ýurdumyzda kuwwaty 4200 tonna lukmançylyk pamygyny hem-de 11,5 million gap timar beriş pamyk serişdelerini öndürýän fabrik ulanylmaga berildi.

Ýurdumyzda „Türkmenýüpek“ paýdarlar jemgyýeti hem döredildi. Bu paýdarlar jemgyýeti „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli maksatnamasynda öňde goýulan wezipeleri durmuşa geçirmek, ýüpek gurçugynyň pilesini köpeltmek, ony gaýtadan işläp, taýýar önüm almak, bu pudagy döwrebap dolandyrmak, onuň düzümini kämilleşdirmek wezipelerini ýerine ýetirýär. „Türkmenýüpek“ pudagynyň düzüminde piläni gaýtadan işleýän täze kärhanalary gurmak, öňden işleýänleri täzeden enjamlaşdyrmak meýilnamalaşdyrylýar.

Türkmenistanda 2020-nji ýylda nah ýüplüginiň öndürilişi 350 müň tonna çenli ýetiriler. Nah matalaryňky bolsa 580 million $m^2$ bolar. Maksatnama laýyklykda 2015-nji ýyla çenli dokma toplumlaryny Mary, Daşoguz, Lebap welaýatlarynda, ýüplük egriji fabrikleri Saragt etrabynda, Daşoguz welaýatynda gurmaklyk bellenilipdi, ýöne olar eýýäm gurulyp işe girizildi. Ýurdumyzda çykarylýan ýüplügi gutarnykly önüme öwürmek, taýýar nah matalar, tikin önümleri, trikotaž harytlaryny çykarmak üçin Sakarçägäniň, Türkmengalanyň we Seýdi şäherindäki ýüplük egriji fabriklerini giňeltmek, täzeden enjamlaşdyrmak işleri geçirildi. Aşgabadyň nah mata kombinatynda, Marynyň ýüň ýuwujy zawodynda, Türkmenabat we Mary şäherlerindäki tikin fabriklerinde hem täzeden enjamlaşdyrmak, önümçiligini giňeltmek işleri alnyp baryldy. Türkmenabat şäherinde täze ýüpek fabrigi işlemäge berildi. Aşgabat şäherinde kaşaň, kuwwat-

ly dokma kärhanalarynyň biri işe girizildi. Bu dokma toplumynda 3 müňden gowrak adam zähmet çekýär. Bu toplumda dünýä bazarynda bäsleşip bilýän taýýar harytlar, nah matalar, trikotaž, tikin önümleri we durmuşda ulanylýan beýleki taýýar harytlaryň birnäçesi öndürilip, içerki we daşarky bazara iberilýär.

Dokma senagaty pudagynyň kärhanalaryny ýurdumyz boýunça deň ölçegli şertlerde ösdürmegiň maksatnamasy kabul edildi. Dokma senagaty kärhanalaryny mümkin boldugyça çig malyň çeşmelerine golaýlaşdyrmak, ýerlerdäki zähmet resurslaryny has doly peýdalanmak göz öňünde tutulýar.

Mundan başga-da 2020-nji ýyla çenli Balkan, Mary, Daşoguz we Lebap welaýatlarynda goşmaça 5 sany pagta egriji kärhanalary işe giriziler. Şonuň ýaly-da Ahal, Mary we Lebap welaýatlarynda dokma kombinatlary gurlar. Tagtabazar şäherçesindäki pagta egriji fabrigiň öndürijilik güýçleri giňeldiler. Geljekde geçiriljek bu uly maksatly işler dokma senagaty pudagynda pagta süýüminden öndürilýän önümleriň mukdaryny we harytlaryň – ýukajyk we küti matalaryň dürli-dürli görnüşlerini öndürmeklige mümkinçilik berer. Ähli dokma kärhanalaryny gurmaklykda iň ýokary ykdysady netijeler berýän dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalary, tehniki „Nou-Hau“ serişdeleri Ýewropa döwletleriniň, Ýaponiýanyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň gatnaşmagynda ulanylar, täze inwestision maksatnamalar çekilýär, maksatnamalary durmuşa geçirmeklik üçin ýeňilleşdirilen salgyt salmak şertleri giňden peýdalanylýar. Telekeçiler üçin erkin ykdysady zolaklar işlemegini dowam etdirýär, bular hem ýokardaky ýaly ýeňillikleri döredýär.

Öndürilýän çig ýüpegiň mukdary 2020-nji ýylda 700 tonnadan hem geçer. Bu görkeziji 2002-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 3,5 essä golaý. Dokma senagatyny ösdürmek üçin goýberiljek serişdeleriň, maýa goýumlaryň bahasy 2020-nji ýyla çenli 2,0 milliard amerikan dollaryna barabar bolar. Olardan 1 milliard amerikan dollary biziň öz döwletimiziň hususy serişdeleridir.

Dokmaçylyk türkmenlerde örän ir döwürlerden gelýän, esasanam türkmen aýal-gyzlary üçin el hünäri hasaplanypdyr. Türkmeniň durmuşynda ulanylýan dürli-dürli matalary, halylary, palaslary, horjunlary, ulag hökmünde ulanylýan, çapylýan türkmen atlary, düýeleri üçin bezeg esbaplary we durmuş hajatlary üçin beýleki önümleri öndüripdirler. Dokmaçylyk hünäri her bir türkmen maşgalasy üçin mahsus, esasy kär, hünär bolupdyr. Dokmaçylyk bilen meşgullanýan maşgala gurply, döwletli, telekeçi maşgala hasaplanypdyr. Türkmen gelin-gyzlarynyň çeper elleri bilen dokalýan türkmen halylary dünýäde ilkinji hatarlarda durýan iň owadan, diýseň gözel, örän ýokary hilli halylardyr. Dokmaçylyk hünäri çäksiz kän el zähmetini talap edýär, halk arasynda "dokma dokamak iňňe bilen guýy gazan" ýaly diýip ýöne ýere aýdylmandyr. Elbetde wagtyň geçmegi bilen bu hünär boýunça hem ulanylýan gurallar ýyl-ýyldan kämilleşýär, gowy hilli, dokmaçylar üçin oňaýly we ykjam gurallar çykarylýar, el zähmeti mehanizasiýalaşdyrylýar. Mysal üçin, dürli reňkdäki boýaglar, ýüplikler maşynlaryň kömegi bilen alynýar we egrilýär. Marynyň ýüň ýuwýan fabrikasynda we Aşgabadyň "Egriji" kärhanasynda haly dokamak üçin niýetlenen çig ýüň başdan-aýak maşynlaryň kömegi bilen arassalanýar, ýuwulýar, ýagny ýüň ilkinji gezek gaýtadan işlenip, ol soňra ýüplik egriji kärhana gelýär, bu ýerde arassalanan ýüň egrilýär we dürli reňklere boýalýar. Ondan soňra taýýar önüm haly dokaýan hususyýetçilere, haly sehlerine we fabriklere iberilýär. Ýokarda getiren mysallarymyz dokmaçylyk işinde el zähmetiniň belli bir derejede azalýandygyny tassyklaýar. Dokma senagaty pudagy garaşsyzlyk ýyllary içinde diýseň güýçli depginler, batly gadamlar bilen ösýär. Bu pudak energetika we nebit-gaz toplumyndan soňra ykdysadyýetiň düşewüntli, halka we ýurda ykdysady we durmuşy taýdan peýdaly pudaga öwrüldi.

Häzir pudakda 28 sany iri dokma toplumlary, pagta egriji we beýleki dokma kärhanalary hereket edýär, olar iň yokary, öňdebaryjy daşary ýurt tehniki serişdeleri we tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrlandyrlar. Dokma senagatynda täze kärhanalaryň

gurulmagy dowam edýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Kararyna laýyklykda, bir wagtyň özünde Daşoguz we Türkmenabat şäherlerinde ýyllyk kuwwatlyklary, degişlilikde 14,5 we 17,7 müň tonna bolan pagta egriji fabrikleriň gurluşygyna 2008-nji ýylyň başynda badalga berildi. Taslamalaryň umumy bahasy 147,3 million amerikan dollaryna deň bolup, 950 täze iş ýerlerini döretdi. Soňra Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda kuwwaty 9495 tonna ýüplük kärhanasy, Ruhabat etrabynda önümçilik kuwwaty 13014 tonna bolan garyşyk ýüplük öndürýän fabrika guruldy. 2009-njy ýylda Aşgabat şäherinde işe girizilen fabrik bir ýylyň dowamynda 4200 tonna lukmançylyk pamygyny we 12,4 million timar beriş (paket) kosmetiki pamyk serişdelerini öndürýär.

Häzirki wagtda dokma senagatynyň önümçilik kuwwatlary ýylda 123 müň tonna aýry-aýry nomerli ýüplikler, 165 million kw. metr nah matalaryny, 11 müň kw. metr trikotaž polotnolaryny, 7,2 müň tonna sütükli matalary we 80 million sany durmuşda ulanylýan trikotaž we tikin önümlerini, harytlaryny çykarmaga, öndürmäge doly mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde pagta ýüpliginiň we nah matanyň öndürilişi degişlilikde 18 we 13 esse artdy. Diňe türk kompaniýalarynyň gatnaşmagynda ykdysadyýetiň ähli pudaklary boýunça, şol sanda, täze gurlan dokma kärhanalaryna goýulýan maýa goýumlaryň bahasy 6 milliard amerikan dollaryndan, 707 million ýewro, 69 milliard manatdan hem köpräkdir. Bu maýa goýumlaryň dörtden bir bölegi dokma senagatynyň ösüşine gönükdirilendir.

Dokma kärhanalary gurluşygynda iň täze tehnologiýalar, ýokary öndürijilikli enjamlar, işiň gidişini dolandyrmak üçin öňdebaryjy dolandyryş-tehniki serişdeleri, kompýuterler ulanyldy.

Dokma senagatynyň dikeldilen we täze gurlan kärhanalarynda häzirki zaman enjamlarynyň ulanylmagy pudakda öndürilýän aýry-aýry nomerli ýüplükleri doly ulanmaga we harytlaryň nomenklaturasyny hem-de görnüşini has-da köpeltmäge giň ýol açýar. Bu netijeler dokma senagaty pudagynyň tejribesinde, önümçiliginde görlüp-eşdilmedik

üstünliklerdir. Mysal üçin, Türkmenistanda we ozalky SSSR-iň çägin-de öndürilmedik inçe süýümli ýüpek pagtadan häzir Kakanyň pagta egriji fabriginde darakly maşynlarda 220 nomerli ýüplük öndürilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen döwleti ykdysady üýtgetme-leriň, özgertmeleriň täze deslapky tapgyryny durmuşa geçirdi. Şonda wezipe ykdysadyýeti kämilleşdirmek, çig malyň-pagta süýüminiň, piläniň gaýtadan işläp bejerlişini has ýokary derejä götermek we şolardan köp sanly täze taýýar önümleri almaklyk bolupdy. 2008-nji ýylda Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynda türkmen gelin-gyzlarynyň iň oňat görýän matalary bolan pombarht çykarýan fabrik işe girizildi. Elbetde hemmämize belli zat, çig malyň özüni satandan taýýar önümi satmak has peýdaly.

2020-nji ýyla çenli ýurdumyzda ýene-de täze dokma kom-binatlarynyň, pagta egriji fabrikleriň 30-dan gowragynyň gurulmagy meýilleşdirilýär. Mundan başga-da hereket edýän dokma kärhana-laryny giňeltmek we täzeden enjamlaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Şu geçiriljek çäreleriň esasynda 2020-nji ýylda 300-350 müň tonna-dan gowrak pagta süýümini gaýtadan işläp, taýýar önüme öwürmeklik maksat edilýär. Bu, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, ýurdumyzda öndü-rilýän pagta süýümini doly mukdarda özümüzde işläp bejermek diý-mekdir. Geljekde munça önümi öndürmek üçin pagtanyň öndürilişini hem artdyrmaklyk gerek bolar. Bu sepgide ýetmek üçin döwletimiz-de bu örän uly çäreler durmuşa geçirilýär. Önümçilik serişdeleriniň güýçli depginler bilen ösmegi hem maýa goýumlarynyň oňaýly ykdy-sady netijeler berýändiginiň şaýadydyr.

Türkmenistanyň ýüpekçilik pudagynyň, ösmegine hem uly üns berilýär. Ýüpek gurçugynyň tohumyndan piläni öndürmeklik 2020--nji ýylda 7 müň tonna ýeter. Täze tehnologiýany ornaşdyrmagyň ha-sabyna Türkiýäniň we Hytaýyň kompaniýalarynyň gatnaşmagynda piläni täzeden işlemegiň mukdary we hili artar. Aşgabatda ýüpek sa-raýan fabrigiň gurluşygy tamamlandy. Indi bu fabrikde diňe bir ýüpek saralman, çig maly täzeden işläp, taýýar önüm, ýagny ýüpek matalar öndüriler.

Türkmenistanyň halk hojalygynyň pudaklarynyň arasynda ileri tutulýan dokma senagatynyň geljegi örän uludyr. Döwletimiz 1991--nji ýylda öz Garaşsyzlygyny alanyndan soňra dokma senagatynyň kärhanalaryny, ýurdumyz boýunça deňölçegli şertlerde ösdürmegiň maksatnamasy kabul edildi.

Türkmenistan 21 ýyl içinde içerki ykdysady ösüşde her ýyl 20-23 göterim ösüş gazanyp, ösüp barýan döwletleriň sanawyndan çykyp, ösen döwletleriň sanawyna goşuldy. Bu beýik ykdysady galkynyşy BMG-niň ösüş syýasaty komiteti dünýä jar etdi.

## IV BAP. TÜRKMENISTANYŇ AGROSENAGAT TOPLUMYNYŇ ÝURDUMYZYŇ YKDYSADYÝETINDE TUTÝAN ORNY

Türkmenistanyň, onuň raýatlarynyň durmuş hal-ýagdaýy, ýurduň umumy ykdysady potensialy köp halatda agrosenagat toplumynyň ösüş derejesine, gelejegine baglydyr. Ýöne bu toplumyň beýleki ugurlaryny, meselelerini seljermäge geçmezden ozal toplumyň düzümine girýän pudaklaryň käbir aýratynlyklary, häsiýetleri barada durup geçmek gerek. Ilki bilen toplumyň ykdysady netijeliligi tebigy we emeli şertlere baglydyr, mysal üçin, oba hojalygynyň ykdysady netijeliligi, onuň ösüş depginleri pasyllaryň, ýylyň gelşine, ýagny tebigy faktorlara gönüden-göni baglydyr. Umuman aýdanyňda oba hojalygynda ulanylýan ýeriň, suwuň, tohumyň, dökünleriň, dermanlaryň we beýleki ähli serişdeleriň hili, mukdary we agrotehniki talaplaryň berjaý edilişi bu toplumyň aýratynlyklarynyň ýene-de biridir. Adamzat jemgyýetiniň güýçli depginler bilen ösýän, kämilleşýän döwründe Türkmenistanda Garaşsyzlyk ýyllarynda agrosenagat toplumynyň ähli pudaklarynda ýokary hilli önüm öndürmekde, çig mallary gaýtadan işlemekde täze tehnikany, tehnologiýany, innowasion usullary ulanmak ýola goýuldy. Agrosenagat toplumyny mazmun we düzüm taýdan düýpgöter üýtgetmek, özgertmek maksady bilen täze düýpli çäreleriň, meýilnamalaryň birnäçesi kabul edildi. Bularyň hemmesi

2007-nji ýylyň 30-njy martynda Mary welaýatynyň Mary şäherinde geçirilen Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda kabul edilen resminamalarda öz beýanyny tapdy. Elbetde, Garaşsyzlygymyzy almazdan ozalam, soňam bu topluma örän kän maýa goýumlary, has hem 2007-nji ýyldan başlap çäksiz uly maýalar goýberilen bolsa-da, ykdysady netijeleriň pes derejede bolandygyny aýtsa bolar. Şol bir wagtyň özünde öndürilýän önümiň hiliniň dünýä standartlarynyň talabyna laýyk gelmeýänligi, önümçilik medeniýetiniň, tertip-düzgüniniň köp halatlarda hiç bir esassyz bozulýandygy, toplumyň ykdysady netijeliliginiň pese düşmegine sebäp boldy. Her bir oba ilatynyň, daýhanyň, işçiniň durmuşy, ykdysady, syýasy ýagdaýy, derejesi ilki bilen onuň maddy üpjünçiligine gös-göni baglydyr. Berilýän iş hakynyň mazmunyna düşünmek hem örän wajypdyr, sebäbi zähmet hakynyň derejesi eden işiň mukdary, hili bilen kesgitlenýär. Daýhan nä derejede, nämäniň esasynda zähmet hakynyň kesgitlenýändigine düşünmegi zerur, şonuň üçin hem, olaryň ykdasady, maliýe sowatlylygynyň bolmagy örän möhümdir.

Hormatly Prezidentimiziň hemmelerden edýän talabyna görä her bir daýhan, kärendeçi, telekeçi, mülkdar, işçi özüniň zähmet çekýän ýerinde durmuşyň hemme meseleleri bilen bir hatarda özüniň borjy we hukugy, ykdysadyýet, maliýe, karz işleriniň esaslaryny bilmekleri, hatda olaryň maşgala agzalaryna hem zerurdyr.

Ykdysadyýetiň hemme pudaklarynda önümçiligi dolandyrmakda tejribäniň ilkinjidigini bilmegimiz hem gerek. Şol sebäpli hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow täze gurulýan we açylýan bilim ojaklarynyň hemmesini dünýä ülňülerine, gabat gelýän, döwrebap okuw esbaplary, enjamlary, tehniki serişdeler, tehnologiýalar bilen doly, ýokary derejede üpjün etmegi talap edýär. Edilýän talaplar doly durmuşa hem geçýär, gurulýan döwrebap orta, orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň içki we daşky görnüşi, töwereginiň abadanlaşdyrylyşy, kömekçi hojalyklaryňyň göwnejaý ýerine ýetirilişi diýseň enaýy, görmäge göz gerek.

Bilim ojaklarynyň, agrosenagat toplumynyň beýleki kärhanalaryny malyň, işçi güýjüniň, alyjynyň bar ýerinde ýerleşdirilmegi ykdysadyýetiň esasy kanunlarynyň talabyna laýyk gelýär. Etrap, welaýat merkezlerinde orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň, şeýle hem oba hojalyk çig malyny gaýtadan işläp bejerýän kärhanalaryň bolmagynyň örän uly medeni, ykdysady we syýasy ähmiýeti bardyr. Hünärmenleri ýerlerde taýýarlamak, olaryň zähmetini netijeli ulanmak, peýdalanmak, berkitmek üçin örän wajyp meseledir. Öz dogduk mekanynda ýaşamak, işlemek, döretmek türkmene mahsus bolan däpleriniň biridir. Bilimiň, ylmyň derejesiniň düýpli, ýokary bolmagy, bu ýaşlara döwrebap bilim bermek, ýurduň ykdysady we syýasy ösüşinde uly ähmiýete eýedir. Haýsy döwlet, haýsy jemgiýetdigine garamazdan bilim we ylym ýurdy ösdürmekde, onuň binýadyny berkitmekde, esasy güýç, kuwwatdyr.

Dünýä tejribesinden ugur almak, öwrenmek elbetde täze üstünliklere, ösüşlere getirýär, ýurdumyzda örän giňden geçirilýän halkara ykdysady we syýasy gatnaşyklar bu meseläniň ýaýbaňlanmagyna, hemme taraplaýyn ösmegine ýardam berýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzda içerki we daşarky syýasatda gazanan üsünliklerimiz, ykdysady netijelerimiz, bedew bady bilen her ýylda öndürilýän içerki önümiň ösüş derejesi ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň aglabasynda 20-23 göterime ýetýär. Bu bolsa Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda geçirilen çäreleriň, biçak uly, ýokary depginli işleriň miwesidir. Şu köp bolmadyk gysgajyk wagtyň içinde agrosenagat toplumynyň hemme pudaklary, oba hojalyk işleriniň aýry-aýry görnüşleri üçin satyn alnan awtoulaglaryň, traktorlaryň we beýleki oba hojalyk tehnikalarynyň, enjamlarynyň, serişdeleriniň sany müňlerçedir. Köp sanly satyn alnan oba hojalyk tehnikalaryny aýawly, tygşytly ulanmak, peýdalanmak örän wajyp meseledir, oba hojalygyny özgertmekde, galkyndyrmakda, oba ilatynyň hal ýagdaýyny gowlandyrmakda, azyk howpsuzlygyny, ykdysady garaşsyzlygymyzy berkitmekde iň esasy faktordyr. Diňe bilime, ylma, olaryň gazananlaryna, öňdebaryjy, progressiw

tehnologiýa, zähmet öndürijiligi ýokary bolan oba, suw hojalygynda, umuman agrosenagat toplumynda ulanylýan daşary ýurt tehnikalararyna daýanmak, olary ýerlikli ulanmaklyk ýurdumyzyň ykdysadyýetinde örän möhüm orun tutýan we eýeleýän agrosenagat toplumyny ygtybaly, durnukly, ýokary depginler bilen ösdürmäge giňden ýardam berer.

Garaşsyzlygymyza eýe bolanymyzdan soňra, turuwbaşdan oba we suw hojalygyna biçak uly üns berlip başlandy. Oba hojalyk toplumynyň ýurdumyzyň ykdysadyýetinde tutýan ornunyň, ähmiýetiniň örän wajypdygy düşnüklidir.

2006-njy ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň XVII Halk Maslahatynda we ondan öňki we soňky Halk Maslahatlarynda edilen çykyşlarda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynyň binýadyny berkitmek, toplumda öndürilýän önümleriň mukdaryny, hilini, ygtybarlylygyny, netijeliligini ýokarlandyrmak üçin döwletiň halk hojalygynyň esasy, aýgytlaýjy pudaklarynyň biri bolan oba hojalygyny gelejekde batly depginler bilen ösdürmek barada örän wajyp meseleler öňe sürüldi. Bu meselä düýpgöter täzeden seretmek maksady bilen, ýörite 2007-nji ýylyň mart aýynda Mary welaýatynyň Mary şäherinde Türkmenistanyň Halk Maslahatyny geçirmek barada karar kabul edilipdi. Milli Lidermiz oba we suw hojalyklarynyň häzirki ýagdaýy, geljegi bilen elmydama gyzyklanýar, geçirilýän çäreleriň, işleriň döwrebap guralmagyny oba hojalyk işgärlerinden, ýolbaşçylaryndan hemişe talap edýär.

Elbetde, bu geçirilen çäreler, işler, oba hojalygyny ösdürmeklige gönükdirilen uly, düýpli maýa goýumlar toplumyň ösmegine, ykdysady netijeliliginiň ýokarlanmagyna täsir etdi. Aýry-aýry ýyllarda pudagyň ösüşi has saldamly boldy. Bu döwlet, ýurt ähmiýetli meselä täzeçe seretmekligi wagt görkezdi. Şol sebäpli hem, Hormatly Prezidentimiz oba hojalyk toplumynyň pudaklaryny ykdysady taýdan peýdaly pudaga öwürmekligiň, işi durnukly, ygtybarly guramaklygyň ýollaryny gözlemegi etrap, welaýat, oba hojalyk edaralarynyň, pudaklarynyň ýolbaşçylaryndan talap etdi. Şol bir wagtda hem diňe oba hojalygyny ösdürmekligiň doly we gutarnykly peýda bermejekdi-

gini aýdyp, bu pudak bilen gatnaşykdaky, bir-birine bagly pudaklary hem bilelikde, aýakdaş ösdürmelidigini belledi.

Ýurdumyzyň ilatynyň köp bölegi obalarda, etraplarda ýaşaýarlar. Olaryň maşgala býujeti, maddy hal-ýagdaýlary, abadançylygy daýhanlaryň, kärendeçileriň öz halal, netijeli zähmetine bagly. Ýöne, olary döwlet tarapyndan goldamak, hemaýat bermek ýurduň esasy wezipeleriniň biridir.

Dünýäniň ähli ösen döwletlerinde oba hojalyk önümlerini mukdar, hil taýdan ýokary derejede, durnukly öndürmek üçin oba hojalyk kärhanalaryna pul kömegi berilýär. Munuň sebäbi düşnüklidir. Oba hojalyk pudagynyň önümçilik netijesiniň 95 göterimden hem gowragy tebigy şertlere baglydyr. Ýylyň dört paslynyň dördüsi hem oba hojalyk önümleriniň öndürlişine oňaýly we oňaýsyz täsir edip bilýär. Bu pudak diňe tebigy şertlere bagly bolman, eýsem ol emeli şertlere hem baglydyr. Mysal üçin, döküniň, tohumyň hili, ýeriň melioratiw, sürüm şertleri we başgalar. Oba hojalygy özüniň düzümi, ululygy, tutýan orny, ähmiýeti boýunça özboluşly, çakdanaşa çylşyrymly pudak bolup, el we mehaniki zähmeti, material serişdeleri örän köp talap edýän pudakdyr. Oba hojalyk pudagynda öndürilýän önümleriň aglabasy senagat pudaklary üçin çigmal bolup çykyş edýär. Şeýlelikde, ýurdumyzyň oba hojalyk çigmalyny ulanýan senagat toplumyna girýän pudaklaryň ykdysady netijeliligi hem gönüden-göni oba hojalygynyň ösüşine baglydyr.

Oba hojalygy özüniň häsiýeti, gurluşy boýunça önümçilik we önümçlik şertlerini döredýän, berjaý edýän pudaklaryň tegelejik zynjyrjygynyň orta gürpünde durup, birnäçe pudaklara bagly bolýar. Şol bir wagtyň özünde-de, onuň özi hem beýleki pudaklaryň işine gönüden-göni baglydyr.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Mejlislerinde, Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda eden çykyşlarynda mundan beýläk agrosenagat toplumyny ösdürmegiň täze tapgyrynda, toplumlaýyn çemeleşmegi, ösdürmegi teklip etdi. Ýurdumyzyň oba hojalyk toplumyna girýän ähli kärhanalary, pudak-

lary ululygyna ýa-da kiçiligine garamazdan, gyradeň, aýakdaş ösdürmeklik göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň oba senagat toplumuny ösdürmegiň, düýpgöter özgertmegiň düýp manysy, aşakdakylardan ybaratdyr:

- *birinjiden*, oba senagat toplumyna ýurdumyzyň raýatlarynyň uludan kiçä degişli däli ýok diýsek dogry bolar. Sebäbi, ýokarda belleýşimiz ýaly, ilatyň köp bölegi obalarda, etraplarda ýaşaýarlar. Olaryň maşgala býujeti, maddy hal-ýagdaýlary, abadançylygy bu toplumyň ösüş derejesine baglydyr. Raýatlaryň beýleki gatlaklary toplumda öndürilýän çigmaldan taýýarlanan azyk we senagat harytlary ulanýarlar, sarp edýärler. Oba ýa-da şäher ilatymy tapawudy ýok, ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň aglabasy belli bir derejede şu toplum bilen baglanyşyklydyr. Şol sebäpli hem agrosenagat toplumy döwlet tarapyndan goldawa, hemaýata mätäçdir. Döwletiň esasy wezipeleriniň biridir, oba hojalyk toplumynyň ösüş depginlerini, geljegini maliýe taýdan goldamakdyr. Bu tejribe dünýäniň ösen we ösýän döwletleriniň hemmesinde giňden ulanylýar.

- *ikinjiden*, Türkmenistanyň şertlerinde ekerançylyk, maldarçylyk, toplumyň hemme pudaklary suw üpjünçiligine, şonuň ýaly hem ýeriň melioratiw, irrigasion ýagdaýlaryna, tohumyň, döküniň, tehnikanyň mukdar we hil taýdan üpjünçiligine, hünärmenleriň ussatlygyna, tejribesine we ýene-de birnäçe ululy-kiçili faktorlara baglydyr.

- *üçünjiden*, oba senagat toplumynyň ösüşi, geljegi ýurdumyzyň raýatlarynyň garaýşyna, gatnaşygyna, hemaýatyna hem baglydyr.

Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde oba hojalygy toplumyna çäksiz uly maýa goýumlaryň goýlandygy we ýene-de köp sanly çäreleriň görlendigi, şonuň netijesinde bolsa ýurdumuzda pagtanyň, bugdaýyň öndürilişiniň birnäçe esse artandygy aýdyň hakykatdyr. Şeýle hem, bu ösüşler köp sanly dokma fabriklerini, un zawodlaryny, şol sanda elewatorlary gurmaga we işe girizmäge mümkinçilik berdi. Olar bolsa öz gezeginde oba ýerlerinde, etraplarda täze iş ýerlerini döredýän birnäçe üznüksiz önümçilikden ybaratdyr. Mysal üçin, dokma

toplumynyň düzümi ýüplük, egirme, dokma, reňkleýji we tikin fabriklerinden, un zawodlary köp dürli un we unaş önumlerini öndürýän önümçiliklerden ybaratdyr.

- *dördünjiden*, oba hojalyk toplumynyň aýratynlygynyň ýene bir tarapy, ýurdumyzyň raýatlarynyň muňa bolan gatnaşygy we hemaýatydyr. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda sözlän sözünde şeýle diýipdi: "Türkmenistanyň XX Halk Maslahatyny guramaçylykly geçirmek üçin ýörite iş topary döredildi. Türkmenistanyň Mejlisi birnäçe kanunlaryň taslamalaryny işläp düzdi, bular ilki metbugatda çap edildi we türkmen jemgyýetinde giňden seslenme döretdi. Bulara uly gyzyklanma bildirip, ara alyp maslahatlaşmagyň barşynda biziň ildeşlerimizden köp sanly teklipler gelip gowuşdy, täze Kanunlaryň gutarnykly görnüşleri taýýarlanan mahalynda, şol teklipler göz öňünde tutuldy".

- *bäşinjiden*, ýerlerden, ýagny raýatlardan, hünärmenlerden, edaralardan gelýän teklipleri, sargytlary, aýdylýan pikirleri, berilýän maslahatlary seljermek we peýdalanmak üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň döreden iş topary tarapyndan bularyň hemmesi jikme-jik seljerilip, örän kän ýerlikli pikirler, maslahatlar saýlanylyp alyndy. Bu iş toparyna hormatly Prezidentimiziň hut özüniň ýolbaşçylyk etmegi hem meseläniň örän wajypdygyny ýene-de bir gezek tassyklaýar.

- *altynjydan*, oba senagat toplumynyň işgärleriniň, oba ilatynyň iş we ýaşaýyş şertleriniň halk hojalygynyň beýleki pudaklaryndan, toplumlaryndan tapawutlylygy hem bu toplumyň aýratynlygynyň ýene biridir. Şol sebäpli hem agrosenagat toplumyny özgertmek, ösdürmek meselesine seredilende toplumda işleýän işgärleriň, şol ýerde ýaşaýan raýatlaryň durmuş, maddy – hal ýagdaýyny, ýaşaýyş derejesini ösdürmek, ýokarlandyrmak toplumlaýyn seredilmeli wezipedir.

Ýurdumyzy özgertmegiň täze tapgyrynda bu meselä toplumlaýyn seredilendigine Türkmenistanyň Prezidentiniň iş ýüzinde geçirýän çäreleri şaýatlyk edýär. Muňa onuň ilkinji gezek Balkan welaýatynyň

Esenguly etrabyna eden iş sapary, etrabyň merkezini we obalaryny abadanlaşdyrmak, döwrüň talabyna görä gerek bolan ähli şertleri döretmek, Daşoguz welaýatynda ähli amatlyklary, etrap derejesinde gerek bolan hemme durmuşy, medeni, dolandyryjy ulgamlary boljak täze Ruhubelent etrabyny döretmek baradaky Permanlary mysaldyr.

Döwlet derejesinde kabul edilen "Durmuş üpjünçiligi hakynda" Türkmenistanyň Bitewi Kanuny munuň gönüden-göni dowamydyr. Oba ýerlerinde çagalar baglarynyň, mekdepleriň, saglygy goraýyş, anyklaýyş, sagaldyş, dynç alyş edaralarynyň, medeni ojaklaryň – kitaphanalaryň, klublaryň, stadionlaryň, medeni çäreleri geçirmek üçin ýöriteleşdirilen zallaryň, "Toý mekanlarynyň", suwa düşülýän basseýnleriň, hammamlaryň, telefon, radio, telewideniýe hyzmatlary infrastrukturasynyň döredilmegi, bir söz bilen aýdanyňda, adam üçin gerek bolan ähli edaralary, kärhanalary dikeltmek we döretmek hakdaky tagalla taryhy ähmiýetlidir. Oba ýaşaýjylarynyň medeni, döredijilik, saglyk, bilim, ylym we beýleki durmuş hyzmatlaryna bolan isleglerini doly, ýokary derejede berjaý etmäge döwlet tarapyndan ähli çäreler görülýär. Ol hyzmatlar oba ilaty üçin elýeter bolar. Elýeter diýdigimiz diňe bir baha manysynda däl-de, ol edaralaryň territorial ýerleşişi manysynda, raýatlaryň bu hyzmatlara bolan isleglerini ýaşaýan ýerleriniň çäginde islän mahaly, güni, tiz wagtyň içinde kanagatlandyrmakdan, amal etmekden ybaratdyr. Raýatlaryň saglygy, ýaşaýyş, durmuş üpjünçilik derejesi, olaryň az wagt sarp edip zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, göwnejaý guramaga, halal zähmet çekmäge, oňa bolan ukybyny, höwesini artdyrmaga, şadyýan, halal, döwrebap durmuş gurmaga iň ýokary şertler döredilýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmegiň, özgertmegiň täze tapgyry dünýa gymmatlyklarynyň iň naýbaşysy–adam üçin zerur bolan ähli şertleriň, amatlyklaryň dörediljekdigini we döredilýändigini häzirki döwürde il, ýurt bähbitli geçirilýän işlerden görmek bolýar. 2007-nji ýylyň fewral aýynda Hormatly Prezidentimiz "Bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky" Permana gol çekdi. Bu Perman durmuş-ykdysady we syýasy taýdan çäksiz beýik işleriň,



4. Sargyt № 590.

maksatnamalaryň başlangyjydyr. Munuň yzysüre, şol Permandan gelip çykýan döwlet derejesinde öňde durýan meseleleri durmuşa geçirmek maksady bilen “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda ” Karary hem kabul edildi. Hormatly Prezidentimiziň Bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky Permanynyň yzygiderli, uzak möhletleýindigini bellemelidiris. Sebäbi, bilim ýeke bir agrosenagat toplumynyň ösmegine, özgermegine täsir etmän, beýleki pudaklaryň, toplumlaryň öňe gitmekligine, ösmeginde, özgertmegine hem uly täsir edýär. Bu bolsa ýurdumyzda alnyp barylýan syýasy ugruň esasy özenidir. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda sözlän sözünde bilim ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmeklige, özgertmeklige geljekde-de uly orun beriljekdigini aýdyp, ýurdumyzyň uly depginler bilen öňe gitmegini, esasanam bilimiň, ylmyň we täze, öňdebaryjy tehnologiýanyň hasabyna gazanyp bolar diýip belledi. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda oba hojalyk toplumynyň önümçilik–ykdysady binýady, bazar gatnaşyklaryny ösdürmegiň hem-de onuň kanunçylyk esaslaryny kämilleşdirmegiň meseleleri çykyş eden hünärmenler, tejribeli ýolbaşçylar tarapyndan işjeň ara alnyp maslahatlaşyldy. Agrosenagat toplumyny ösdürmegiň ýollary, ýörelgeleri işlenip düzüldi. Agrosenagat toplumyny dolandyrmakda, ýolbaşçylyk etmekde iň bir wajyp, zerur zatlaryň biri onuň kanunçylyk esaslaryny kämilleşdirmek, kabul edilen we öňden hereket edýän kanunlaryň iki taraplaýyn peýdaly şertlerde işlemegini gazanmakdyr.

Agrosenagat toplumyny ösdürmegiň, özgertmegiň çözgütleriniň kanuny esaslarda alnyp barylmagy ilki bilen daýhanlaryň jogapkärçiligini ýokarlandyrmakdyr, olaryň borçlaryny we hukuklaryny anyklaşdyrmak we kada getirmekdir. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň Kararlarynda daýhan hojalyklarynda, birleşiklerinde, agrosenagat toplumynyň beýleki edaralarynda, kärhanalarynda ýere, suwa eýeçilik etmek, tehnika, tehniki serişdeler, tohum, dökün bilen üpjün etmek, olary aýawly saklamak, tygşytly ulanmak, oba hojalyk

ylmyny ösdürmek, öndürilen önümleriniň hilini gowulandyrmak, olary gaýtadan işlemek we satmak, täze ykdysady, söwda, bazar gatnaşyklaryny ösdürmek, kemala getirmek, kanuny esasda ýola goýmak, öndüriji–satyjy bilen alyjynyň arasyndaky ykdysady we söwda gatnaşyklaryny adaty ýagdaýa öwürmeklik bellenilýär. Bu wezipeleri, meýilnamalary üstünlikli çözmekde, amala aşyrmakda Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda kabul edilen “Daýhan hojalygy hakynda”, “Dayhan birleşikleri hakynda”, “Arçynlar hakynda” we Türkmenistanyň beýleki kanunlarynyň, resminamalarynyň ähmiýeti uludyr. Olar ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmak, agrosenagat toplumynyň ösmegi, gelejegi üçin esasdyr.

## V BAP. TÜRKMENISTANYŇ SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY PUDAGY

Türkmen döwletiniň ykdysadyýetiniň gülläp ösmeginde milletiň, raýatlaryň saglygy, olaryň saglyk derejesi çäksiz uly ähmiýete eýedir. «Il saglygy ýurt baýlygy» diýilmekligi tötänden däldir. Sebäbi her bir raýatyň durmuşa, zähmete bolan hyjuwy, gatnaşygy, ýurduň öňe gidiş, ösüş depginleri onuň raýatlarynyň saglygyna, maddy hal-ýagdaýyna we durmuş derejesine baglydyr.

Döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri “Saglyk” maksatnamasydyr. Munuň esasy wezipesi ýurdumyzyň raýatlarynyň durmuş ýagdaýyny düýpli we ygtybarly ösdürmekdir. Şol sebäpli Garaşsyzlyk ýyllarynda milletiň saglygy meselesi döwlet derejesinde ör boýuna galdy. Döwlet syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň biri “Döwlet adam üçindir” diýen ýörelge ýurdumyzyň lukmançylygyny ösdürmekde kesgitleýji ugur boldy diýilse has laýyk bolar. Bu ulgamda gazanylan üstünlikler milletiň saglygy we abadançylygy hakynda döwletimiziň, ýurt Baştutanynyň ýadawsyz alada edýändiginiň aýdyň şaýadydyr. Geçen ýyllarda ýurdumyzyň raýatlaryna ilkinji lukmançylyk we sanitariýa kömegini etmekde çäksis uly özgertmeler durmuşa geçirildi.

Saglyk ulgamynyň işini kämilleşdirmek, lukmançylyk hyzmatynyň hilini ýokarlandyrmak, maşgala lukmanlarynyň institutyny döretmek, sanatoriýa-şypahana edaralarynyň işiniň hilini gowlandyrmak we olaryň material-tehniki binýadyny pugtalandyrmak barada maksatlaýyn döwrebap çäreler durmuşa geçirildi. Döwletimizde ýurt, welaýat, şäher, etrap derejeli ähli maksatnamalaryň hemmesiniň içinden saglygy goraýyş meselesiniň erş-argaç bolup geçýändigini bellemelidiris. Bu bolsa Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe bolup geçýän beýik özgertmeleriň beýanydyr. Pudagy hemmetaraplaýyn, döwrebap ösdürmek maksady bilen Türkmenistanyň saglygy goraýyş döwlet gaznasy döredildi. Gazna pudagy göwnejaý, durnukly, ýokary depginler bilen ösdürmäge giň ýol açdy. Dünýä ülňülerine doly gabat gelýän, döwrebap saglygy goraýyş edaralarynyň, hassahanalaryň, saglyk öýleriniň, şypahanalaryň, sanatoriýalaryň, anyklaýyş merkezleriniň, “Ene mähri” merkezleriniň gurluşygy diňe bir ýurdumyzyň paýtagty Aşgabatda alnyp barylman, ähli etrap, welaýat, şäher merkezlerinde örän ýokary depginler bilen ýaýbaňlandy. Saglygy goraýyş pudagynyň täzeden galkynmagy, özgermegi diňe täze gurluşyklary öz içine alman, ozaldan işleýän, halka hyzmat edýän saglyk edaralarynyň durkuny täzelemek, dikeltmek, abadanlaşdyrmak ýaly işleri hem öz içine aldy. Döwletiň abadançylygyny, asudalygyny, baýlygyny, durnuklylygyny, ygtybarlylygyny, erkin, ýokary zähmet öndürjiligini üpjün edýän saglygy goraýyş ulgamynyň ileri tutulmagy kanuny çäredir. Şonuň üçin hem bu pudagyň düzümi, mazmuny, işiň guralşy häzirki döwürde düýbünden başgaçadyr. Raýatlara bolan lukmançylyk hyzmatynyň hili kämilleşip we ösüp ýokary derejelere eýe boldy. Saglygy goraýyş we derman senagaty pudagynyň ykdysady görkezijileri Garaşsyzlyk ýyllary içinde has-da durnukly, netijeli ýagdaýlara doly eýe boldy.

Ýurdumyzda 1995-nji ýylyň 21-nji iýulynda kabul edilen “Saglyk” döwlet maksatnamasyna laýyklykda, bu pudakda geçirilen özgertmeleriň örän netijeli bolandygyny we biçak uly pozitiw

ädimleriň ädilendigini buýsanç bilen aýtsa bolar. Bu köptaraply çäksiz uly netijeleri gazanmak üçin, “Saglyk” maksatnamany kabul etmezden ozal nähili taýýarlyk işleriniň geçirilendigini belläp geçmek dogry bolar. Ilki bilen olar saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynyň düzüminiň täzeden tassyklanmagy we birnäçe aýgytlaýjy kanunçylyk namalarynyň kabul edilmegidir. Olardan: “Raýatlaryň saglygyny goramak”, “Lukmançylyk işi we derman üpjünçiligi”, “Adamyň immunodefisitli wirusy tarapyndan ýüze çykýan keseliň öňüni almak”, “Narkotiki jisimler, psihotrop maddalar, prekursor we olaryň dolanyşygyna garşy göreşmek”, “Iýmit önümleriniň hili we nowpsuzlygy” ýaly kabul edilen kanunçylyk resminamalarynyň tutýan orny we ähmiýeti “Saglyk” döwlet maksatnamasynyň esasy özeni bolupdy. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginde geçirilen özgertmeler ygtybarly boldy. Ýurdumyzda 1996-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasynyň girizilmegi raýatlaryň sosial goraglylygyny has-da berkitmekde we gowulandyrmakda ýerine düşen çäre boldy. Şol günlerden başlap saglygy goraýyş ulgamynda bazar gatnaşyklaryna degişli tölegli hyzmatlar girizildi. Soňky kabul edilen täze kanuna laýyklykda meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasynyň tölegi raýatlaryň aýlyk haklaryndan, talyp haklarydan, pensiýalaryndan, kömek pullaryndan we beýleki girdejileriden 2 göterimine çenli peseldildi. Bu bolsa Türkmenistanyň Prezidentiniň öz halky üçin geçirýän çäksiz uly insanperwer syýasatynyň naýbaşylarynyň biri boldy. Häzir döwletimiziň raýatlarynyň 92 göterimden gowragynda saglyk ätiýaçlandyrmasy bar. Saglygy goraýşy maliýeleşdirmekde bu geçirilen çäreler oňaýly usullaryň biri boldy. Daşary döwletlerde häzirki döwürde saglygy goraýşy malieýeleşdirmegiň täze mehanizmlerini, pudakda gazna döretmegiň, maliýe durnuklylygynyň has oňaýly ýollaryny, usullaryny gözleýärler. Döwleti dolandyrmakda saglygy goraýyş we derman senagaty pudagynyň kämil bolmagy iň bir wajyp, ýurt bähbitli meseledir. Türkmenistanda saglygy goraýyş we derman senagaty pudagynda hormatly Prezidentimiziň hut öz howan-

darlygynda, ýolbaşçylygynda geçirilen we dowam edýän özgertmeler bütin ýurdymyzda öz beýanyny doly tapdy. Saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda gaýtadan dikeltmek, täze sanatoriýalaryň, şypahanalaryň, saglyk öýleriniň, merkezleriň gurluşyklarynyň dowam etmegi, ýerine ýetirilen işleriň döwrebap bolmagy guwandyrýar. Dünýä ülňülerine doly gabat gelýän anyklaýyş tehnologiýalarynyň we beýleki enjamlaryň bolmagy işiň öňe gitmegidir.

Raýatlaryň saglygyny goramakda maşgala lukmany wezipesiniň işe girizilmegi ulgamda geçirilen özgerişleriň esasy, döwrebap, talabalaýyk ugurlarynyň biri boldy. Maşgala lukmanynyň esasy wezipesi we borjy nämeden ybarat? Onuň esasy wezipeleriniň biri keseliň öňüni almak, anyklaýyş merkezleriniň kömegi bilen maslahat bermek we ilki bilen keseliň ýagdaýyny doly anyklap, soňra bejeriş işlerine girişmekdir. Maşgala lukmanynyň borjy, jogapkärçiligi takyk bolan mahalynda onuň ýerine ýetirmeli işleri hem anyk bolýar, lukmançylyk hyzmatynyň hili has-da ýokarlanýar. Maşgala lukmançylygy köp agzaly türkmen maşgalasynyň her bir agzasyny doly tanamaga mümkinçilik döredýär, maşgala lukmanynyň özi hem şol maşgalanyň agzasyna öwrülýär, bu ýerde birek birege bolan ynam, aç-açanlyk emele gelýär. Maşgalanyň her bir agzasynyň saglygyny goramakda öňünden edilmeli anyklaýyş, bejeriş işleriniň ýagdaýyny öz wagtynda kesgitlemek mümkin bolýar. Şu ýerde türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň bu babatda aýdan dana sözlerini getisek örän dogry bolar: “Saglygyň gadryny bilgil, hassa bolmazdan burun”. Türkmen maşgalalary maşgala lukmanyny türkmene mahsus bolan sypaýylyk, ýönekeýlik, sada, açyk, güler ýüz bilen kabul etdiler. Maşgala lukmanynyň girizilmegi bilen tygşytlylyk meselesi hem öz ähmiýetine eýe boldy. Başgaça aýdanymyzda, saglygy goraýyş ulgamynda maşgala lukmançylygynyň girizilmegi, bazar gatnaşyklaryna geçilmegi we beýleki geçirilýän peýdaly, pozitiw çäreler ulgamyň 1996--njy ýylda döredilen gaznasyna döwletiň maliýeleşdirmeginden we kepil görnüşinde saglyk ätiýaçlandyrmasyndan emele gelýän býujet-kepil gaznasyny-maliýe serişdelerini has-da ýerlikli, tygşytly ulan-

maga, pudagy geljekde güýçli depginler bilen ösdürmäge we çäksiz uly sepgitlere ýetirmäge ýardam berer. Bu garyşyk gaznada jemlenen serişdeler ýurdumyzda lukmançylyk tehnikasyny, enjamlaryny satyn almaklyga, iri ylmy-barlag işlerini geçirmäge, farmasewtika senagatyny, maýa goýumlaryny ösdürmeklige, saglyk ätiýäçlandyrmasy boýunça goýberilýän 90 göterim ýeňillikli dermanlaryň raýatlara goýberilmegine gönükdirilýär. Döwletimizde "Saglyk" maksatnamasy kabul edilenden soňra köp sanly ýokanç kesellere – gökbogma, poliomiýelite, inçekesele garşy göreşmek, bularyň öňüni almak, dispanser kömegini bermek we beýleki ilkinji edilmeli işler doly kada girizildi, bularyň hemmesi meýilnama esasynda durmuşa geçirilýär. Durmuşa geçirilen özgertmeler öz miwesini berdi we ulgamda amal edilen çäreleriň hemmesi halkara guramalary, institutlary tarapyndan doly ykrar edildi. Munuň ilkinji şaýady bolsa ýurdumyzda ýylyň-ýylyna saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamy boýunça geçirilýän ylmy-amaly maslahatlaryň we sergileriň geçirilmegidir. Mysal üçin, 2008-nji ýylyň 8-9-njy noýabrynda ýurdumyzyň paýtagty Aşgabadyň Sergi köşgünde "Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynda ýetilen sepgitler" atly halkara sergisine we ylmy maslahatyna dünýäniň köp sanly ýurtlaryndan – ABŞ-nyň, Ýewropanyň, GDA döwletleriniň kordiologiýa, iç keselleri, umumy hirurgiýa we onkologiýa, göz keselleri, diş lukmançylygy, enelik we çagalyk saglygyny goramak lukmançylygy boýunça iň ýokary derejeli hünärmenler we dünýä ýurtlarynyň iri kompaniýalarynyň wekilleri gatnaşdylar. Sergi köşgünde geçirilen maslahata gatnaşanlar bu halkara forumynyň özlerinde galan täsirleri barada gürrüň berip, serginiň-ylmy maslahatyň örän ýokary derejede guralandygyny, wekilçiliklidigini kanagatlanma bilen bellediler, 2009-njy ýylyň iýul aýynda geçen halkara sergi-ylmy maslahatyň guramaçylyk we wekilçilik derejesi has hem ýokary boldy. Bu bolsa Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda ýetilen sepgitlere halkara guramalarynyň uly gyzyklanma bildirýändikleriniň beýanydyr. 2010-2012-nji ýyllarda hem saglyk ulgamyna bagyşlanan halkara ylmy-amaly saglyk ser-

gileri geçirildi. Bu serginiň ylmy guramaçylyk derejesi ýokary we daşary ýurtly myhmanlaryň sany has hem köp boldy. Saglygy goraýyş we derman senagatynyň şu günki ösüş derejeleri gün-günden ýaýbaňlanýar, täze desgalar gurlup ulanylmaga berilýär. Mysal üçin, 2009-njy ýylyň noýabr aýynyň 28-ine dünýä ülňülerine doly gabat gelýän "Arçman" şypahanasynyň ýene-de bir täze binasy hem-de "Gyzgyn suw" şypahanasy ulanylmaga berildi. Ulanylmaga berlen täze şypahanalar we beýleki ozal işläp ýören, ýagny durky täzelenen Mollagara şypahanasy, Baýramalynyň böwrek sanatoriýasynyň we başga-da ululy-kiçili keselhanalaryň, saglyk öýleriniň dikeldilmegi hem-de döwrebap tehnologiýalar, enjamlar bilen abzallaşdyrylmagy, bularyň hemmesi ýurdumyzyň raýatlarynyň saglygyny goramak baradaky döwlet derejesinde geçirilýän çärelerdir.

## VI BAP. TÜRKMENISTANDA BILIM SYÝASATY DABARALANÝAR

Biziň döwletimiz bilimiň derejesini we hilini ýokarlandyrmaga aýratyn ähmiýet berýär. Milli Liderimiziň hut özüniň taýsyz tagallasydyr irginsiz aladasy netijesinde raýatlarymyzyň, ilkinji nobatda, ýaşlaryň häzirki zaman dünýä ylmyny we tehnologiýalaryny, tebigy ylymlary, jemgyýeti öwreniş ylmyny düýpli özleşdirmeginiň berk binýady goýulýar. Ylym-bilimiň dünýäde has derwaýys hasaplanýan ugurlaryny öwrenmek işine ýaşlarymyz barha içgin çekilýär. Şol bir wagtda hem ylma dahylly gatnaşyklary halkara derejesinde ösdürmäge uly üns berilýär. Şeýle hem ylym-bilim ulgamyna döwlet tarapyndan uly maýa goýumlary goýulýar. Munuň özi ýurdumyzyň geljegine goýulýan maýa serişdelerdir. Sebäbi ylym özüne goýulýan serişdäni soňra ýüzlerçe esse edip gaýtaryp berýär. Halkymyzyň iň gymmatly strategik serişdesiniň – onuň intellektiniň üstüniň ýetirilmegi durmuş hem ösüş babatda juda zerur bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň belläp geçişi ýaly, biz bilimi durmuş syýasatynyň iň möhüm ugurlarynyň biri hasaplap, ýurdumyzyň kuwwatly bilim binýadyny döredýäris. Täze taryhy zamanamyzyň ilkinji günlerinden kämil bilim binýadyny döretmek, milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklary üçin ýokary hünärli işgärleri, ussat hünärmenleri taýýarlamak, bilimiň hilini ýokarlandyrmak we onuň görnüşlerini artdyrmak maksady bilen, bilim özgertmelerine uly badalga berildi. Bilim ulgamynda üstünlikli amala aşyrylýan özgertmeleriň ählisiniň baş maksady – Türkmenistany bilimler merkezine öwürmäge gönükdirilendir. Ýurdumyzyň orta we ýokary okuw mekdeplerinde okuw möhletleriniň halkara ölçeglerine laýyk getirilmegi, ýaşlarymyzyň beden we ruhy taýdan sagdyn ösmegi, döwrebap bilim-terbiýe almagy, ussat hünärmenler bolup ýetişmegi üçin milli bilim ulgamynyň kanunçylyk-hukuk binýadynyň kämilleşdirilmegi, «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bu ugurda amala aşyrylýan işleriň ilkinji aýgytly başlangyjy boldy.

Gysga taryhy döwürde Köpetdagyň sergin jülgesinde, Hazaryň merjen kenarynda çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleriniň döredilmegi, Aşgabat şäherinde we welaýatlarymyzda dünýä ölçeglerine laýyk häzirki zaman bilim edaralarynyň, orta we ýokary okuw mekdepleriniň täze binalar toplumlarynyň gurlup, ulanylmaga berilmegi, bilimiň many-mazmunynyň has-da kämilleşdirilmegi, okuw meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň düýpli täzelenmegi, maksada okgunly ýaşlarymyzyň dünýäniň dürli künjeklerinde geçirilýän olimpiadalarda, bäsleşiklerde üstünlikli çykyş etmegi durmuşa geçirilýän bilim özgertmeleriniň ajaýyp miweleridir.

1993-nji ýylyň maý aýynyň 3-ünde täze Bilim syýasytynyň yglan edilendiginden biz habarlydyrys. Bilim adamzat jemgyýetiniň ösmeginde, öňe gitmeginde esasy görkezijidir. Jemgyýetiň kämilleşmeginde, el zähmetiniň ornuna mehanizasiýalaşdyrmak tejribesiniň ornaşdyrylmagynda, maddy nygmatyň öndürijiligini ýokarlandyrmakda hökmany şert hökmünde ösen bilim hem-de öňdebaryjy ylym gerekdir. Her bir döwletiň kämil öňe gitmeginde

bilim bilen ylmyň täsiri ilkinjidir, ýurduň kuwwaty onuň bilimde we ylymda ýeten derejesine baglydyr. Başgaça aýdanymyzda, öndürilýän önümleriň, ýagny tehnologiýalaryň, enjamlaryň, maşynlaryň we beýleki tehniki serişdeleriň hili ol döwletiň ykdysady we syýasy taýdan örän belent derejelere ýetendigini häsýetlendirýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň 15-nji fewralynda „Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” Permana gol çekdi. Bu waka öňden görüjilikli, il-ýurt bähbitli aýgytly gadam hökmünde Watanymyzyň taryhyna ýazyldy. Sebäbi bilimiň we ylmyň erkin, ösýän häsiýetli bolmaklygy goňşy we daşary ýurtlar bilen aýakdaş, pikirdeş, özara hyzmatdaşlyk esasda ösmeklige gönükdirlen şerti üpjün edýär.

Bilimli ýaşlary terbiýelemegi ýurdumyzda çagalar bagyndan başlap, ýokary okuw mekdeplerine çenli hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin dünýä ülňülerine gabat gelýän ölçegleri ulanmak barada hem birnäçe Permanlar we Kararlar kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz bilim işini düýpgöter özgerdip, täzeçe döwrebap guramagy bu pudagyň işgärleriniň öňünde olaryň baş maksady edip goýdy. Garaşsyzlyk ýyllarynda bilim babatda onlarça il-ýurt bähbitli işler amala aşyryldy. Şeýlelikde kämil şahsyýetleri ýetişdirmekde ylym-bilimiň orny jemgyýetiň ösüşi bilen aýakdaş gitmek häsiýetine eýe boldy. Häzir ýaşlara bilim-ylym bermegiň ýoly, usuly düýbünden başgaçadyr. Eýýäm çagalar baglarynda körpeleriň duýgularyny ösdürýän öwrediji oýunlar, gürrüňler, bag toparynda matematiki düşünjeleri we sowat öwretmek, ene dilinde sözleýişi ösdürmek, daşky gurşaw bilen tanyşdyrmak, uly we mekdebe taýýarlaýyş toparlarynda ene dilini, daşary ýurt dillerini – iňlis, rus, fransuz dillerini öwretmek ýola goýuldy. Başgaça aýdanymyzda, Bilim syýasatyny kämilleşdirmegiň täze tapgyry mynasybetli kabul edilen Kararlar we permanlar doly güýje girdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň: «Geljekde bilim ulgamyny ösdürmäge aýratyn üns bererin, ýurdumyzda täze mekdepler, ýokary okuw mekdepleriniň binalary guruldy. Bu iş güýçlendirilen depgin-

de dowam etdiriler.» diýen sözleriniň hakykata öwrülýändigine, bu ugurda amala aşyrylan işler, ýetilen sepgitler hem şaýatlyk edýär.

2007-2011-nji ýyllarda 69 sany täze we durky täzelenen mekdep, şol sanda Aşgabat şäherinde 19, Ahal welaýatynda 13, Balkan welaýatynda 9, Daşoguz welaýatynda10, Lebap welaýatynda 7 we Mary welaýatynda hem 11 mekdep ulanylmaga berildi.

Soňky bäş ýylda 72 sany mekdebe çenli çagalar edarasy ulanylmaga berildi.

2007-2011-nji ýyllarda 6 sany ýokary okuw mekdebi we Magtymguly adyndaky TDU-nyň baş binasy hem-de fizika-matematika fakulteti gurlup ulanylmaga berildi.

2006-2011-nji ýyllarda bilim ulgamyna goýberilen maýa goýumynyň möçberi 3,8 mlrd manat boldy.

2011-2012-nji okuw ýylynda ýurtda 23 sany ýokary okuw mekdebi işleýän bolsa, 2006/2007-nji okuw ýylynyň başyna olaryň sany 16-a deňdi.

Döwlet orta we ýokary okuw mekdepleriniň täze kompýuter tehnikasy we öňdebaryjy okadyş tehnologiýalary bilen abzallaşdyrylyşyna uly üns berýär. 2007-2010-njy ýyllarda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň bilim beriş edaralary 27 230 sany kompýuter, 415 sany multimediýa enjamy, 55 sany lingafon otagy bilen abzallaşdyryldy. Häzirki wagtda bu iş dowam etdirilýär.

Özüne berk erkli, ösen ykdysadyýetli, dünýäniň öňde barýan ýurtlarynyň hataryna goşulyp bilýän döwleti edara etjek, onuň dünýädäki ykdysady we syýasy abraýyny mundan beýläk beýgeltjek, iň kämil tehniki enjamlara, tehnologiýalara erk etjek, önümçilige ornaşdyrmak arkaly Watany kuwwatlandyrjak nesil bolmak biziň ýaşlarymyzyň paýyna düşýär. Ýaşlara we ýurduň raýatlaryna bilim bermekde garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra daşary ýurtlaryň beren goldawy ýatlarlykdyr. Türkiýe döwleti, soňra Germaniýa, Fransiýa, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Russiýa Federasiýasy, Arap döwletleri, Hytaý Halk Respublikasy, Malaýziýa, Eýran Yslam Respublikasy ýaly döwletler bilen bu ugurdaky gatnaşyklar muňa anyk mysaldyr. Garaşsyzlygyň geçen ýyllary içinde ýaşlaryň, işläp ýören

hünärmenleriň müňlerçesi dürli-dürli hünärler, kärler boýunça bu ýurtlaryň hünärment, orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde bilim aldylar we hünär derejesini ýokarlandyrdylar. Bu örän peýdaly iş häzirem dowam edýär. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilim-ylym syýasatyny ösdürmek, döwrebap kämilleşdirmek, olaryň gazananlaryny ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda takyk peýdalanmak, ýaşlara dünýä derejesinde bilim bermek barada birnäçe meseleleriň çözgüdini tapyp durmuşa geçirdi.

Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde edilen işleriň çäksiz uludygyny hiç bir adam iňkär edip bilmez. Ýurdumyzda gurulýan döwrebap çagalar baglary, mekdepler, ýokary okuw mekdepleriniň binalary sanardan köpdür.

Daşary ýurtlarda okamak, bilim we tejribe almak, halkara gatnaşyklary ösdürmek ilki bilen dile baglydyr. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow dürli-dürli meýilnamalary, beýik-beýik işleri durmuşa geçirmek üçin daşary ýurtlar bilen ykdysady we syýasy gatnaşyklary ösdürmekde hem diliň ähmiýeti çäksizdir diýip belleýär. Umuman aýdanymyzda, demokratik, dünýewi, hukuk döwletde bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde dil, bilim syýasatyna düýpli üns berilmegi guwanmaly ýagdaýdyr. Garaşsyzlyk ýyllary içinde bilim almak, dil öwrenmek babatda önjeýli edilen işler hem az däldir, dil meselesi türkmen jemgyýetiniň, ykdysadyýetiniň we syýasatynyň ösmeginde esasy faktorlaryň biridir, şol sebäpli hem häzir ýurdumyzda dil öwrenmeklige giň ýol açyldy. Isle ony ýurdumyzyň çäginde, isle daşynda öwren, ýaşlarymyz, raýatlarymyz üçin hiç hili çäklendirme ýokdur. Ýurdumyzyň çagalar baglarynda, orta we orta hünär hem-de ýokary okuw mekdeplerinde daşary ýurt dilleri sapaklarynyň okuw meýilnamalaryna resmi girizilmegi bilen bir hatarda gysga möhletli 3, 6, 10 aýlyk we bir ýyllyk okuwlarda okaýan ýaşlar indi käri, hünäri özleri saýlap alýarlar. Ýaşlara gysga wagtyň içinde bilim bermekde hususy edaralaryň, aýry-aýry raýatlaryň edýän, durmuşa geçirýän işleriniň orny, ähmiýeti hem az däldir. Bulardan başga-da, ýurdumyzyň ösüp gelýän ýaş neslini medeni we ruhy taýdan ösdürmek üçin göwnejaý şertleri döretmek we

“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasyna laýyklykda, ýaşlara hyzmat etjek ylym-bilim, döredijilik, medeni edaralaryň ulanylmaga berilmegi taryhy wakalardyr. Ýurdumyzyň obalarynda, etraplarynda, şäherlerinde onlarça çagalar baglarynyň, mekdepleriň, beýleki bilim-terbiýeçilik edaralarynyň gurlup berilmegi uly öňe gidişlikleri aňladýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň talyplarynyň hemmesi, talyp haklaryny alýarlar. Munuň ýaly hemaýat, howandarlyk etmek bolsa ykdysady, syýasy taýdan pajarlap ösýän döwlete başardýar. Bu bolsa Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň ýurduň geljekki ösüşini öňe alyp gitjek ýaş nesle bolan çäksiz söýgüsiniň, ynamynyň, hormatynyň netijesidir. Talyplar, ýaşlar üçin döredilen mümkünçilikleriň ýene biri hem ajaýyp, erkin, garaşsyz ýurdumyzda okuwlaryndan daşary talyplaryň kanuna laýyk gelýän işleri etmäge resmi hukuklarydyr. Ýaşlar üçin halal, arassa zähmet çekip okamaga, döretmäge, gurmaga, işlemäge ýaşamaga hemme şertler doly döredilendir.

Ýurdumyzda Bilim syýasatynyň esasy wezipeleriniň ýene-de biri bilim ulgamynyň edaralaryny – çagalar baglaryny, orta, orta hünär we ýokary okuw mekdepleridir beýleki bilim ojaklaryny dünýä ülňülerine layyk gelýän tehniki serişdeler, kompýuterler, wideo, audio, radio apparaturalary we ýoriteleşdirilen okuw otaglary, laboratoriýalary, beýleki esbaplar, enjamlar, internet ulgamy bilen doly üpjün etmegiň adaty ýagdaýa öwrülmegidir. Hormatly Prezidentimiz bu babatda hem takyk edilmeli işler, durmuşa geçirmeli çäreler barada görkezmeler berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2011-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda geçiren Tükmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ginişleýin mejlisinde geljekde ýurdumyzy dolandyrjak bilimli we ylymly ýaşlary taýarlamak maksady bilen örän wajyp ähmiýetli, il-ýurt bähbitli, dowlet we halkara derejeli meseläni

öňe atdy. Ýagny orta mekdepleriň birinji synpynda okaýan okuwçylary şahsy kompýuterler bilen üpjün etmek barada Karar kabul etdi. Bu geçirilýän pozitiw çäreler okuw prossesiniň hil tarapdan ösmeginde, mugallymlaryň hünär derejesiniň ýokarlanmagynda, elektron kitaplaryny çykarmakda we ulanmakda, internet saýtyň, elektron poçtanyň maglumatlaryny peýdalanmakda, bilim äleminde, dünýä siwilizasiýasy bilen aýakdaş ýöremekde, daşary ykdysady gatnaşyklar barada maglumat almakda, şeýle hem dünýä biliminiň we ylmynyň gazananlary bilen tanyşmakda örän uly ähmiýetli çäredir. Garaşsyz döwletimizde okuw mekdepleriniň hemmesinde häzirki zaman kompýuter otaglary indi barha köpelýär.

“Agzybir halkymyz bilen ýurduň içinde hem çözmeli meselelerimiz az däl. Şunuň bilen birlikde, biz bilim ulgamynda özgertmelere başlarys. Mekdeplerimizi on ýyllyk edip, üç dili öwretmäge, hünär öwrediş hem bedenterbiýe sapaklaryny okatmaga uly üns bereris. Bu ýerde baş maksadymyz biziň orta bilim hakyndaky şahadatnamalarymyzyň dünýä ýüzünde ykrar edilmegini gazanmakdan ybarat bolar. Ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplarymyzyň sanyny artdyrarys, welaýat merkezlerimizde täze ýokary okuw mekdepleri gurarys. Ýokary okuw mekdeplerimizde halkara ülňülerine laýyk gelýän hünärmenleri taýýarlamagy ýola goýarys. Olaryň diplomlarynyň halkara derejesinde ykrar edilmegini gazanarys. Ykdysadyýetimiz üçin zerur hünärmenleri başga ýurtlarda hem okadarys.” diýip, milli Liderimiz 2007-nji ýylda aýdypdy. Eýýäm 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ine Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky Permana gol çekdi. Bu Perman bolsa il, ýurt bähbitli uly syýasy, ykdysady, durmuşy beýik işleriň, maksatnamalaryň anyk çözgüdi we başlangyjy boldy. Permanda 2007-2008-nji okuw ýylynyň sentýabr aýynyň 1-inden okatmak möhleti: orta mekdeplerde – 10 ýyl; ýokary okuw mekdeplerinde 5 ýyl, lukmançylygyň we sungatyň aýratyn hünär ugurlary boýunça – 6 ýyl diýip bellenildi. Türkmenistanyň Prezidenti 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ine çykaran Permanynyň yzysüre şol Permandan gelip

çykýan wezipeleri durmuşa geçirmek maksady bilen “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda” Karara gol çekdi. Okuw derslerini talaba laýyk, döwrebap okatmak, okuw-görkezme esbaplaryny taýýarlamak, ulanmak we beýleki okuw işlerine gözegçilik etmek, sapakdan daşary çäreleri geçirmek üçin goşmaça wagt sarp edilýändigi sebäpli bilim ulgamynyň ähli görnüşdäki mekdeplerinde mugallymlaryň hepdelik iş ýüki (24 sagat) dünýä tejribesiniň talaplaryna laýyk getirildi. Ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň iş ýükleriniň üçden bir essä golaýy azaldylyp, 850 sagat möçberinde bellenildi. Bu çäre hem ýokary okuw mekdeplerinde okuw, guramaçylyk-usuly, ylmy-barlag, terbiýeçilik işlerini has netijeli, düýpli, göwnejaý, geçirmäge doly ýardam berdi. Okuwçylara dünýä ülňülerine laýyk gelýän derejede bilim almakda ähli şertleriň döredilmegini üpjün etmek üçin orta mekdeplerde synplaryň dolulygynyň ortaça sanyny 25 okuwçydan diýip kesgitlenmegi, egerde okuwçylaryň sany 1-3 synplarda 30-dan, 4-10 synplarda 34-den köp bolan ýagdanynda ugurdaş synplary açmaga rugsat berilmegi, mekdebe çenli çagalar edaralarynda toparlaryň dolulygynyň çägini 1-3 ýaşly bakja toparlarynda 15-20 çaga, 3-7 ýaşly bag toparyhda 20-25 çaga diýip kesgitlenmegi körpeler bilen alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik, guramaçylyk işleriniň hilini, netijeliligini has ýokary derejelere götermäge mümkünçilik berdi. Medeni çäklerden uzakda ýerleşýän obalarda, demir ýol ýakasynda ýaşaýan we başlangyç bilim alan çagalaryň ýokary synplarda okuwlaryny dowam etdirmek maksady bilen welaýatlarda mekdep-internatlaryny açmak, ýaşlary ýokary mekdeplerine kabul etmekde giriş synaglaryna gaýdyp gelinmegi, daşary ýurtlaryň orta bilim babatda gazanan tejribesini we ýurdumyzda ýörite kär, hünär berýän hünärmen mekdepleriň barlygyny nazara alyp, 7-9-njy synplarynyň okuw meýilnamalaryndan hünär okuwynyň aýrylmagy, muňa derek ýaş nesle jemgyýetimiziň ösüş kanunlaryny, hukuk, ahlak, ykdysady, syýasy, ekologiýa medenýetini öwretmeklik bellenildi. Orta bilimli ýaşlaryň mekdebi tamamlan ýylyndan soňra okuwa girmegine rugsat berilmegi, il-ýurt bähbitli çäreler boldy. Bi-

limi we ylmy kamilleşdirmegiň hem-de ösdürmegiň, ýagny “Bilim” syýasatynyň ilkinji tapgyrynyň örän şowly, öz wagtynda, diýseň ýerine düşendigi taryhy wakadyr.

Türkmenistanyň Prezidenti 12 ýyllyk umumy orta bilime geçmek barada 2013-nji ýylyň 1-nji martynda Permana gol çekdi. Onda şeýle diýilýär: «Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmek, çuňňur bilimli, giň gözýetimli, zehinli, Watana, halka wepaly, ruhubelent, maksada okgunly zähmetsöýer şahsyýetleri kemala getirmek, häzirki zaman innowasion tehnologiýalaryndan oňat baş çykarýan, başarjaň hünärmenleri taýýarlamakda has ýokary netijeleri gazanmak...» Bu sözleriň üstüne goşara we aýrara zat ýok, örän jaýdar we wagtynda kabul edilen Perman. Bilim ähli ösüşleriň özenidir, bu babatda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow öz çykyşlarynda, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde hem-de öz eserlerinde elmydama giňden belleýär. 12 ýyllyk umumy orta bilim daşary ýurtlar bilen aýakdaş ýöremek üçin we dünýä ülňülerine doly gabat gelýän bilim bermek üçin örän wajypdyr. Dünýäde iň ýokary ykdysady netijelere Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Ýaponiýa, Italiýa, Hytaý Halk Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, Braziliýa, Hindistan we beýleki ösen döwletler bilimiň we ylmyň gazananlarynyň esasynda eýe boldular. Sebäbi bilim we ylym ähli ösüşleriň, ýetilen beýik-beýik ykdysady netijeleriň esasy we özenidir. Milli Liderimiz 2007-nji ýylyň mart aýynyň 16-syna Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Mejlisinde bilime, ylma degişli meseleleriň birnäçesiniň üstünde durup geçdi. Ýaşlara bilim, ylym öwretjek, tälim berjek mugallymlara, alymlara kandidatlyk, doktorlyk ylmy derejelerini almaklyga mümkünçilik döredildi. Indi ýurdumyza ahli gerek bolan hünärler boýunça aspirantura we doktorantura kabul edişlik dowam edýär. 2009 we 2010-njy ýyllarda kabul edilýänleriň sany 2008-nji ýyl bilen deňeşdireniňde bolsa eýýäm iki esse köpeldildi.

Bilim ulgamynda ýaşlara bilim bermegiň hilini, derejesini ýokarlandyrmakda geçirilýän çäreler yzygider dowam edýär. Mysal

üçin, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanylýan hünärleriň okuw meýilnamalaryna sosial-gumanitar dersler girizildi.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasyny döretmek, käbir ýokary okuw mekdeplerinde – Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, S.A.Nyýazow adyndaky türkmen oba hojalyk uniwersitetinde, Türkmen döwlet binägärlik-gurluşyk, Türkmen döwlet nebit we gaz hem-de Türkmenistanyň Ulag we aragatnaşyk institutlarynda harby kafedralaryň döredilmegi hem-de Daşoguz welaýatynda agrosenagat toplumyna degişli ugurlar, hünärler boýunça ýokary okuw mekdebiniň açylmagy, şonuň ýaly hem etraplarda, welaýatlarda orta hünär okuw mekdepleriniň açylmagy düýpli ädimlerdir. Bu çäreleriň hemmesi ýaşlara çuňňur bilim bermekden, ylmyň derejesini has ýokary götermekden, olaryň gazananlaryny halk hojalygynyň ähli pudaklarynda doly peýdalanmakdan, ösen döwletleriň hatarynda durmakdan, daşary syýasy we ykdysady halkara gatnaşyklary döwrebap guramakdan ybaratdyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda üýtgedip gurmak özgertmeleri talaba laýyk geçirilýär, esasan hem hünärmenleri saýlap-seçip almak, olary öz käri, hünäri, ugry boýunça halk hojalygynyň ähli pudaklarynda, toplumlarynda ulanmak göwnejaý guralýar. Muny döwletimiziň raýatlarynyň hemmesi goldaýarlar, sebäbi ýurduň ykdysadyýetini güýçli depginler bilen ösdürmek üçin ilki bilen öz işini bilýän işgärler gerek. Bu ýurdy ygtybarly, netijeli dolandyrmakda esasy wezipedir.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy, hemaýaty, paýhasy bilen dikeldilen türkmen bilimi we ylmy ozal akan ýerinden akyp başlady. Täze ugurlar boýunça hünärmenleri taýarlamak, ylmy bäsleşikleri geçirmek, ylmy-barlag işleri giňeltmek, ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny artdyrmak üçin maliýe serişdeleriniň köpelmegi öz netijesini berdi. Ýörite Perman esasynda her ýylyň 1-nji sentýabry Bilimler we 12-nji iýuny Ylymlar güni diýlip, döwlet derejesinde yglan edildi. Bilimi ygtybarly, durnukly ösdürmekde, onuň gerimini giňeltmekde halkara gatnaşyklary esasy, aýgytlaýjy zerurlyklaryň biridir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň çäginde birnäçe ýyl bäri her ýyl mekdep dersleri, kompýuter tehnologiýasy boýunça geçi-



5. Sargyt № 590.

rilýän bäsleşikler we halkara olimpiadalary täze zehinleri ýüze çykarýar. Daşary ýurtlarda – Russiýa Federasiýasynda, Eýran Yslam Respublikasynda, Türkiýe, Päkistan, Ukraina, Belorus döwletlerinde, Ýewropa ýurtlarynyň birnäçesinde mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilýän olimpiadalara türkmenistanly ýaşlar ýylyň ýylyna gatnaşýarlar. Olar altyn, kümüş we bürünç medallara mynasyp bolýarlar. Mysal üçin, Aşgabatda himiýa dersi boýunça 43-nji halkara Mendeleýew bäsleşigi geçirildi. Bu bäsleşige ýaşlaryň 90-a golaýy gatnaşdy. Türkmenistanly okuwçylar altyn, kümüş we bürünç medallara mynasyp boldular. Bilim we ylym ulgamynda Türkmenistanyň halkara at-abraýynyň artýandygy bu gün hemmä äşgärdir. Bilim we ylym boýunça guralýan  sergiler, bilelikde geçirilýän ylmy maslahatlar, konferensiýalardyr forumlar bu halkara, döwlet derejeli işiň mazmunyny, ykdysady we syýasy netijeliligini has-da beýgeldýär.

## VII BAP. BERKARAR DÖWLETIŇ BAGTYÝARLYK DÖWRÜNDE DAŞARY SYÝASAT

Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde ýurdumyzyň ykdysady, syýasy taýdan ösüş depginleriniň örän ýokary bolmagy, Garaşsyzlygyň we Türkmenistanyň turuwbaşdan geçirýän hoşniýetli, dostlukly, özara bähbitli we ygtybarly “Açyk gapylar” syýasatynyň aýdyň miwesidir. Türkmenistan bilen daşary ýurt döwletleriniň arasyndaky ykdysady we syýasy gatnaşyklar günsaýyn ösýär we pugtalanýar. Soňky döwrüň içinde döwletara gatnaşyklar ýygjamlaşýar. Ýurdumyza daşary ýurt döwlet ýolbaşçylarynyň iş we resmi saparlary, ylym, bilim, medeniýet, saglygy goraýyş sport, syýahatçylyk, oba hojalygy, ulag, aragatnaşyk we beýleki ugurlar boýunça döwletara wekilleriniň we işçi toparlarynyň saparlary bolup dur. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2009-njy ýylyň 19-njy fewralynda we 2010-njy ýylyň dekabr aýynda daşary ýurtlarda işleýän Adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçilerimiz bilen duşuşan mahalynda buýsanmak hem-de guwanmak bilen daşary syýasy we ykdysady

gatnaşyklarymyzyň giňeýändigini, pugtalandygyny bellemek bilen edilmeli işleriň, öňde duran wezipeleriň hem uludygyny nygtady. Bu wezipeleriň bir kemsiz ýerine ýetirilen wagtynda Türkmenistanyň at-abraýynyň has-da artjakdygyny, beýgeljekdigini belledi. Şonuň üçin hem hormatly Prezidentimiz diplomatiýa işiniň derejesini ýokarlandyrmak, kämilleşdirmek üçin geljekki ýyllarda edilmeli işleriň meýilnamasyny düzmegi ilçilermize tabşyrdy. Olaryň öňünde uly wezipeleri goýdy. Elbetde, bu öňde goýulan wezipeler tötänden däldir, häzir biziň ýurdumyz 129 döwlet bilen diplomatiki we 100-e golaý döwlet bilen ykdysady gatnaşyklary alyp barýar. Soňky ýyllarda ýurdumyzda halk hojalygynyň dürli ugurlaryna bagyşlanyp geçirilen halkara sergileri hem-de maslahatlary, olara gatnaşyjylaryň we döwletleriň sanynyň ýyl-ýyldan köpelmegi Türkmenistanyň halkara at-abraýynyň barha artýandygyndan habar berýär.

Sergileriň sany diňe bir öz ýurdumyzda däl, Türkmenistanyň daşary ýurtlarda guraýan sergileriniň sany köpelýär. Elbetde, bu geçirilýän sergiler, ylmy maslahatlar ýurduň ykdysady we syýasy derejesini häsýetlendirýär, pudagara ösüşleriň sazlaşykly, gyradeň ýagdaýda, uly depginler bilen öňe barýandygyny subut edýär.

Hormatly Prezidentimiziň halkara abraýynyň ýyl-ýyldan artmagy mynasybetli birnaçe halkara derejeli sylaglara mynasyp bolmagy hem, onuň Baştutanlygynda ýurdumyzda bitirilen ägirt uly ykdysady işleriň netijesidir we ykrar edilmegidir. Hormatly Prezidentimize Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň – UNESKO-nyň Baş direktory jenap Koiçir Masuurany “Awisenna” diýen Altyn medaly gowşurmak üçin ýörite sapar bilen Aşgabada gelip, bu sylaga milli medeniýetimizi ösdürmeklige, medeni-taryhy ýadygärlikleri aýawly saklamaklyga, UNESKO bilen hyzmatdaşlygy has-da ösdürmeklige goşan goşantlary üçin mynasyp bolandygyny uly hormat goýmak bilen belledi. Hormatly Prezidentimiz bütindünýä jemgyýetinde parahatçylyk, howandarlyk, ynsanperwerlik, agzybirlik syýasatyny ösdürmekde bitiren uly hyzmatlary üçin köpsanly daşary döwletleriň Ylymlar akademiýalarynyň

hormatly akademikligine we ordenlerine hem-de medallaryna en-çeme gezek mynasyp boldy. Munuň ýaly örän ýokary derejeli atlar, abraýly sylaglar dünýäde syýasy, ykdysady babatda iň öňde barýan, ösen döwletleriň ýolbaşçylaryna mynasyp görülýär.

Hormatly Prezidentimiz dünýä jemgyýetiniň ösmeginde ykdysady, syýasy teklipler, başlangyçlar bilen çykyş edip gelýär. Milli Liderimiz olary durmuşa geçirmekde howandarlyk, ruhy we maddy taýdan hemaýat etmekde bitirýän işlerini bütin dünýä ykrar edýär.

Soňky ýyllarda bilim we ylym ulgamynyň aýry-aýry ugurlary boýunça hünärmenleri, ylmy işgärleri, aspirantlary taýýarlamak, doktorantlary, orta we ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň, döredijilik işgärleriniň, bilim we ylym babatda özara halkara gatnaşyklary günsaýyn ösdürilýär. Türkmen ýaşlary mekdep dersleri, kompýuter tehnologiýasy boýunça geçirilýän bäsleşiklere we halkara olimpiýadalaryna birsyhly gatnaşýarlar. Bu bolsa täze zehinleri ýüze çykarýar. Şonuň ýaly hem türkmen ýaşlary sportuň küşt, şaşka, futbol, göreş, sambo ýaly görnüşleri boýunça geçirilýän ýaryşlarda üstünlikli çykyş edip, baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar. Ýurdumyzda gurlan we gurulýan sport desgalary diňe bir Aşgabat şäherinde bolman, olar welaýat merkezlerinde, etraplarda hem gurulýar. Bina edilýän stadionlar, suw howdanlary, bedenterbiýe we sport toplumlary, awtodromlar, welotrekler, aýlawlar, olimpiýa sport şäherçesi, dynç alyş öýleri, seýilgähler, bular diňe bir sporty ösdürmekde, raýatlaryň saglygyny berkitmekde uly ähmiýeti bolman, bu desgalar halkara medeni, ykdysady we syýasy gatnaşyklary giňeltmekde-de, ýaşlaryn arasynda terbiýeçilik işlerini döwrebap, ýokary derejede guramakda-da örän uly ähmiýete eýedir. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň çäginde we daşynda geçirilýän sport çäreleriniň, halkara ýaryşlarynyň mazmuny, görnüşi, guralyşy düýpgöter täze derejelere çykdy. Olaryň dünýä ülňülerine laýyk gelmegi türkmen türgenleriniň daşary ýurt sport arenasyna çykmagyna giň ýol açdy.

Türkmenistanda tebigy gazyň ilkinji senagat akymynyň alynmagy merkezi Garagumda 1959-njy ýylda başlanypdy. Ondan bäri birnäçe gazly we gazkondensatly ýataklaryň üsti açyldy. Häzir Türk-

menistan gazyň gorlary we çykaryp almagyň möçberi boýunça dünýäde esasy orunlaryň birini eýeleýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda öndürilýän umumy içerki önümiň 11 göterimden köprägi gaz senagatynyň paýyna düşýär. Uzak möhletleýin, uly möçberli täze gaz geçirijileriniň taslamalarynyň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Şu günler täze taslama "Türkmengaz" döwlet konserniniň "Gündogar-Günbatar" gaz geçirijisiniň taslamasyny üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu gaz geçirijiniň uzynlygy 800-1000 kilometre barabar bolup, onuň ýylda 30 milliard kubmetr gazy geçirmäge mümkünçiligi bolar.

Ýurdumyzda häzir halkara medeni, ylym, bilim we insanperwerlik gatnaşyklaryna hem giň ýol açyldy. Türkmenistan Russiýa Federasiýasy, Özbegistan Respublikasy, Türkiýe döwleti we başga-da birnäçe daşary ýurtlar bilen özara ylalaşyklara gol çekdi. Ol ylalaşyklar esasynda şol döwletlerde Türkmenistanyň medeniýet günleri, şeýle hem olaryň medeniýet günleri Türkmenistanda geçirilýär. Mysal üçin, Russiýa Federasiýanyň Sankt-Peterburg şäherinde Türkmenistana bagyşlanan konferensiýa bolup geçdi. Saud Arabystan Patyşalygynda Türkmenistanyň medeniýet günleriniň geçirilmegi we beýleki çäreler guwandyryjy ýagdaýdyr. Türkmenistanyň paýtagty, ak şäherimiz Aşgabat ylym-bilim, gumanitar we ykdysadyýetiň ähli ugurlary, pudaklary boýunça resmi duşuşyklaryň, maslahatlaryň, forumlaryň, sergileriň geçirilýän merkezine öwrüldi. Yslam Ösüş bankynyň Aşgabatdaky sammiti, birnäçe döwletleriň pudagara komissiýalarynyň duşuşyklary bolup geçdi. Bu dostlukly, hoşniýetli, döwletara, goňşuçylykly gatnaşyklar türkmen syýasatynyň halkara derejesinde ykrar edilmegidir. Ýurdumyzda her ýylyň 18-nji maýynda Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni bellenilýär. Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynda beýik türkmen şahyrynyň, gündogaryň görnükli akyldarynyň ýadygärliginiň açylyş dabarasy boldy. Bu ýadygärlik we munuň şanyna döredilen ýadygärlik medaly Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň halklarynyň arasynda mizemez dostlugyň, arkadaşlygyň simwolyna öwrüldi. Türkmen halky üçin iň bir ýakymly, buýsançly wakalaryň ýene-de biri, milli Liderimiziň, bu ýadygärlik medalynyň 1-nji belgi-

si we I derejeli – “Raýatlyk hyzmatlary üçin” diýen hormatly nyşan bilen sylaglanmagydyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkyň parahat, abadan, eşretli durmuşda ýaşamagy üçin edýän esasy aladalarynyň biri hem ilata edilýän transport hyzmatlarydyr. Has takygy Aşgabat şäherinde, welaýat merkezlerinde, etraplarda, şäherara, etrapara, obalara awtobus gatnawlary kadaly ýola goýuldy. Ulag-kommunikasiýa infrastrukturasy ösdürilýär. Onuň maddy-tehniki bazasy döwrebaplaşdyrylýar. Şu maksady bilen Russiýa Federasiýasy, Eýran, Germaniýa, Günorta Koreýa we beýleki döwletlerden hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ululy-kiçili hemme amatlyklary bolan dürli kysymly ýolagçy awtobuslary satyn alyndy. Bu il bähbitli işleriň ähmiýeti ykdysady taýdan hem çäksiz uludyr. Raýatlaryň saglygy, işe, durmuşa, zähmete bolan höwesleri, hyjuwlary, zähmet öndürüjilikleri, durmuş üpjünçiligi ulag ulgamyna, esasanam, awtobuslaryň gatnawlaryna, hyzmatlaryna gönüden-göni baglydyr.

Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde syýasy, ykdysady gatnaşyklary babatda uly-uly üstünliklere we ykdysady ösüşlere eýe boldy. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda kabul edilen köp sanly il-ýurt bähbitli syýasy we ykdysady meýilnamalaryň biri hem “Açyk gapylar” syýasatydyr. “Açyk gapylar” syýasatynyň Türkmenistanyň gülläp ösmeginde orny uludyr. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy geljekki ýakyn ýyllarda batly depginler bilen ösdürmek üçin öňde goýan döwlet derejeli maksatnamalarynyň içinde ileri tutulýan wezipeleriň biri hem halkara syýasy we ykdysady gatnaşyklara giň ýol açmakdyr we ony ösdürmekdir, ösen döwletleriň hataryna goşulmakdyr.

Ýeri gelende bellesek, milli Lidermiz daşary döwletlerde işleýän ilçilerimiziň ýaşaýyş, maddy-hal ýagdaýlary, iş şertleri barada gyzyklanyp durýar. Bu diplomatiýa işiniň iň ýokary derejede, täzeçe, döwrebap guralýandygyny aňladýar. Hormatly Prezidentimiz Özbegistan Respublikasyna resmi sapar bilen baran mahalynda Daşkent şäherinde Türkmenistanyň ilçihanasynyň kaşaň, döwrebap täze

jaýyny açyp bermegi hem örän tolgundyryjy, ýurdumyzyň halkara abraýyny ýene-de bir gez ýokary göterýän, ýatdan çykmajak taryhy waka boldy.

Türkmen döwleti, halky indi öz gazananlaryna buýsanmaga haklydyr, birnäçe ýyldan bäri, has takygy milli ykdysadyýetimiziň ortaça ýyllyk ösüş depginleri XXI asyryň ilkinji ýyllaryndan başlap ýokary göretilip başlady. Daşary ýurtlar bilen däbe öwrülen özara dostlukly ykdysady gatnaşyklar pugtalanýar. Mysal üçin, 2009-njy ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda daşary söwda dolanyşygy 2008-nji ýylyň şol döwri bilen deňeşdireniňde 76 göterim ýokarlandy. Eksport importdan 2,9 esse köp boldy. 2009-njy ýylyň ilkinji iki aýynda 2008-nji ýylyň iki aýy bilen deňeşdireniňde maýa goýumlaryň ähli görnüşi 2,1 esse artdy. Indi ýurdumyz öz içinde öndürilýän ähli çig mallary gaýtadan işleýän, köp ugurly ykdysadyýeti bolan ýokary depginler bilen ösýän döwlete öwrüldi. Halkymyzyň maddy-hal ýagdaýy ýyl-ýyldan ýokary derejelere galýar. Türkmenistanda ortaça aýlyk zähmet haky 2009-njy ýylyň fewral aýynda geçen ýylyň fewral aýyndaky görkezijiden 12,4 göterim ýokary boldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda täze dörän kärhanalar hem, işe girizilen zawod-fabrikler barmak basyp sanardan köpdür. Diňe dokma senagatynda gurlan we işe girizilen kärhanalaryň sany 25-e golaýdyr. Azyk senagaty döwlet birleşigi boýunça gurlan we işe girizilen kärhanalaryň sany has hem köpdür. Olaryň jemi sany 55–e ýetýär. Bu kärhanalarda daşary ýurtlardan getirilen, iň täze tehnologiýalar, ýokary öndürijilikli enjamlar, şonuň ýaly hem ýerine ýetirilýän işleri dolandyrmak üçin dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary derejeli dolandyryş-tehniki serişdeler we kompýuterler ornaşdyrylandyr.

Döwletimiziň “Açyk gapylar” syýasatyna ilkinjileriň hatarynda seslenen, doganlyk elini uzadan Türkiýe döwletidir. Eýýäm 1991--nji ýylda, Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan bir aý soňra Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda ilkinji ylalaşyga gol çekildi. Iki dostlukly döwletiň arasyndaky ylalaşyklaryň we şertnamalaryň sany ýyl-ýyldan köpelip, geçen döwrüň içinde beýik-beýik işleriň meýilnamalaryň, taslamalaryň  ýüzlerçesi ka-

bul edildi we ýerine ýetirildi. Ýokardaky aýdanlarymyzy subut etmek üçün şu aşakdakylary mysal edip bolar. Garaşsyzlygymyzyň 14 ýyllyk toýunyň öň ýanynda birnäçe beýik ymaratlaryň açylyş dabarasy boldy – Merkezi Aziýada iň uly, kaşaň, diýseň owadan Sergiler köşgi, Türkmenistanyň döwlet "Daşaryykdysadybankyň", döwlet täjirçilik "Daýhanbankynyň" täze jaýlary, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş drama teatry, Türkmen döwlet gurjak, Alp Arslan adyndaky ýaşlar teatrlary, welaýat merkezlerindäki "Ene mähri" anyklaýyş merkezleri, Ruhyýet köşkleri, teatrlar we başga-da birnäçe medeni, sport, binalary, ähli amatly şertleri döredilen köpgatly ýaşaýyş jaýlarynyň önümçilik we durmuş maksatly desgalaryň birnäçesi ulanylmaga berildi.

Halkara ylalaşyklaryň esasynda Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň bank ulgamynyň durky täzelendi, ýagny Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, döwlet täjirçilik "Türkmenbaşy", "Halkbank", "Türkmenistan" banklarynyň, paýdarlar täjirçilik "Senagat" bankynyň, 2001-nji ýylda işe girizilen Türkmenistanyň "Prezidentbank" täjirçilik bankynyň, Türkmenistanyň "Garagum" halkara paýdarlar bankynyň, şonuň ýaly hem türkmen-türk täjirçilik bankynyň jaýlary döwrüň talabyna laýyk gurlan we müşderilere hyzmat etmek üçin hemme şertler döredilen banklardyr.

Türkmenistanyň halkara abraýynyň artýandygyny ýurdumyzda geçirilen «Maliýe ulgamynyň globallaşmagy we durnukly ösüşiň sebitara ölçegleri» atly halkara forumy ýene-de bir gezek tassyklaýar. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe täze edaralaryň, institutlaryň emele gelmegi. ösmegi, berkemegi hem hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň dünýäniň ähli döwletleri bilen alyp barýan kämil, açyk we aýdyň daşary syýasatynyň miwesidir. Häzir öz halky, ýurdy üçin hyzmat edýän, il-ýurt bähbitli daşary syýasaty alyp barýan Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky türkmen milli instituty hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty, Türkmenistanýň Demokratik Partiýasy, Türkmenistanyň "Daşaryykdysady" banky,

daşary ýurt söwda edaralary, Türkmenistanyň söwda-senagat edarasy we başgalar döwrebap iş alyp barýarlar. Olar Türkmenistanda halkara syýasy, ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde örän uly işleri we wezipeleri ýerine ýetirýärler. Häzirki wagtda biziň ýurdumyzda 30-a golaý döwletiň wekilhanalary örän wajyp, halkara diplomatiýasyna degişli işleri, özara, birek-birege bähbitli, peýdaly dostlukly hyzmatdaşlygy alyp barýarlar. Dünýäniň birnäçe ösen döwletlerinde biziň döwletimiziň diplomatiki missiýany ýerine ýetirýän ilçihanalarynyň hem sany 30-dan geçendir.

Türkmenistan häzir daşary ýurt döwletleriniň 129-y bilen diplomatik we 42 sany halkara edaralary bilen syýasy hem-de ykdysady gatnaşyklary alyp barýar. Milli Lidermiz halkara diplomatik işleri täzeçe, döwrelaýyk guraýar. Daşary ýurt ilçihanalarynyň ilçileri türkmen döwletiniň öz raýatlary ýaly doly erkinlikden, açaçanlykdan, ynamdan, sylagdan, hormatdan peýdalanýarlar. Ilçileriň ýurdumyzda geçirilýän ululy-kiçili, döwlet derejesindäki toýlara, baýramçylyklara, şanly senelere gatnaşmaklary munuň aýdyň şaýadydyr. Milli Lidermiziň bu ýörelgesi halkara hyzmatdaşlygynyň derejesiniň ýokary göterilýändiginiň, onuň many-mazmunyny baýlaşdyrmagyň, kämilleşdirmegiň täze ýoludyr. Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň syýasy, ykdysady binýadyny ösdürmekde, berkitmekde ýokarda aýdanlarymyzdan başga-da ýurdumyzda geçirilýän ylmy maslahatlar, sergiler we beýlekiler döwletimiziň halkara abraýyny artdyrmakda uly ähmiýete eýedir.

Diňe 2008-nji ýylda olaryň sany 19-a ýetdi, käbir aýlarda geçirilýän sergileriň we forumlaryň sany 2–3-e hem ýetýär. 2013-nji ýylyň birinji çärýeginde birnäçe halkara ylmy maslahatlar, forumlar we sergiler geçirildi. Halkara ylmy maslahatlara, sergilere we forumlara dünýäniň ähli künjeginden: Aziýa, Afrika, Ýewropa, Amerika yklymlaryndan we beýleki ýurtlardan gelen alymlar, işewir adamlar, myhmanlar gatnaşdylar.

Türkmenistan ýakyn ýyllarda dünýa bazarynda energiýa serişdelerini esasy iberijileriň biri bolmak bilen, şol serişdeleriň möçberini has-da artdyrmaga örän uly mümkinçilikleri bar. Muňa häzir

«Galkynyş adyny» alan täze Günorta Ýolöten, Osman we Ýaşlyk gaz ojaklarynyň açylmagy, türkmen-hytaý halkara gaz geçirijisi we başgalar mysal bolup biler. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň daşary ýurtly hyzmatdaşlary uzak möhletleýin, ygtybarly, birek-birege peýdaly, özara ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine uly gyzyklanma we ynam bildirýärler. Türkmen paýtagtyna gelen ýurtlaryň sany öňki ýyllar bilen deňeşdireniňde has-da köpeldi, energetika we nebit-gaz toplumyna bolan garaýyş, gatnaşyk düýpgöter üýtgedi. "Türkmenistanyň nebiti we gazy-2008" atly halkara sergisine we "Täze eýýamda Türkmenistanyň nebitgaz senagatynyň ösüşi" atly ylmy maslahatyna gelen myhmanlaryň arasynda Ýewropa Bileleşiginden, Russiýa Federasiýasyndan, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Beýik Britaniýadan, Germaniýadan, Awstriýadan, Italiýadan, Fransiýadan, Malaýziýadan, Norwegiýadan, Hytaýdan, Ýaponiýadan, Eýrandan, Türkiýeden, Hindistandan, Owganystandan, Azerbaýjandan, Gazagystandan, BAE-den, Saud Arabystanyndan, we ýene-de birnäçe beýleki döwletlerden gelenler bar. Ýurdumyz dünýäniň tebigy gazyň gorlaryna örän baý mekandyr. Şonuň üçin hem daşary ýurtly myhmanlar, alymlar we bilermenler Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetinde özüniň nebitiniň, gazynyň gorlary boýunça ilkinji orunlarda durýandygyny we onuň gelejeginiň dünýä bazarynda örän uludygyny bellediler. Beýle sergi-ýarmarkalary we ylmy maslahatlary her ýyl geçirmek indi bizde däbe öwrüldi.

Türkmen döwletiniň abraýyna abraý goşýan we onuň diplomatiýa işinde hem-de daşary syýasatyna uly üstünliklere eýe bolmagyna getiren bu başlangyjyň hem BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzalarynyň 5-siniň – Russiýanyň, Hytaýyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň, şeýle hem Ýewropa Bileleşiginiň, Merkezi Aziýanyň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän döwletleriň we Türkmenistanyň öňden gelýän hyzmatdaş döwletleriniň – Eýranyň, Turkiýäniň, Päkistanyň, Hindistanyň, şonuň ýaly hem birnäçe arap döwletleriň goldawyna eýe bolmagy guwandyryjydyr.

Dünýewi, hukuk, we demokratik Türkmenistan döwletimiz tarapyndan alnyp barylýan daşary syýasatymyz ýyl-ýyldan gülläp ösýär. Uly depginler bilen ösýän ykdysadyýetimiz, gazanylan ykdysady garaşsyzlygymyz, halkara abraýymyz, hemme adamlara zerur Garaşsyzlyk we baky Bitaraplyk syýasatymyz biziň hemmämiziň ata Watana, milli Lidermize bolan söýgümizi, guwanjymyzy, buýsanjymyzy, ynanjymyzy artdyrýar. Ýurdumyza daşary ýurtly işewür adamlaryň, kompaniýalaryň, döwletleriň wekilleriniň, ýolbaşçylarynyň iş we resmi sapar bilen gelmekleri, olaryň özara ykdysady, syýasy hyzmatdaşlyk barada baglaşýan ylalaşyklary, şertnamalary Türkmenistanyň halkara abraýynyň günsaýyn giňelýändiginiň hem-de artýandygynyň ýene-de bir subutnamasydyr. Mysal üçin, polat ýollary gurmakda çäksiz uly işleriň edilendigini bellemelidiris. Işe girizilen polat ýollaryň diňe bir biziň ýurdumyz üçin bähbitli bolman, eýsem ol halkara syýasy we ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde-de uly ähmiýete eýedigini bellese bolar. Türkmenistan Diýarymyzyň düýnki, şu günki we ertirki güni, halkymyzyň eşretli ertiri barada aýdara zat örän kän. 20 ýylyň içinde okgunly ösüşini ykdysadyýetiň ähli ugurlarynyň öz içine alýan ýeten sepgitlerimizi, gazanan üstünliklerimizi wasp etmek üçin bir makala, kitap hem ýeterlik däldir. Köp sanly ylym we bilim işgärleriniň, döredijilik işgärleriniň galamynyň astyndan guwançly, buýsançly waspnamalar ilimize ýetiriler.

## VIII BAP. GARAŞSYZ TÜRKMENISTANYŇ MILLI YKDYSADY MODELI

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň gazanan ykdysady we syýasy ösüşleri halkyň ýaşaýyş, durmuş-hal ýagdaýyny, onuň derejesini ep-esli ýokary göterdi, ýurdumyzda azyk garaşsyzlygy doly gazanyldy.

Her bir ýurduň, döwletiň ykdysady potensialy, onuň güýç-kuwwaty ýurduň ykdysadyýetiniň kämilligi, durnuklylygy, ösüş depgini, halkyň hal-ýagdaýynyň ösüş derejesi bilen kesgitlenýär we häsiýet-

lendirilýär. Bular Garaşsyz döwletimiziň milli ykdysady modeliniň mazmunyny düzýär. XXI asyryň ilkiji ýyllarynda Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan gysga döwrüň içinde durmuş, ykdysady we syýasy taýdan çäksiz uly üstünliklere eýe boldy.

Ony şeýle düşündirmek bolar. Ykdysady ösüşleri, üstünlikleri gazanmak üçin ilki bilen işi ylmy taýdan guramak gerek. Işi guramagyň usullaryny, ýollaryny saýlap almak we olary yzygiderli kämilleşdirmek hem hökmanydyr. Ony guramaklyga doly we kämil ýolbaşçylyk etmek has hem zerurdyr. Aýry-aýry, ykdysady we syýasy üstünliklere eýe bolan döwletleriň – ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň, Germaniýanyň, Fransiýanyň, Ýaponiýanyň, Italiýanyň, Russiýa Federasiýasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Şwesiýanyň we beýleki ýurtlaryň öz çäginde hereket edýän öz ykdysady modeli, öz ýoly bar. Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan saýlap alan ykdysady modeli, öz ýoly bilen maksada okgunly öňe barýar.

Türkmenistanyň beýleki ýurtlaryňka meňzeş bolmadyk ykdysady modeliniň öz aýratynlygy bardyr. Türkmenistanyň ykdysady modeliniň esasy aýratynlygy hakykatdan hem ýurdumyzda amala aşyrylýan işleriň, gazanylan ykdysady netijeleriň raýatlaryň her biri üçin niýetlenýänliginden ybaratdyr. Deň derejede ýaşaýyş-durmuş şertlerini döretmekden, ilaty täze iş ýerleri bilen üpjün etmekden, ýagny täze-täze beýik binalary, ymaratlary, zawoddyr fabrikleri, agrosenagat toplumlaryny, halk hojalygynyň ähli pudagyny deň derejede ösdürmekden ybaratdyr. Garaşsyzlygymyzyň 21 ýylynyň içinde nebit-gaz we energetika toplumy, dokma senagaty, agrosenagat toplumy, gurluşyk, gurluşyk materiallary senagaty, ulag we aragatnaşyk infrastrukturasy, bilim, ylym, saglygy goraýyş ulgamy, medeniýet we beýleki pudaklar güýçli, durnukly depginler bilen ösdi we ösýär.

Ýurdumyzda işe girizilen önümçilik maksatly kärhanalaryň, fabrikleriň sany ýurt Garaşsyzlygymyzdan ozalky döwürde, ýagny 1924-1990-njy ýyllarda, bary-ýogy 115 sany bolan bolsa, Garaşsyzlyk ýyllarynda olaryň sany 1000-den hem geçdi. Aşgabat şäheri, welaýatlar boýunça 1991-2012-nji ýyllar aralygynda gurlan önümçilik kärhanalarynyň sany deňölçegli ýagdaýda, ýagny her

welaýatyň adam resurslary, önümçilik potensialy we beýleki önümçilik şertleri göz öňünde tutulyp, önümçilik kärhanalarynyň gurluşygy meýilnamalaşdyryldy hem-de olar bina eildi. Ýurdumyzyň öz hususy we daşary ýutlaryň maýa goýumlarynyň hasabyna gurluşyk işleri we gurluşyk materiallarynyň öndürilişi örän ýokary depgiler bilen ösýär. Olar Aşgabat şäherinde – 84, Ahal welaýatynda – 134, Balkan welaýatynda.-123, Daşoguz welaýatynda – 98, Lebap welaýatynda – 169, Mary welaýatynda – 90 sanydyr.

Garaşsyz Türkmenistanda täze gurulýan önümçilik kärhanalarynyň, desgalaryň, binalaryň, guramalaryň edara jaýlarynyň ýerleşdirilişiniň döwrebaplygyny döwletimizde alnyp barylýan ykdysady ugruň dogry ýoldan barýandygyny ýene-de bir gezek subut edýär. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan bu ýolunyň netijelidigini, ol ýoluň öňdengörüjilikli, il-ýurt bähbitli ýoldugyny, türkmeniň ykdysady modeliniň hemmetaraplaýyn ýokary ykdysady netije berýändigini görkezýär.

Eger ýurdumyzyň halk hojalygynyň pudaklarynyň hemmesi ýurt Garaşsyzlygymyzy almazdan ozal az mukdarda, diňe çig mal öndüren we ujypsyzja bölegini gaýtadan işlän bolsalar, häzirki wagtda ýurdumyzda öndürilýän pagtanyň üçden bir böleginden gowragy, nebit-gaz toplumynda öndürilýän çig malyň köp bölegi taýýar önüm görnüşinde diňe bir öz içerki bazarymyzda satylman, daşary ýurt bazarlaryna hem çykarylýar. Ol önümler dünýä bazarynda uly isleg-den peýdalanýar. Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda ýedi sany täze, Garaşsyzlyk döwründe täzeden dikeldilen, gurlan, döwrebap, daşary ýurt enjamlary, tilsimatlary bilen üpjün edilen zawodlar toplumy hereket edýär. Çig malyň 90 göterimden gowragy gaýtadan işlenilýän taýýar önüme öwrülýär. Öndürilýän önümler ekologiýa we hil taýdan dünýä ölçeglerine doly gabat gelýär. Ol önümeriň sany häzir 25-den hem geçdi.

Dokma senagaty toplumynda hem köp sanly taýýar önümleri öndürýän fabrikleriň sany ýyl-ýyldan artýar. Bu fabrikler çig malyň hem-de adam güýjüniň bar ýerinde bina edilýär. Täze iş ýerlerini döretmek bolsa zähmet resurslaryny doly peýdalanmaga şert döred-

ýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň ähli şäherçelerinde, etraplarynda, şäherlerinde, welaýat merkezlerinde döwlete degişli we döwlete dahylly bolmadyk ululy-kiçili kärhanalaryň ýüzlerçesi guruldy hem-de hereket edýär. Ol kärhanalar halkyň isleg bildirýän täze-täze önümlerini, harytlaryny öndürýär. Mysal üçin, 2003-nji ýylda ýurdumyzda öndürilen önüm 82 trillion 241 milliard manada deň boldy. Munuň özi 2002-nji ýyl bilen deňeşdireninde 123,1 göterimdir, 2012-nji ýylda bolsa ol görkeziji birnäçe esse artdy.

Ýurdumyzda demografiki ösüşler uly depginler bilen ýyl-ýyldan köpelýär. Bu bolsa ilatyň maddy-hal ýagdaýyna, ýaşaýyş derejesine baglydyr. Eger 2005-nji ýylda öndürilen jemi içerki önüm ozalky ýyllar bilen deňeşdireninde 20 göterim artan bolsa, ýurdumyzda 2012-nji ýylda gazanylýan ykdysady netijelerimiz has hem ýokary boldy. Halk hojalygynyň aýry-aýry pudaklarynda 2011-nji we 2012-nji ýyllarda jemi öndürilen içerki önüm 23 göterime çenli köpeldi.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde öň halk hojalygynyň düzüminde bolmadyk täze kärhanalar, zawoddyr fabrikler döredi. Türkmenistanda azyk garaşsyzylygyny gazanmak, raýatlara gerek bolan esasy harytlary, taýýar önümleri öndürmek üçin öňde goýlan milli maksatnamalara degişlidir. Ýerine ýetirmekde täze gurlup, işe girizilen önümçilik kärhanalaryna uly orun degişlidir.

Galla garaşsyzlygyny gazanmak üçin hem köp işler edildi. Garaşsyzlykdan öň bary-ýogy 70 müň tonna galla öndürýän Türkmenistan häzir 1 million 200 müň tonna galla öndürýär. Ýurduň ilatynyň aglaba bölegi oba ýerlerinde ýaşaýar. Oba ilaty döwlet tarapyndan döredilen ýeňilliklerden peýdalanyp, öz maşgala agzalary üçin gerek bolan azyk önümlerini: et, süýt, gök önümleri, ir-iýmiş öndürýärler. Ol azyk garaşsyzlygynyň berkemegine uly ýardam edýär. Ýurdumyzda şonça mukdarda gallanyň öndürilmegi Garaşsyzlygymyzyň berkemegine gönüden-göni uly täsirini ýetirýär.

Oba hojalygyna goýberilýän uly möçberli maýa goýumlary we oba hojalygyny ösdürmek üçin amala aşyrylýan beýleki çäreler ýurt Baştutanynyň öz halkyna bolan söýgüsiniň, gije-gündiz çekýän asylly zähmetiniň miwesidir.

2004-nji ýylyň dowamynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşine 2,5 milliard manatlyk düýpli maýa goýumlary gönükdirildi. Şol döwür bilen deňeşdireniňde 2012-nji ýylda bu görkeziji 20 göterim artdy. Düýpli maýa goýumlarynyň ýyla-ýyldan köpelýändigini, olaryň halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň ykdysady netijeliligine täsir edýändigini  ykdysady, syýasy, medeni-durmuş ösüşlerimizde görýäris.

Ýurdumyzyň raýatlaryna elektrki togunyň, agyz suwunyň, nahar duzunyň, gazyň mugt berilmegi, jaý we hyzmatlaryň bahasynyň hemmeler üçin elýeter bolmagy, ýurdumyzda adamlar barada edilýän aladanyň subutnamasydyr. Ýene-de bir täsin zat, awtomobil ulagy bolan raýata her aýda 120 litr benzin mugt berilýär. Dünýäniň ýüzinde şunyň ýaly tejribe hiç bir döwletde ýok diýsek dogry bolar. Bu ýokarda aýdanlarmyzy hem, türkmeniň öz ýolunyň, öz ykdysady modeliniň has tapawutlydygyny hem görkezýär.

Türkmenistanyň halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň gyradeň, ugurdaş ösmegi, türkmeniň ykdysady modeliniň wagtyň geçmegi bilen has kämilleşýändigini görkezýär. Muňa Garaşsyzlygymyzyň 21 ýylda geçen ykdysady we syýasy ýoly, halk hojalygynda gazanylan ägirt uly ykdysady netijeler-de şaýatlyk edýär. Ýokarda görkezilen ýyllarda jemi öndürilen önümiň ösüş depgini pesinden 17-23 göterim aralygynda boldy. Muny makroykdysady görkezijiler hem tassyklaýar.

Türkmenistanda senagat önümleriniň jemi öndürilişi hemme pudaklarda aýakdaş, durnukly, birsyhly ösýär. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistan  dünýewi, hukuk, demokratik döwlet diýlip resmi ýagdaýda jar edilipdi. Şondan soňra bolsa “Açyk gapylar” syýasaty yglan edildi. Bu syýasatyň esasy wezipeleriniň biri-de daşary ýurtlar bilen iki taraplaýyn peýdaly ykdysady, syýasy gatnaşyklary ykjam ýola goýmakdan, daşary ýurt maýalaryny çekmekden, işewür adamlary, täjirleri işe çekmekden, erkin ykdysady zolaklary döretmekden ybarat boldy. Şeýlelikde, ýurda köp sanly täjirler, daşary ýurt firmalary, maýadarlar öz maýalaryny, işewür adamlaryny, hünärmenlerini getirdiler.

Garaşsyzlyk ýyllarynda özüniň görki, owadanlygy, göwrümi boýunça görlüp eşidilmedik binalar, desgalar, seýilgähler, saglyk, senagat, medeni ojaklar we edaralar işe girizildi. Köp sanly egirme-dokma fabrikleri, oba hojalygynyň we senagatyň çig mal önümlerini gaýtadan işleýän köp sanly kärhanalardyr desgalar işe girizildi. Bular barada ýokarda-da belläp geçipdik. Garaşsyzlyk ýyllarynda etrap we welaýat merkezlerinde köp sanly dokma kärhanalary guruldy. Ol kärhanalarda ýüplük we beýleki dokma önümleri öndürilýär. Bu kärhanalar doly awtomatlaşdyrylandyr. Onda süýümi seçip almak, dürli görnüşdäki ýüplükleri taýýarlamak, önümi gaplamak işleriniň hemmesi kompýuterler arkaly awtomatiki usulda dolandyrylýar.

Häzirki zaman kärhanalarynyň gurluşyk taslamasynda işgärler üçin amatly iş şertlerini döretmek maksady bilen naharhana, çaýhana, gyzgyn suw, ýörite hammam, işçi egin-eşikleri, işgärleriň howpsuzlygyny üpjün etjek şertler göz öňünde tutulýar we ýerine ýetirilýär. Bu şertler her bir işgäriň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyny, ruhunyň belent, işiň has gyzykly hem özüne çekijiligini bolmagyny üpjün edilýär.

Ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda hem uly öňegidişlikler bolup geçdi. Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda daşary ýurt söwda dolanyşygy has artdy. Pozitiw faktorlaryň biri hem harytlaryň eksportynyň derejesiniň importyň derejesinden köpelenligindedir. Bu Garaşsyzlyk ýyllarynda daşary ýurtlara çykarylýan harytlaryň möçberiniň daşary döwletlerden getirilýän harytlaryň möçberinden ep-esli köpelendigini aňladýar.

Umuman, Türkmenistan häzir dünýä ýurtlarynyň 100-e golaýy bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barýar.

Täze döwürde, täze eýýamda her bir raýat öz edýän işini kämil, ussatlyk bilen ýerine ýetirse, jogapkärçiligi doly düýsa, ýurtda geçirilýän syýasy, ykdysady, durmuş, medeni çäreleriň biziň her birimiz üçündigini bilse, Watanyny söýse, ak ýürek bilen zähmet çekse, onda ýurdumyz mundan beýläk-de has hem pajarlap öser. Ýokarda aýdylanlary durmuşa geçirmekde biziň hemmämize parasatly Prezidentimizden nusga almalydyrys. Çünki milli Liderimiz özüniň her bir

raýatynyň durmuşynda bolup geçýän we gelejekki ýagdaýlaryny doly bilmek, olary öwrenmek, olary durmuşa geçirmek üçin şert döretmek üçin bimöçber alada edýär.

Döwleti dolandyrmagyň esasy ýollarynyň biri hem ýurduň raýatlarynyň kanuna, kanunçylyga bolan gatnaşygydyr, ýagny kanuna boýun bolmalydyr. Çünki ony doly ýerine ýetirmek biziň her birimiziň mukaddes borjumyzdyr. Kanun boýunça hereket edýän döwlet kämil döwlet hasaplanýar. Bu döwlete hemmäniň gatnaşygy doly erkin, ynamly bolýar.

Döwletara ykdysady we syýasy gatnaşyklaryň kanuna laýyklykda guralmagynyň, ýagny her bir edilýän işi kanun esasynda amal edilmeli diýip milli Lidermiz häli-şindi nygtaýar. Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra baş Kanunymyzy – Konstitusiýamyzy kabul etdik. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda bolup geçýän üýtgetmeler, özgertmeler göz öňünde tutulyp, bu Esasy kanuny ara alyp maslahatlaşmak üçin köp işler, resmi çäreler geçirildi. Şeýlelikde, köpleriň gatnaşmagynda dörän bu Kanun kabul edidi. Soň Esasy Kanunymyz esasynda döwleti dolandyrmak üçin gerek bolan birnäçe ululy-kiçili Kanunlar, kanunnamalar işlenip düzüldi. Ol Kanunlar Türkmenistanyň Mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylyp kabul edildi. Soňky ýyllar has hem köp Kanunlar, Permanlar, buýruklar kabul edildi. Olaryň birnäçesini mysal getirsek maksada laýyk bolar.

Esasanam, 1990-njy ýylyň maý aýyndan başlap, şu günki güne çenli ýüzlerçe Kanunlar, Permanlar, buýruklar, olara üýtgeşmeleri we goşmaçalary girizmek hakyndaky Kanunlar kabul edildi we işe girizildi. 1990-njy ýylda “Dil hakynda”, “Türkmenistan SSR-inde kärende we kärende gatnaşyklary hakynda”, 1991-nji ýylda “Türkmenistanda telekeçilik işi hakynda”, 1992-nji ýylda “Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakynda”, “Türkmenistanyň raýatlary hakynda”, “Türkmenistanda daşary ýurt inwestisiýalary hakynda”, 1993-nji ýylda “Eýeçilik hakynda”, “Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakynda”, “Zähmeti goramak hakynda”, maliýe-bank kanunçylyklary we ýene-de köp-köp sanly başga Kanunlardyr Permanlar kabul edildi.


6. Sargyt № 590.

2004-nji ýylyň 23-25-nji oktýabrynda ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde XV Halk Maslahaty bolup geçdi. Bu taryhy Maslahatda Watanymyzyň ykdysadyýetini mundan beýläk hem ösdürmekde, halkyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmakda, ýurdumyzyň güýç-kuwwatyny berkitmekde aýgytlaýjy ädimleri ätmekde uly orun tutjak “Ýer hakyndaky”, “Suw hakyndaky”, “Salgytlar hakyndaky” Türkmenistanyň bitewi Kanunlary ara alnyp maslahatlaşyldy we kabul edildi.

“Ýer hakyndaky”, “Suw hakyndaky”, “Salgytlar hakyndaky” Türkmenistanyň bitewi Kanunlary Türkmenistanyň oba hojalygynyň netijeliligini ýokarlandyrmakda, ýeri, suwy tygşytly ulanmakda ýeriň hakyky eýesini tapmakda, ýere, suwa döwlet tarapyndan edilýän harajatlaryň netijeli bolmagyny gazanmakda uly ýardam berdi. Soňky ýyllar Hormatly Prezidentimiziň hut özüniň gatnaşmagynda bu Kanunlara döwrebab goşmaçalar girizildi.

Türkmenistanyň XV Halk Maslahatynda kabul edilen “Salgytlar hakyndaky” Türkmenistanyň bitewi Kanunynda oba hojalyk pudagyny ösdürmeklik üçin uly ýeňillikler berilýär. Bu Kanunyň esasynda oba hojalyk önümlerini öndürýän kärhanalar salgyt tölemekden doly boşadylýar. Beýle ýeňillik oba hojalyk pudagynyň çalt depginler bilen ösmegine uly itergi berýär.

Täze kabul edilen bitewi Kanuny öňki hereket eden salgyt kanunçylygy bilen deňeşdireniňde uly tapawuda eýedir. Mysal üçin, öň 17 sany salgyt hereket edýän bolsa, bitewi Kanunyň kabul edilmegi bilen olar azaldylyp, salgytlary sany 6-a, ýerli ýygymlaryň sany hem 5-e getirildi.

“Salgytlar hakyndaky” bitewi Kanundaky salgytlaryň möçberi hem peseldildi. Mysal üçin, kanunyň 103-nji maddasynda goşulan baha üçin salynýan salgydyň möçberi 15 göterim, ýagny öňki hereket edýän kanunçylyk bilen deňeşdirilende 5 göterim peseldildi. 172--nji maddasyna laýyklykda edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan alynýan salgydyň möçberi hem döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplar üçin 8%, ýagny deňeşdirilende 2-27 göterime çenli peseldildi, beýleki edara görnüşli taraplar üçin 20 göterime, ýagny deňeşdirilende

5-15 göterim peseldildi. Biziň pikirimizçe, salgytlaryň möçberiniň peseldilmegi salgyt töleýjileriň maliýe ýagdaýlarynyň gowulaşmagyna, öndürilýän önümleriň, edilýän hyzmatlaryň bahasyny pese düşürer, bazarda haryt bolçulygyna getirer we bazarda bäsdeşligiň ösmegini üpjün eder.

"Salgytlar hakyndaky" bitewi Kanunda ýurdumyzyň milli aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulmagy aýratyn bellemeklige mynasypdyr. Bu Kanun işlenilip düzülende-de milli ykdysadyýetimizi ýörediş ýolumyzyň, däp-dessurlarymyzyň, gylyk-häsiýetlerimiziň aýratynlyklaryndan ugur alyndy. Bu bitewi Kanunda şahsy taraplaryň girdejilerine salynýan salgyt boýunça salgydyň alnyşy döwletimiziň kanunçylygynda bellenilen iň pes zähmet hakynyň, eklenjindäki her bir adam üçin alynýan girdejilerden aýrylmagy, bu ýeňilligiň maşgala agzalarynyň ikisine-de berilmegi, lukmançylyk we pensiýa ätiýaçlandyrmalarynyň hem salgyt salynýan binýatlykdan aýrylmagy salgytlar boýunça örän uly ýeňillikleriň berilýändiginiň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň Döwlet oba hojalyk paýdarlar jemgyýetiniň döredilmegi, ýer, suw baradaky bitewi Kanunlaryň kabul edilmegi ýyllar dowamynda halk tarapyndan ykrar edilen usullaryň, türkmeniň öz ýolunyň aýdyň beýanydyr. Ýeriň öz hakyky eýesini tapmaklyga, suwçy-mirap diýen wezipelere gaýdyp gelmeklik oba hojalygynyň netijeliligini, umuman, ýurduň ykdysadyýetini ýokary götermekde möhüm orun tutýar.

Salgytlar hakyndaky kanunyň kabul edilmegi we işe girizilmegi diňe bir halk hojalygynyň pudaklarynda öňe gidişligi, önümçilik düzgün-tertibini berkitmegi göz öňünde tutman, ýeri, suwy tygşytly, netijeli ulanmakda-da aýgytlaýjy çäreleriň biri boldy.

"Ýer hakyndaky", "Suw hakyndaky", "Salgytlar hakyndaky" Türkmenistanyň bitewi Kanunlaryny her bir raýata, esasanam, oba ýerlerinde ýaşaýan raýatlara düşündirmek ylym, bilim işgärleriniň, oba, suw, salgyt edaralarynyň ýolbaşçylarynyň, işgärleriniň mukaddes wezipesidir we borjudyr.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny alandan soňra oba hojalyk pudaklaryny çalt depginler bilen ösdürmäge uly üns berip başlady. Ýokarda belleýşimiz ýaly, Türkmenistanyň halk hojalygynyň ähli pudaklary deň ýagdaýda ösdürilende ýokary ykdysady netijeleriň çalt gazanylmagyna ýardam edýär. Mysal üçin, nebit-gaz toplumynyň pudaklarynyň ösmegi beýleki pudaklaryň ösmegine gönüden-göni täsir edýär. Nebit-gaz toplumy diňe bir oba hojalyk pudaklaryna oňaýly täsir etmän ol, energetika pudagynyň ösmegine hem getirýär. Sebäbi elektrik toguny öndürýän döwlet elektrik stansiýalary tebigy gaz bilen işleýär. Jemläp aýdanymyzda, halk hojalygynyň her bir pudagy beýleki pudaklar bilen belli bir derejede arabaglanyşykdadyr. Nebit-gaz pudagynyň önümlerini, tebigy gazy energetika, dokma, gurluşyk materiallary senagaty, oba, suw hojalyk pudaklary we başgalar ulanýan bolsa, elektrik togyny-da halk hojalygynyň ähli pudaklary ulanýandyr. Türkmen döwletiniň ykdysady modeliniň şu ugry halk hojalygynyň ähli pudaklaryny deň-derejede ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Ýurdumyzda içerki we daşary ýurt maýa goýumlarynyň depgininiň has ýokary bolmagy sebäpli, senagat kärhanalarynyň, oba hojalyk, suw desgalarynyň, beýleki binalaryň, edaralaryň, umuman, halk hojalygynyň ähli pudaklary ýokary derejede öser. Esasanam, senagat önümçiligine has köp üns berler. Maýa goýumlarynyň umumy möçberiniň 4-den 3 böleginden gowragy önümçilige, 1 bölege golaýy bolsa önüm öndürmeýän pudaklara gönükdirilýär. Gazanylýan bu ykdysady üstünligi daşary ýurtly işewür adamlar, täjirler, ykdysatçylar, syýasatçylar “Türkmen gudraty” diýip aýdýarlar.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, her bir döwletiň ykdysadyýetini, kuwwatyny häsiýetlendirýän görkezijileriň biri hem gaýry ýürtlar bilen bolan ykdysady gatnaşyklardyr. Ykdysady gatnaşyklaryň artmagy we kämilleşmegi Türkmenistanda öndürilýän önümleriň dünýä ülňülerine laýyk gelýändigini we dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýandygyny subut edýär. Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäherinde Ýewropa Bileleşiginiň gatnaşmagynda geçirilen «Tegelek stola» gatnaşyjylara döwlet Baştutanymyzyň ýüzlenmesinde “Ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny peýdalanmaga gönükdiri-

len syýasat we türkmen energetika serişdelerini sarp ediji döwletler bilen deňhukukly hem-de özara peýdaly hyzmatdaşlyk nebit-gaz senagatyny ösdürmekde biziň baş milli ýörelgämiz” diýip belläpdi. Energetika Hartiýasy bilen hyzmatdaşlygyň uly syýasy we ykdysady ähmiýeti bardyr. Energetika Hartiýasy Türkmenistanyň we Ýewropa Bileleşiginiň gatnaşmagynda aýry-aýry daşary döwletler bilen energiýa serişdelerini halkara bazarlaryna çykarmagyň meselelerini çözmekde ýörite toparlar bilen söhbetdeşlik guraldy. Bu ugurda geçirilýän we geçiriljek işleriň maliýe, maýa goýum işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak, halkara ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmek, kämilleşdirmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Maslahata gatnaşyjylar Türkmenistanyň nebit-gaz toplumynyň häzirki ýagdaýy, onuň ösüşi we geljegi bilen tanyşdylar. Türkmenistanyň uly möçberde ýerasty baýlyklaryny täze sarp ediş daşary ýurt bazarlaryna çykarmak, munuň üçin bolsa täze daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek we daşary ýurt kompaniýalary bilen gatnaşygy ösdürmek, hoşniýetli, özara bähbitli halkara täze-täze taslamalary işläp düzmek we durmuşa geçirmek zerurdyr.

Häzirki döwürde, Türkmenistanda nebit-gaz ulgamyny ösdürmekde uly, diýseň, önjeýli işleri alyp barýan daşary ýurt kompaniýalarynyň sany yyl-ýyldan artýar. Olardan Petronas «Dragon Oil», Barren Enerji, «NAK» «Nebitgaz Ukraina», “Siemens”, “GAP Inşaat” we beýlekiler ýurdumyzyň nebit-gaz ulgamynda, halk hojalygynyň beýleki pudaklarynda önjeýli işleri alyp barmaklyk bilen ýurdumyzyň durmuş-medeni, ykdysady derejesini ýokary götermekde öz goşantlaryny goşýarlar. Umuman, ýurdumyzyň etrap, şäher, welaýat merkezlerini abadanlaşdyrmakda daşary yurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda edilen işleriň möçberi has hem köpdür. Mysal üçin, diňe Ukraina döwleti bilen alnyp barylýan özara (döwletara) işleriň – taslamalaryň sany 2005-nji ýylyň 1-nji fewralyna çenli 55-e ýetdi. Bu taslamalaryň bahasy ABŞ-nyň 1 milliard 433 million dollaryna deňdir. 2010-njy ýylyň netijesi boýunça Türkmenistan bilen Ukraina döwletleriniň arasyndaky haryt dolanyşygynyň möçberi 2 milliard amerikan dollaryna barabar boldy.

Durmuşa geçrilýän taslamalaryň aglabasy nebit-gaz toplumynda, ulag, energetika, saglygy goraýyş, aragatnaşyk, söwda we hyzmat ediş pudaklaryny öz içine alýar. Türkmenistanyň Ukraina döwleti bilen özara hyzmatdaşlygynyň täze tapgyrynda kesgitlenen maýa goýumly maksatnamanyň esasynda „Ukrainulaggurluşyk“ kompaniýasy inženerçilik-tehniki taýdan çylşyrymly taslamany ýerine ýetirdi, ýagny Amyderýanyň üstünden Atamyrat-Kerkiçi aralygynda demir ýol köprüsi bina edildi. Şonuň bilen birlikde demir ýol köprüsiniň ýany bilen utgaşyk awtomobil köprüsi guruldy. Bu awtomobil köprüsi Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň, halkara gatnaşyklarynyň geriminiň has-da ýokarlanmagyna ýardam eder.

Awtomobil köprüsiniň doly ulanylmaga berilmegi ýakyn geljekde Lebap welaýatynyň günorta-gündogar böleginde oba hojalyk toplumy üçin täze ekin ýerlerini açmak, özleşdirmek, täze ýerasty baýlyklaryň üstüni açmak, ilata oňaýly şertleri döretmek üçin has peýdaly mümkinçilikler döreder. Täze gurlan düýpli gurluşyklarda ylmyň we tehnologiýalaryň gazananlaryny doly peýdalanman bu çylşyrymly desgalaryň gurluşygyny we onuň geljekdäki ähmiýetini göz öňüne getirmek örän kyndyr. Goşa köpri doly işe girizilenden soňra Köýtendagyň açyk şertlerde ýatan köp sanly mineral serişdelerini peýdalanmak, goňşy döwletler bilen awtomobil we demir ýol gatnaşyklaryny guramak, halk hojalygyna gerek bolan ýükleri daşamak, olaryň çykdajylaryny azaltmak, ýurduň çäklerinden çykarylýan we ýurda getirilýän ýükleriň daşalşyny ygtybarly ýagdaýda amala aşyrmak döwletimiziň gaznasyna uly möçberde peýda getirer.

Garaşsyzlygymyzyş ilkinji ýyllarynda Tejen-Sarahs-Maşat demir ýolunyň gurulmagy we işe girizilmegi, ondan gelýän girdejiler Türkmenistanyň ykdysady binýadyny berkitmäge çäksiz uly ýardam berdi. Tejen-Sarahs-Maşat demir ýolunyň gurulmagynyň diňe bir ykdysady peýdasy bolman, onuň syýasy ähmiýeti has hem uludyr. Bu desganyň işe girizilmegi Türkmenistanda diňe bir döwlete degişli bolan edaralaryň we kärhanalaryň ösmegine, artmagyna getirmän, ol hususy eýeçiligiň, şol sanda telekeçiligiň hem giňden ösmegine ýardam berdi.

Türkmenistan bilen özara ykdysady hyzmatdaşlyk etmäge isleg bildirýän kompaniýalaryň sany artyp barýar. Olardan Ermenistanyň, Russiýa Federasiýasynyň birnäçe kompaniýalaryny mysal getirip bolar. Bulardan başgada Kanadanyň „BURIED HILL ENERGI“ kompaniýasy hem  Hazar deňzinden nebiti çykarmaga hukuk gazandy. Deňiz şertlerinde nebiti gazyp almakda gatnaşýan „DRAGON OIL“ iňlis-arap kompaniýasy, Malaýziýanyň „PETRONAS ÇARIGALI“ we Daniýanyň „MAŶERSK“ kompaniýasy we beýlekiler bar.

Daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda ýurdumyzda işe girizilen kärhanalaryň sany Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra, eýýäm 2006-njy ýylda 1000-den hem geçdi diýip öň hem belläpdik. Elbetde, bular taryhy sanlar, az wagtyň içinde şunuň ýaly ägirt uly işleri durmuşa geçirmek, agrar döwleti güýçli depginler bilen ösýän agrar-senagat döwlete öwürmek milli Liderimiziň öňdengörüjiliginiň, pähim-paýhasynyň miwesidir.

Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde ýurdumyzda işe girizilen we düýbi tutulan kärhanalaryň, desgalaryň, merkezleriň hem sany az bolmady. Olardan Ahal welaýatynyň Keletedäki sement zawody, Arçabildäki agyz suwy zawody, Tejendäki karbamid zawody, Balkan, Daşoguz, Lebap welaýatlarynyň merkezlerinde drama teatrlarynyň we Lebap welaýatynda aýakgap fabriginiň gurulmagy, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň adyny göterýän Aziýa sebitinde deňi taýy bolmadyk Türkmenistanyň Milli şekillendiriş-sungat muzeýi, Anew şäherçesindäki “Ak bugdaý” muzeýi, “Daýhanbank” döwlet täjirçilik bankynyň täze binasy, bulardan başga-da diňe Aşgabat şäherinde onlarça binalaryň gurluşygy alnyp baryldy we ulanylmaga tabşyryldy. Şol sanda dört sany kaşaň teatrlar işe girizildi, Eýran Yslam Respublikasy bilen billeikde gurlan “Dostluk” suw howdanyny hem mysal getirmek bolar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda we onuň paýtagty Aşgabatda köp sanly täze binalaryň gurluşygy alnyp barylýar. Gurluşyk işleri hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, geljekki ýyllarda hem dowam eder. Täze zawodlary, fabrikleri, binalary, suw we oba hojalyk ulgamlaryny, nebit-gaz we beýleki pudaklar üçin niýetlenen kär-

hanalary gurmakda 200-den hem gowrak daşary ýurt kompaniýalary gurluşyk işlerini ýerine ýetirýär. Şu gurluşyklar üçin niýetlenen maýa goýumlarynyň bahasy ABŞ-nyň 6 milliard dollaryndan hem gowrakdyr. Munuň ýaly güýçli depginler bilen alnyp barylýan gurluşyklar, goýulýan maýa goýumlary ýurdumyzyň diňe ykdysadyýetini ýokary götermän, şol pudagyň ösüşini çaltlandyrmak, halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň infrastrukturasyny gyradeň derejede ösdürmäge hem şert döredýär. Mysal üçin, Aşgabat şäherinde, etraplarda, welaýat merkezlerinde senagat, gurluşyk, oba hojalyk, dokma, nebit-gaz we beýleki kärhanalaryň işe girizilmegi, şol ýerde täze bir şäherçäniň emele gelmegine getirýär. Bu binalar bolsa öňdenem owadan ýurdumyzyň görküne-görk goşýar.

Baharly etrabyndaky täze Kelete sement zawody ýylda 1 mllion tonna sement öndürmäge ukyplydyr. Gurluşyk üçin gerek bolan sementiň 400, 500, 600 görnüşi öndürilýär. Bu zawody gurmak üçin döwrebap, dünýä ülňülerine laýyk gelýän önümçilik infrastrukturasy döredildi. Zawodyň tutýan meýdany 1 inedördül kilometre barabardyr. Zawodda ýörite niýetlenen gaz, elektroenergiýa, tehniki we içimlik üçin suw geçirijileri gurnalandyr, gara we demir ýollar çekildi. Şeýle hem, önümiň we çig malyň hilini barlaýan laboratoriýalar, ambarlar, naharhana, myhmanhana, ýaşaýyş jaýlary hem ulanylmaga berildi. Bir söz bilen aýdanyňda, bu uly bir senagat toplumydyr. Ol 23 sany önümçilik bölümlerinden (seh) ybarat. Mundan başga-da sement öndürmek üçin gerek bolan ähli kömekçi ulgamlaryň hemmesi döredilen. Zawodyň esasy we kömekçi ulgamlarynyň hemmesi awtomatlaşdyrlandyr. Ýagny, toplum iň täze, öňdebaryjy tehnologiýalaryň kömegi bilen işleyär. Zawody gurmaga dünýäniň 17 döwletinden öz işine ökde inžener-tehniki hünärmenler gatnaşdylar. Aşgabat şäherinden 70 kilometr uzaklykda ýerleşýän bu zawotda 600-e golaý adam zähmet çekýär. Täze dörän bu şäherçe ýurdumyzyň kuwwatyna kuwwat, güýjüne-güýç goşýar. Şular ýaly beýik kuwwatlyklaryň döremegi, öz işini gowy bilýän, döretmäge, gurmaga ukyby bolan ýokary derejeli türkmen hünärmenleriniň hem kemala gelýändigine güwänamadyr.

Milli Liderimiziň öňdengörüjilikli, paýhasly ýolbaşçylygynda gurulýan kärhanalaryň, binalaryň, desgalaryň we beýleki medeni-durmuş edaralarynyň gutarnykly we öz wagtynda işe girizilmegi adaty ýagdaýa öwrüldi. Birkemsiz gurulýan edaralaryň, kärhanalaryň keşbi owadan, olarda hemme enjamlar ýerbe-ýer ýerleşdirilýär. Kärhanada zähmet çekýänlere işlemek üçin ähli şertler döredilýär. Kärhanalarda oturdylan enjamlaryň enaýylygy, owadanlygy işçileriň zähmet öndürijiligini ýokary göterýär.

Täze işe girizilýän kärhanalaryň daş-töweregi doly abadanlaşdyrylýar. Ýollar we ýodajyklar gurulýar. Dynç alyş meýdançalary, awtoulaglar üçin duralgalar, umuman, adam üçin gerek bolan hemme şertler göz öňüne tutulýar.

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra ýurdumyzyň halk hojalygynyň pudaklaryny döwrebap düzgünleşdirmek ykjam we netijeli ýolbaşçylyk etmek maksady bilen ýurdumyzda ýöriteleşdirilen pudaklaryň, konsernleriň, döwlet birleşikleriniň, paýdarlar jemgyýetleriniň – “Türkmenpagta”, “Türkmen gallaönümleri”, “Türkmendökün”, „Türkmensement“ döwlet birleşikleriniň we beýlekileriň döredilmegi, özüniň ykdysady taýdan peýdalydygyny subut etdi.

Tejende ýylyň dowamynda 350 müň tonna önüm öndürýän karbamid zawodynyň ulanylmaga berilmegi oba hojalygyny ösdürmekde uly ähmiýete eýe boldy. Sebäbi, zawodyň önümi ekerançylykda iň bir gerek bolan dökünleriň biridir. Bu zawod gurulmazdan ozal ýurdumyzyň oba hojalygyna gerek bolan, uly islegden peýdalanýan karbamid goňşy döwletlerden satyn alynýardy. Karbamid zawodynda öndürilýän we oba hojalyk pudagynda ulanylýan dökünleriň bahasynyň hem her bir daýhan, kärendeçi üçin elýeterlidigini bellemelidiris. Zawodyň tutýan meýdany 60 gektar bolup, onda zähmet çekýän işgärleriň sany 754 adama deňdir. Işe girizilýän kärhanalaryň hasabyna onlarça, ýüzlerçe täze iş orunlarynyň döreýändigini hem ýatlap geçmelidiris. Umuman, Keletäniň sement we Tejeniň karbamid zawodlarynda jemi 1350-ä golaý adam zähmet çekýär. Tejendäki karbamid zawodynda hem Keletäniň sement zawodyndaky ýaly

adamyň saglygyny gorap saklamagy, öndürijilikli zähmet çekmegi üçin ähli şertleri döredilendir. Bu şertleriň hemmesi ekologiýa taýdan dünýä ülňülerine doly gabat gelýär. Zawodyň daş-töweregindäki 60 gektar meýdanda 16,6 müňe golaý agaç bagy-bossanlyk bolup dur. Ýene-de bir bellenmeli zat, ol hem karbamid öndürmek üçin gerek bolan çig mal biziň tebigy gazymyzdyr. Tehnologiki proses üçin Mary welaýatyndan tebigy gaz, Garagum derýasyndan bolsa suw alynýar.

Tejeniň karbamid zawodyny gurmak üçin birnäçe täze desgalar guruldy. Meselem, sagatda 144 müň MWt elektroenergiýa öndürýän desga guruldy. Ol zawodyň islegini doly kanagatlandyrýar. Dökün öndürmek üçin zawod ýylda 143 müň MWT/sag elektroenergiýa, 4,8 million kubmetr tebigy gazy sarp edýär. Zawodyň önümçilik toplumynyň düzümine 3 kilometre deň elektroenergiýa geçiriji ulgamlar, 10 kilometre deň bolan demir ýol şahajyklary we awtoýollary, 40 kilometre golaý suw we lagym geçirijileri guruldy. Zawodyň gurluşygyna dünýäniň 12 döwletinden 62 sany kompaniýa gatnaşdy. Häzir zawoddaky iň täze tehnologiýalary, kompýuterleri öz döwletimiziň ýaş inžener-tehniki hünärmenleri dolandyrýarlar. Zawodyň gurluşygyna başlanan dessine bu ýerde zawodda okuw merkezi işläp başlady. Şol okuw merkezinde we daşary ýurtlarda ýörite taýýarlyk geçen hünärmenler häzirki wagt zawodda zähmet çekýärler. Zawodda 173 orunlyk naharhana, 160 adama niýetlenen umumy ýaşayyş jaýy bar.

Milli ykdysadyýetimiziň ýokary depginler bilen ösmegi, ýurduň halk hojalygynyň ähli pudagynda öňegidişlikleriň guralmagy maýa goýumlarynyň köpelmegi, olaryň has netijeli ulanylmagy, çykarylýan önümleriň mukdarynyň artmagy we hiliniň has ýokarlanmagy, olaryň daşary ýurt bazarynda uly islegden peýdalanmagy, daşary ykdysady gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagy, raýatlaryň hal-ýagdaýynyň hasda gowulanmagy, bularyň hemmesi ýurduň güýç-kuwwatyny görkezýän, häsiýetlendirýän makro we mikroykdysady görkezijilerdir. Beýle ösüşler Türkmenstanyň geljekde hem has batly gadamlar bilen öňe gitjekdigininiň subutnamasydyr.

# IX BAP. TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY WE SYÝASY ÖSÜŞI

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra turuwbaşdan yglan edilen “Açyk gapylar” syýasatymyz ykdysady-syýasy ösüşlerimiziň başyny başlady. Indi 21 ýyldan gowrak wagt bäri Türkmenistan erkin, azat ýaşaýar, ykdysady, syýasy we medeni-durmuş taýdan gün-günden gülläp ösýär, berkeýär. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň ykdysady-syýasy babatda gazanan üstünlikleri bir asyryň dowamynda gazalynan üstünliklerimize deňdir diýsek dogry bolar. Bu ABŞ-nyň, Ýewropanyň, Aziýanyň halkara auditor edaralarynyň, jemgyýetçilik, ylmy-barlag institutlarynyň we merkezleriň seljermeleriniň esasynda ykrar edilen hakykatdyr. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşinde ýetilen sepgitlerimize, gazanylan ýokary netijelermize bagyşlanyp her ýyl geçirilýän resmi içerki we halkara sergileri hem-de ylmy-amaly maslahatlar, forumlar ýokarda aýdanlarmyzyň aýdyň my-salydyr. Diňe 2008-nji ýylda ýurdumyzda halkara sergileriniň 19-sy bolup geçdi. 2009-njy ýylda ykdysadyýete, ylma, bilime, saglygy goraýşa, syýahatçylyga, medeniýete, döredijilige, taryhymyza, mede-ni mirasymyza we beýleki ugurlara bagyşlanan halkara sergileriniň we ylmy-amaly maslahatlaryň, forumlaryň sany 2008-nji ýyl bilen deňeşdireňiňde 1,5 esse köpeldi. 2010-njy ýylda şeýle çäreler has hem köp geçirildi. Ýurt derejesinde pudaklaýyn sergileriň, maslahatlaryň, konferensiýalaryň sany bolsa sanardan kändir. Bu çäreler birek-bi-rekden öwrenmegiň, tejiribe alyşmagyň usulydyr. Türkmenistanda şunuň ýaly çäreleriň geçirilip durulmagy adaty ýagdaýa öwrüldi. Soňky ýyllar Türkmenistanyň ykdysady we syýasy taýdan yzygider-li, durnukly, örän ýokary depginler bilen ösmegi ýurdumyzda geçi-rilýän, adata öwrülen halkara sergileriň, forumlaryň, ylmy-amaly maslahatlaryň, konfernsiýalaryň esasy hamyrmaýasy boldy. Eger garaşsyslygymyzyň ilkinji ýyllarynda geçirilýän ylmy-amaly masla-hatlar, forumlar we sergiler ykdysadyýetimizde ileri tutulýan dokma, energetika we nebit-gaz senagatyna bagyşlanan sergiler ýylda bir ge-

zek geçirilen bolsa, indi 2007-nji ýyldan bäri halk hojalygynyň ähli pudaklaryna bagyşlanan sergiler ýylyň dowamynda geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy, hemaýaty, öňdengörüjiligi «Açyk gapylar» syýasatyny ýöredýän ýurdumyzyň ähli ýurtlar, döwletler üçin açykdygynyň janly şaýadydyr. Bu bolsa ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda täze-täze kärhanalaryň, toplumlaryň emele gelmegine getirýär. Bu bolsa önümçilige daşary ýurt maýa goýumlaryny giňden çekmäge şert döredýär. Milli Liderimiz 2010-njy ýylyň 17-nji dekabrynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde sözlän sözünde “Häzirki döwürde Türkmenistanyň oňyn hyzmadaşlygy göz öňünde tutýan bähbitleri dünýäniň dürli sebitlerini öz içine alýar” diýdi. Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra ýurdumyzda dokma, energetika we nebit-gaz senagatyny ileri tutmak hem-de çalt ösdürmek babatdaky döwlet maksatnamasy kabul edildi. Senagatymyzyň bu pudaklarynyň ýokary depginler bilen ösmegi, beýleki pudaklary döwrebap özgertmekde, ösdürmekde «lokomotiw» bolup çykyş etmekleri aýgytlaýjy faktordyr. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň düzümine girýän ähli pudaklaryň yzygiderli, giradeň dikeldilmeginde, özgermeginde, ösmeginde esasy ýörelge iş ýüzünde doly beýanyny tapdy. Ýagny bu pudaklarda az döwrüň içinde gazanylan çäksiz ýokary ykdysady, syýasy netijeler ýurdumyzy ykdysady taýdan özüne doly erk edip bilýän erkin, azat, gülläp ösýän, bedew bady bilen öňe barýan döwlete öwürdi. Bu beýik durnukly ykdysady we syýasy ösüşlere ilki bilen näme, haýsy faktorlar täsir etdi?! *Birinjiden*, milli bähbitlerimizi amala aşyrmaga döwletimizde alnyp barylýan hemmetaraplaýyn, uzakmöhletleýin, halkyň durmuşy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen daşary syýasat we diplomatiýa; *ikinjiden*, ýerasty baýlyklaryň, mineral serişdeleriň gorlarynyň, takyklanan mukdarynyň çäksiz köplügi, dokma senagaty üçin çig mal bolan pagtany köp mukdarda öndürmäge tebigy we amatly şertleriň bolmagy; *üçinjiden*, diňe senagaty dikeltmäge, tazeden guramaga we ösdürmäge örän köp mukdarda içerki, daşarky maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi we olaryň belle-

nen wagtynda doly özleşdirilmegi, berjaý edilmegi bolsa Garaşsyzlyk döwrüniň aýratynlygydyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda şunyň ýaly ýakymly, çäksiz ýokary netijeleri gazanmaklyk Garaşsyz, Bitarap, ykdysady taýdan ösen döwlete mahsusdyr. Umuman, turuwbaşdan saýlanyp alnan ugur, ýol öz miwesini berip gelýär. Bu ýurdumyz ösen döwletleriň hataryna goşulmak bilen durnukly, yzygiderli, birsyhly we ygtybarly aýgytlaýjy depginler bilen ösýär diýmekdir. Ony halkara institutlary we daşary döwletler hem ykrar edýärler. Bu ykdysady we syýasy netijeler öň Türkmen döwletiniň taryhynda asla bolmadyk ýagdaýdyr. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, bu toplumlaýyn ösüş türkmen ykdysadyýetiniň ozalky SSSR-iň düzümine girýän ýurtlaryň we beýleki ösen döwletleriň ykdysadyýetinden aýratynlygydyr. Bu aýratynlyk nämeden ybarat? Munyň esasy faktory daşary, halkara syýasatyň öň hatarda döwlet derejesinde beýleki ugurlardan ileri tutulmagydyr. Hormatly Prezidentimiziň ýurda Baştutanlyk edip başlan gününden bari onyň daşary syýasatyna düýbünden başgaça, has göwrümleýin, düýpli nukdaýnazarda seretmegi, dolandyrmagy öz beýanyny tapdy, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe gazanan üstünliklerimiz bolsa onuň janly şaýadydyr. Ýurt üçin örän ýakymly, peýdaly, pozitiw işleriň ähli pudaklar, ýagny senagatda, oba hojalygynda, bilimde we ylymda, dörejilikde, sungatda, saglygy goraýyşda, sport we syýahatçylykda hem-de beýleki ähli ugurlarda gyradeň, aýakdaş alnyp barylýan syýasat, halkara syýasatynyň ykdysadyýetimiziň netijeleligine, durnukly depginine diýseň güýçli, örän çäksiz derejede täsir edendigini ýene-de bir gezek tassyklaýar. Bu bolsa Hormatly Prezidentimiziň önden görüjüliginiň, paýhasynyň, zehininiň halkara derejesinde hem ykrar edilýändiginiň beýanydyr.

Türkmenistanyň halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň gyradeň ösmegine daşary ýurt syýasatynyň pozitiw täsiriniň käbir, ýagny aýry-aýry ugurlary barada durup geçmek hem gerek. Ilkinji, esasy ugurlaryň biri hem maýa goýumlaryny çekmekdir, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek ýurdumyzyň ykdysadyýetini ýokary depginler bilen ösdürmekde öz oňyn täsirini ýetirdi. Şonuň üçin hem Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda bu syýasaty ösdürmek diýseň

wajyp boldy. Soňky ýyllaryň dowamynda döwlet derejesinde daşary döwletler bilen özara ykdysady we syýasy gatnaşyklary dikeltmek, ösdürmek hem-de ýaýbaňlandyrmak Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ileri tutýan wezipeleriniň birine öwrüldi. Muňa mysal milli Liderimiziň 2007-2012-nji ýyllar aralygynda Orta Aziýa, Ýewropa döwletlerine, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna we beýleki köp sanly döwletlere resmi iş saparlary bilen gitmegidir.

Türkmen döwletiniň Baştutanynyň halkara işiniň aýdyň, aç-açanlyk häsiýeti barha ýokarlanýar we dabaralanýar. Milli Liderimiziň daşary syýasatynyň esasy ugry, ýoly dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy berjaý etmekdir. Parahatçylyk, howpsuzlyk bolsa ýurdumyzda durnukly ykdysady we syýasy ösüşiň girewidir. Indi türkmen döwleti halkara gatnaşyklar äleminiň içine doly girdi. Türkmenistan häzir dünýäniň 129-dan hem gowrak döwlet bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Ýurdumyza daşary döwletleriň ynamynyň günsaýyn artýandygyny türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň mysalynda duýmak has hem ýakymlydyr. Hormatly Prezidentimiziň dostlukly döwlete 2010-njy ýylyň 1-nji maýynda resmi sapar bilen gitmegi halkara syýasatyny ösdürmekde, berkitmekde taryhy pursatlaryň biri boldy. Hormatly Prezidentimiziň “EXPO-2010” Bütindünýä Şanhaý sergisiniň açylyşyna gatnaşmagy we şol ýerde Türkmenistanyň sergi pawilonynyň dabaraly ýagdaýda açylyşyna gatnaşmagy we ony açmagy dünýä ýaň saldy. Hytaý Halk Respublikasynyň Baştutany we hökümeti tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentiniň hatyrasyna guralan kabul edişlik, geçirilen resmi gepleşikler bu ykdysady forumda iň naýbaşy taryhy pursatlar boldy. Türkmenistanyň Hytaý döwleti bilen dostlukly we ykdysady gatnaşyklary ýyl-ýyldan ýaýbaňlanýar, giňeýär we berkeýär. Muňa Hytaý döwletiniň kompaniýalarynyň maýa goýumlarynyň ösýän depginleriniň sany we mukdary şaýatlyk edýär. Häzirki döwürde biziň ýurdumyzda öz maýa goýumlary we bilelikdäki maýalary bilen, degişlilikde 37 we 60 sany kompaniýa, firma we beýleki edaralar hereket edýär. Bularyň sany geljekde has

hem köpeler. Türkmenistan we Hytaý döwletleriniň dostlukly geljegi çäksiz uludyr, muňa diňe guwanmak, buýsanmak galýar.

2012-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistan döwleti 21 ýaşady. Şu döwrüň içinde gazanan çäksiz uly zähmet üstünliklerimiz, ykdysady we syýasy netijelerimiz bütin dünýäni haýran galdyrýar. Her bir edarada, toplumda, pudakda ýörite bellenen meýilnamalar esasynda taýýarlyk we seljeriş işleri geçirilýär. Şu günki döwre hem-de geljege ser salmak, seljermek, tejribe alyşmak üçin we dürli çärelere bagyşlanan ylmy-amaly maslahatlar guralýar, geçirilýär.

Köp sanly daşary ýurt kompaniýalarynyň ýurdumyza maýa goýumlarynyň ösýän depginleriniň sany we mukdary ýyl-ýyldan köpelýär. Bellemäge mynasyp Türkmenistan-Hytaý, Türkmenistan-Hindistan döwletleriniň dostlukly geljegi çäksiz uludyr. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň gerimi gitdigiçe ýaýbaňlanýar. Biziň döwletimiziň alyp barýan syýasatyna bolan gyzyklanma dünýäniň ähli künjeklerinde bar.

Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde ykdysady we syýasy babatda gazanan netijelerimizi ygtybarly ösdürmek, berkitmek, ýurdumyzy has ösen döwletleriň hataryna goşmak üçin birnäçe faktorlaryň täsir edýändigini belläp geçmegimiz zerurdyr. Olardan: öz ähmiýeti, orny boýunça ýurtda, sebitde, halkara derejesinde ykdysady, syýasy we durmuşy ösüşleri berkidýän, berjaý edýän howpsuzlyk faktorydyr. Aslynda, howpsuzlyk, asuda durmuş diňe döwlet çäginde bolman, ol ilki bilen maşgaladan, başgaça aýdanymyzda hususy hojalykdan başlanýar, ýagny maşgala ýurduň, umuman, döwletiň düzümini döredýän ilkinji zwenodyr. Şu ýerde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň jemgyýetiň iň ýokary gymmatlyklarynyň biri adam, raýat barada alyp barýan çuňňur syýasatynyň – “Döwlet adam üçindir?!” diýen insanperwerlik şygary barada aýtmak, ony belläp geçmek örän ýerlikli bolsa gerk. Garaşsyz we hemişelik Bitarap döwletimiziň, aýratynlygam, özgelerden ykdysady, syýasy we durmuşy taýdan tapawutlylygam ýokarda aýdanlarymyzdan

ybaratdyr. Ýurdumyzda şunuň ýaly taryh üçin örän az döwürde ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda ýetilen netijeler dünýä tejribesinde ýok diýsek, öte geçdigimiz bolmasa gerek. Bu ykdysady we syýasy ösüşiň ýene-de bir aýratynlygy, ol hem Türkmenistanyň özüne ykdysady, malie taýdan doly erk edip bilýän, yzygiderli we durnukly, ýokary depginler bilen ösýän ýurtdugyny dünýa aýan etmegidir. Biziň Diýarymyzda öndürilýän önümleriň daşky görnüşi, hili, olara bolan isleg diňe öz içki bazarmyzda däl, eýsem dünýä bazarynda hem uly islegden peýdalanýan harytlaryň hataryna mäkäm girip, özlerine halkara derejede orun tapmagydyr. Ýyl-ýyldan ýokary depginler bilen ösýän ykdysadyýetimiziň düzüminde täze-täze önümleri, ozal halk hojalygynyň sanawynda asla ýok kärhanalaryň emele gelmegine getirdi. Elbetde, bu öz gezeginde ykdysadyýetimiziň berkemegine, ösmegine, peýdanyň ýokarlanmagyna, halkyň durmuş hal--ýagdaýynyň diňe mukdar taýdan däl-de, onuň hil babatda hem ýokarlanmagyna, kämilleşmegine getirdi. Halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesi bir wagtyň özünde mikro we makroykdysady görkeziji bolup, ýurduň ösüşini, ykdysady derejesini häsýetlendirýär. Garaşsyzlygygyň halka, ýurda beren miwelerini häsýetlendirýän hususyýete degişli ähli amatlyklary bolan ýokary hilli ýaşaýyş jaýlarynyň, dukanlaryň, naharhanalaryň, kafeleriň, barlaryň, restoranlaryň, tehniki serişdeleriň, ýagny dürli-dürli görnüşli we kysymly ýeňil awtomobilleri we ýük göterýän awtomaşynlaryň, traktorlaryň, buldozerleriň we beýleki senagatda, gurluşykda, oba hojalygynda ulanylýan tehniki serişdeleriň sany sanardan asla kän. Bir salym bolsa ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherindäki şaýollaryň biriniň ugrunda durup oňa syn etseň raýatlara degişli emläkleriň sanynyň az däldigine göz ýetirýäris. Ýeňil, ýük göterýän awtoulaglaryň akymynyň ýoluň üstünden yzy üzülmeýär. Halkyň hyzmatyndaky öýjükli, şäher, şäherara aragatnaşik telefonlary adaty ýagdaýa öwrüldi, öýde ulanylýan tehniki serişdeler ösýär, el zähmetiniň paýy, udel agramy gün-günden kemelýär.

Ýokarda getiren mysallarymyz durmuşda bolup geçýän özgertmeleriň belli bir bölegi. Bu il-ýurt bähbitli, çäksiz ýakymly we

peýdaly ykdysady, syýasy netijeleriň özeni nämede? Ol ýurduň öz gazanan hususy maýa goýumlarydyr, elbetde hususy maýa goýumlaryny emele getirmekde, gazanmakda, berkitmekde daşyndan çekilen, daşary ýurtlaryň, işewür adamlaryň maýa goýumlarynyň tutýan orny, ähmiýeti-de bardyr. Maýa goýumlaryny tygşytly, aýawly, ýerlikli ulanmaklyk bolsa öz gezeginde önümçiligiň ykdysady netijeligini ýokary götermäge, onuň mukdar we hil taýdan kämilleşmegine, berkemegine doly ýardam berýär. Göräýmäge ýokarda aýdanlarymyz, ýönekeýje bir zat ýaly, emma önümçilik öz häsiýeti boýunça örän çylşyrymly we öz içinede birnäçe ululy-kiçili esasy hem-de kömekçi amallary jemleýän prosesdir. Bu proses bolsa birnäçe önümçilik tehniki tehnologiýalaryndan ybaratdyr. Adam we tehniki resurslary tygşytly, ýerlikli, netijeli ulanmak hem önümçilik prosesine oňaýly täsir edýän faktorlaryň biridir. Önümçilik prosesinde esasy meseleleriň biri el zähmetiniň köplügi ýa-da azlygydyr. Önümçilik prosesinde el zähmetiniň udel agramy gereginden köp bolan ýagdaýynda önümiň özüne düşýän gymmaty ýokarlanýar. Bu bolsa önümçilikden gelýän peýdanyň kemelmegine getirýär. Şonuň uçin hem inženerleriň, tehnologlaryň, menejerleriň, kärhanalaryň, zawoddyr fabrikleriň we pudak ýolbaşçylarynyň esasy geçirýän işleriniň, önümçilik çäreleriniň köp bölegi el zähmetiniň azalmagyna bagyşlanýar. Garaşsyzlyk döwründe, gurulýan häzirki zaman fabriklerde we zawodlarda el zähmeti düýbünden diýen ýaly aradan aýryldy diýsek hakykaty aýtdygymyz bolar. El zähmetiniň tutýan orny örän ujypsyzdyr. Onuň paýyna indi diňe önümçilik prosesindäki amallary açmak we ýapmak wezipesi galýar. Önümçiligi mehanizmleşdirmegiň we awtomatlaşdyrmagyň orny çäksiz uludyr, olaryň derejesi taslamada bolmalysy ýaly bolsa, ol önümiň mukdaryna we hiline ýokary derejede peýdaly täsir edýär. Täze gurlan desgalar oz daşky hem-de içki görnüşine görä diýseň özüne çekiji döwrebap karhanalardyr. Işiň guralşy, arassaçylyk, işgärleriň işe bolan höwesi, gatnaşygy-da göwnejaý guralýar. Önümçilige täsir edýän faktorlaryň ýene-de biri, ol hem energiýa üpjünçiligi we çig malyň mukdary hem-



7. Sargyt № 590.

de hilidir. Önümiň özüne düşýän gymmatyny azaltmakda onuň düzümine girýän faktorlaryň hemmesi hem wajypdyr. Türkmenistanyň halk hojalygynyň ähli pudagynda amala aşyrylýan işleriň hil derejesi örän ýokary we döwrebapdyr.

## X BAP. YKDYSADY STRATEGIÝA HALKYŇ EŞRETLI GELEJEGI ÜÇIN

Döwletiň we raýatlaryň eşretli geljegi ýurduň durnukly ykdysady ösüşine, onuň önümçilik kuwwatyna, alyp barýan il-ýurt bähbitli içerki we halkara gatnaşyklaryna, syýasatyna baglydyr. Dogry, saýlanyp alnan halal ýol, okgunly, maksatlaýyn çekilýän zähmet elmydama öz miwesini berýär. Muny Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bolup geçýän çäksiz uly, diýseň saldamly ösüşlerde, öňegidişliklerde aýdyň görmek bolýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmeniň durmuşynda, ykdysadyýetinde gazanan bu netijeleri berkitmek, ösdürmek babatynda uly möçberli işler durmuşa geçirilýär. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe täze-täze sepgitlere ýetmegi, halkynyň agzybirligini, jebisligini, ruhubelentligini berkitmegi, onuň eşretli gelejegini özüne baş wezipe edinen hormatly Prezidentimiziň "Döwlet adam üçündir!" diýen çäksiz çuň manyly ýörelgesi ýurduň baş maksatnamasyna öwrüldi. Garaşsyzlyk ýyllary içinde ykdysady we syýasy babatda gazanan netijelerimiz, 2011–2030-njy ýyllarda ýetilmeli sepgitlerimiz barada hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň "TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY STRATEGIÝASY": halka daýanyp, halkyň hatyrasyna" diýen eserini öz halkyna peşgeş etdi. Bu eserde özüniň çuňňur manysy, ähmiýeti boýunça 21 ýylyň dowamynda ýurdumyzda saýlanyp alnan we geçilen ýoluň örän dogrudygy barada gürrüň berilýär. Türkmenistanyň halk hojalygynyň ähli pudaklarynda edilen işler, çäreler öz häsýeti hem-de ähmiýeti boýunça diňe adam, onuň eşretli gelejegi üçin, ýagny raýatlaryň bilim, ylym, medeniýet derejesiniň döwrebap bolmagy, 2007-nji ýylyň

fewral aýynda Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ilkinji Permanlarynyň ylym-bilim barada bolmagy tötänden däldir, sebäbi raýatlarynyň sowatly, ylymly-bilimli bolmagy ýurduň baýamagynda, onuň gülläp ösmeginde esasy faktordyr. Üýtgedip gurmak prossesi ilki bilen bilim ulgamynda, ýagny orta, orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinden başlandy. Bu prosesiň ilki bilen bilim we ylym ulgamynda başlanmagy ýurduň ygtybarly, durnukly, ýokary depginler bilen ösmegine getirdi. Şonuň üçin hem Hormatly Prezidentimiz şu düýpli meseläniň örän wajypdygyny we ýurduň berk, berkarar bolmagynda iň ileri tutulýan ugurlaryň biridigini öz resmi çykyşlarynyň hemmesinde belläp geçýär. Sagdyn nesli, ylymly-bilimli ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek onuň maddy-tehniki bazasyna baglydyr, başgaça aýdanymyzda, olaryň mukdar we hil tarapdan döwrebap, dünýä ülňülerine gabat gelýän mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň, orta we orta hünär hem-de ýokary okuw mekdepleriniň gurulmagy we ulanylmaga berilmegi, olaryň iň ýokary hilli dünýä ülüňlerine gabat gelýän tehnologiýalar we beýleki esbaplar bilen abzallaşdyrylmagy döwrüň talabydyr. Ýurdumyzda gurulýan täze, döwrebap medeni, saglyk, syýahatçylyk, sport ulgamlaryna degişli binalaryň, desgalaryň, önümçilik kärhanalarynyň esasy aýratynlygy olaryň yzygiderli bina edilmegidir. Mysal üçin, ýokary okuw mekdebinde dünýä ülňülerine gabat gelýän ylymly-bilimli ýaşlary taýýarlamak onuň ilkinji, başlangyç tapgyry bolan mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryny döretmekden, soňra orta, orta hünär we ýokary okuw mekdepleri gurmakdan başlanýar. Diňe bilim we ylym ulgamynda däl-de ýurdumyzyň beýleki ähli toplumlarynda, pudaklarynda hem gurluşyk meseleleriniň hemmesi yzygiderli alnyp barylýar. Düşnükli bolar ýaly bir mysal getireliň. Ýurdumyzyň esasy baýlyklarynyň biri bolan pagtanyň hemmesini ýurduň içinde taýýar önüme öwürmek üçin diňe pagta arassalaýjy zawodlary gurmak ýeterlik däldir. Sebäbi pagtany taýýar önüme öwürmek akymy-pagta--ýüplik-egrilen sapak ululygy boýunça amal edilýär. Olardan dokalan matalar, soňra matalary reňklemek çig maly doly başdan-aýak gutar-

nykly işläp çykarmak Garaşsyzlygyň beren miwesidir. Başgaça aýdanymyzda Türkmenistan indi 21 ýyldyr durnukly, ygtybarly ýagdaýda gülläp ösmeginiň, dünýä bazaryna çykmagynyň esasy özenidir. Oba hojalyk toplumynyň beýleki pudaklarynda hem, gallany, gök önümleri, olaryň beýleki görnüşlerini gaýtadan doly işlemeklik gazanyldy.

Ýurdumyzyň halk hojalygynyň energetika, nebit-gaz toplumlarynda hem ýokardaky ýaly ýagdaýlar, çig önümi doly işlemek, olardan dürli taýýar önümi almak adaty ýagdaýa öwrüldi. Bu aýdanlarmyz, getiren mysallarmyz döwlet gaznasyna gelýän gyzyl puluň esasy çeşmeleriniň biridigini tassyklaýar. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň baýlygy gün-günden artýar we berkeýär, ilatyň durmuş hal-ýagdaýy türkmeniň taryhynda görülmedik durnukly, ygtybarly ýokary derejelere ýetmek bilen ýyl-ýyldan has-da gowulanýar, şunuň bilen birlikde, umuman, bagtyýar ýurdumyz 2007-nji ýyldan bäri Hormalty Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda toplumlaýyn we hemmetaraplaýyn bedew bady bilen öňe barýar, munyň ýaly öňegidişlikler, beýik özgertmeler durnukly adaty ýagdaýa eýedir.

Ýokardaky aýdanlarymyza asyryň beýik gurluşygy diýip at alan uly desgalaryň, binalaryň, zawoddyr fafrikleriň käbirini mysal getirmek bolar. Olara Türkmenistanyň hemme welaýatlarynyň akaba-şor suwlaryny özünde jemleýäm «Altyn asyr» Türkmen köli, Amyderýäniň üstünden Atamyrat-Kerkiçi aralygynda gurlan, ýurduň halk hojalygyny ösdürmekde örän wajyp ähmiýeti boljak, halkara derejeli demir ýol köprüsi, onuň bilen ýandaş gurlan awtomobil ýoly, Gazagystan-Türkmenistan-Eýran transkontinental halkara ähmiýetli demir ýoluň gurluşygy mysal bolup biler.

Ykdysadyýetimiziň iň öňdebaryjy, döwlet gaznasynda gyzyl puluň toplanmagynda, köpelmeginde, ýurduň ykdysadyýetini kämil derejede ýokary götermekde esasy orun nebit-gaz pudaklaryna degişlidir. Garaşsyzlyk ýyllary içinde, umuman, ýurdumyzy düýpgöter özgertmekde ilkinji hatarda energetika we nebit-gaz toplumlarynda gazanylan çäksiz uly ykdysady we syýasy netijeleriň täsiri uly boldy. Türkmenbaşynyň ýedi sany uly-uly önümçilikden yba-

rat bolan nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy Watanymyzyň önümçiliginiň kerwenbaşysydyr. Bu zawodlar toplumynda oturdylan enjamlar, iň öňdebaryjy, kämil tehnologiýalary ýokary hilli, dünýä standartlaryna gabat gelýän önümleri öndürmäge doly mümkünçilik berýär. Ol önümler ýurdumyzda we daşary dowletlerde örän uly islegden peýdalanýarlar. Olara isleg bildirýän müşderileriň sany güngünden artýar.

Bu zawodlar toplumynyň örän çylşyrymly tehnologiýasy kämilleşdirilýär. Häzirki zaman, öňdebaryjy tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak tötänden däldir. Ol döwrüň, ykdysady kanunlaryň talabydyr. Sebäbi diňe önümiň mukdaryna bolan isleg artman, onuň hiline bolan isleg, bäsleşlik hem artýar. Bu kanuny ýagdaýdyr. Umuman, ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň depginleri Türkmenistanyň öz saýlap alan ýolunyň dogrudygyny tassyklaýar. Dünýäniň ähli ýurtlary geljekde öňe gitmekligiň gözleginde, onuň hem esasy sebäbi Ýer ýüzindäki ähli döwletlere sapak bolan ykdysady çökgünlik hemmelere öz täsirini ýetirýär. Şonuň üçin 2008-2010-njy ýyllarda iň ösen döwletleriň 8-siniň ýurt baştutanlarynyň maslahatlary bolup geçdi. Soňra ýene-de ösen döwletleriň 12-siniň goşulmagy bilen jemi 20 döwletiň ýokary derejeli baştutanlarynyň maslahatlarynyň geçirilmegi hem ýöne ýerden bolmady. Bu maslahataryň hemmesiniň gün tertibinde ilkinji garalan mesele dünýäde bolup geçýän maliýe we ykdysady çökgünlik, ony ýeňip geçmegiň usullaryny, ýollaryny tapmakdan we çözmekden ybarat boldy. Bulardan başga-da, dünýäniň Afrika kontinentinde, Merkezi Aziýada, Owganystanda, Päkistanda, Hindistanda we beýleki käbir ýurtlarda azyk ýetmezçiligi soňky ýyllarda duýlup başlady.

Türkmen döwletiniň raýatlary eşretli ertire barýar. Garaşsyz döwletimizde azyk garaşsyzlygy doly çözüldi. Dünýäniň iň öňdebaryjy habar beriş serişdeleriniň Amerikanyň malie-ykdysady “Forbes” atly dünýä belli žurnalyna salgylanyp, ýagny žurnalyň buýrumasy esasynda “Gallup” analitik kompaniýasynyň geçiren sosiologiki

barlagynyň netijesinde Halkara reýtingini düzdiler. Bu halkara derejeli geçirilen taslama öz ähmiýeti boýunça uludyr. Ol (2005-2009--njy ýyllar aralygy) 155 döwletiň soňky ýyllardaky ösüşini öz içine aldy. Şeýlelikde, Türkmenistan öz durmuş derejesi we onuň hili boýunça 155 döwletiň arasynda 18-nji, Aziýa sebitinde bolsa 2-nji orna mynasyp bolup, dünýäniň köp sanly ösen döwletlerinden hem-de GDA-nyň düzümine girýän döwletleriň hemmesinden öňe geçmek bilen özüniň ykdysady we syýasy derejesini doly ykrar etdirdi. Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde, taryhy taýdan gysga döwrüň içinde durnukly durmuşy, ykdysady we syýasy netijeleri gazanmak türkmeniň taryhynda entek görlüp-eşidilmedik wakadyr. Dünýäniň ösen döwletleriniň 155-isiniň, Aziýa sebitinde we GDA-nyň arasynda, degişlilikde 18, 2, 1-nji orna mynasyp bolmagy, şu aýdanlarymyzyň diýseň ýakymly subutnamasy hem-de doly beýanydyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” diýen eseri garaşsyz türkmen döwletiniň häzirki döwri we eşretli gelejegini ähli jähetde öz içine alýan düýpli işdir. Senagatyň ähli ugurlarynda, ulag, aragatnaşyk, oba hojalyk toplumlarynda, saglygy goraýşyň, syýahatçylygyň, medenýetiň ähli edaralarynda, başgaça aýdanymyzda ýurdumyzyň halk hojalygynyň düzümine girýän ähli pudaklarynda amal edilýän işleriň özüniň hili we mukdary boýunça dünýä ülňülerine doly laýyk gelmegi Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe gazanan üstünliklerimiziň netijesidir. Her bir obada, şäherçede, etrapda, şäherde, welaýat merkezlerinde täze binalaryň, desgalaryň, önümçilik, medeni, saglyk, syýahatçylyk, ulag, aragatnaşyk, oba hojalygy, gurluşyk, gurluşyk materillary we beýleki ugurlar-pudaklar boýunça gurulýan edaralar, zawodlar, fabrikler we beýleki ululy-kiçili obýektleriň hemmesiniň daşky hem-de içki görnüşiniň dünýä ülňülerine gabat gelmegi şol ýeriň görküne görk goşýar. Elbetde, bular amala aşyrylýan işleriň derejesiniň örän ýokarydygyny, halaldygyny aňladýar. Täze binalaryň, kärhanalaryň içine girip tanyşan, syn eden mahalyň göwnüň heýjana gelýär.

Ajaýyp döwürde şeýle kaşaň ymaratlaryň gurulmagy, işe girizilmegi Türkmenistanyň ykdysady we syýasy binýadynyň gün-günden berkeýändigini subut edýär. Türkmen döwletiniň milli Lideriniň baştutanlygynda geçirilýän aç-açanlyk, aýanlyk, asudalyk, agzybirlik, birek-birege daýanmaklyk, ynanmaklyk, umuman, jemläp aýdanymyzda “Açyk gapylar” syýasaty ýurdumyzy halkara derejesine çykardy. Muňa milli Lidrimiziň giň okyjylar köpçüligine gowuşan “Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” diýen eseriniň türkmen, rus, iňlis dillerinde çap edilmegi-de güwä geçýär. Ol dünýä jemgyýetçiligi, ylym-bilim edaralary, merkezleri, institutlary, döwlet ýolbaşçylary tarapyndan örän uly gyzyklanma bilen goldaw tapdy. Çünki eserde ýurdumyzyň içerki we daşarky ykdysady we syýsy durmuşy barada jikme-jik beýan edilen pikirler, çözgütler, ýurdumyzyň çalt depginler bilen ösmeginde gazanylýan ösüşler daşary ýurtly okyjylarda biziň ýurdumyza bolan ynamy has hem ýokary göterdi. Maýa goýujylaryň işjeňligini ýokarlandyrdy. Olaryň sany bolsa gün-günden artýar. Başgaça aýdanymyzda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe öňde goýlan maksada ýetmek üçin bellenen ugur boýunça okgunly, öňe gitmeklik ykdysady netijeleri gazanmaklygyň esasydyr. Bular barada Hormatly Prezidentimiz öz eserinde aýratyn durup geçýär. Hormatly Prezidentimiziň adyna gelip gowşan örän ýakymly, buýsançly habarda Rumyniýanyň Halkara gatnaşyklary we ykdysady hyzmatdaşlyk institutynyň karary bilen Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa 2010-njy ýylyň görnükli döwlet we syýasy işgäri, “Ýylyň Adamy” diýen halkara baýragyny bermegiň biragyzdan kabul edilýändigi aýdylýar. Bu halkara, dünýä derejesinde ykrar edilýän baýragyn berilmegi hem ýöne ýerden däldir. Türkmen Lideri bu halkara derejeli baýraga 2007-2010-njy ýyllarda ylym-bilim, saglygy goraýyş, taryhy, medeni mirasy aýawly saklamak, berkitmek, ösdürmek, maýa goýumlarynyň depginleri, raýatlaryň durmuş goragy, ykdysadydurmuş ösüşleriň ygtybarly ýokary depginleri, Aşgabat şäheriniň

Ýewropanyň we Aziýanyň arasynda halkara derejeli syýasy çäreleri geçirmekde merkez bolup hyzmat etmegi, ýagny häzirki zaman siwilizasiýa merkezini döretmek, şonuň ýaly hem Aşgabatda BMG-nyň Merkezi Aziýa ýurtlarynda öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň döredilmegi we hyzmat etmegi, mundan başga-da beýleki has möhüm ähmiýetli bitiren işleri, halkara ykdysady, syýasy we ynsanperwerlik hyzmatlary üçin mynasyp boldy. Türkmenistan bilimleriň, saglygyň gülläp ösýän ýurduna öwrülýär, 2010-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda, Bilimler we talyp ýaşlar gününe bagyşlanan baýramçylyk güni şähermiziň günorta böleginde Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň açylmagy munuň mysalydyr. Ynsanperwer ähmiýetli ylym ojagynyň açylmagy döwletimiziň hemme taraplaýyn güýç-kuwwatynyň artýandygyny, täze döwrebap, dünýä ülňülerine doly gabat gelýän, iň döwrebap tehnologiýalara erk edip, dolandyryp biljek kämil nesli taýýarlamakda ýene-de bir täze sahypanyň açylýandygyny häsýetlendirýär. Şol gün paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň demirgazyk böleginde Ýokanç keselleri merkeziniň müdiriýetiniň 3 sany binalar toplumynyň – ýokanç keselleri, inçekeseli bejeriş-öňüni alyş merkeziniň, deri-wenerologiýa keselhanasynyň ulanylmaga berilmegi halkyň aladasyndan bir nyşandyr. Şonuň ýaly hem Aşgabat şäherinde, Daşoguz, Lebap, Mary welaýatlarynda umumy bilim berýän orta mekdepleriň açylmagy ýurdumyzyň milli bilim ulgamynda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan düýpli özgertmeleriniň, ösüp gelýän nesli hakda edýän atalyk aladasynyň netijesidir.

Hormatly Prezidentimiz iki tomlik “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy” diýen kitabyny öz halkyna peşgeş etdi. Hormatly Prezidentimize ykdysady ylymlarynyň doktory diýen ylmy derejäniň, hem-de professor diýen adyň berilmegi bu kitaplarynyň çap edilmegi bilen gabat gelmegi has hem uly ähmiýete eýedir.

## XI BAP. GARAŞSYZ WE HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ AZYK SENAGATY

Geçen ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň düzüminde täze pudaklar, kärhanalar emele geldi, olaryň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Işe girizilen, önümçilik üçin niýetlenen kärhanalaryň sany ýurt Garaşsyzlygymyzdan ozal, has dogrusy 1924-1990-njy ýyllar aralygynda bary-ýogy 115 sany bolan bolsa, Garaşsyzlyk ýyllarynda – 1991-2012-nji ýyllar aralygynda olaryň sany 1000-den hem geçdi. Täze kärhanalary, desgalary, binalary, ýollary we raýatlaryň beýleki hajatlary üçin gerek bolan lukmançylyk, sport, syýahatçylyk, ylym we bilim edaralarynyň, medeni ojaklaryň gurluşygy döwletiň örän uly maýa goýumlarynyň hasabyna çalt depginler bilen alnyp barylýar. 2007-2012-nji ýyllarda gurluşygyň depginleri we gerimi has hem ýokarlandy. Ýurdumyzda "Açyk gapylar" syýasatynyň has ýaýbaňlanmagy, giň gerim almagy netijesinde daşary ýurtlardan gelýän myhmalaryň sany gün-günden köpelýär. Dünýäniň çar tarapyndan iş we resmi sapar bilen gelýän işewir adamlaryň, hünärmenleriň, işewürleriň, resmi ýolbaşçylaryň, döwlet baştutanlarynyň Türkmenistan, onuň batly ösüşi barada, uly höwes, kanagatlanma bilen aýdýan sözleri türkmeniň abraýyny dünýä ýaýýar. Döwletimiziň ygtybarly, durnukly ykdysady, syýasy we durmuşy netijelere, sepgitlere eýe bolandygyny görkezýän, häsýetlendirýän ýene-de bir faktoryň üstünde durup geçsek has-da göwnejaý bolar. Resmi we resmi däl ýagaýda gelýän daşary ýurtly myhmanlaryň aglabasy türkmen bazarlaryny görmek isleýärler, munuň özüne ýeterlik sebäbi bar, bazarlarda raýatlara, halka satlyk üçin hödürlenýän hyzmatlaryň, harytlaryn görnüşi, möçberi, hili, daşky görnüşi, harytlaryň gerek bolan mukdarynda gaplanyşy, satyjylaryň medeniýeti, ýagny bu görkezjileriň hemmesiniň döwrebap bolmagy ýurduň ykdysady we syýasy derejesiniň häsýetnamasydyr. Ýene-de bir zady bellemek zerur. Garaşsyzlygymyzdan ozal etrap, welaýat merkezlerinde we ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde bazarlaryň sany diýseň çäklidi, bir ýa-da ikidi, olaryň içki

we daşky görnüşleri, ýagdaýlary gözgynydy. Bu günki gün häzirki zaman, görmäge göz gerek bazarlarmyzyň görki, bezegi, gerek bolan enjamlar we beýleki serişdeler bilen üpjünçiligi, alyjylara edilýän hyzmatlaryň derejesi, arassaçylyk, tertip-düzgün, haryt bolçulygy, olaryň bezeginiň ýokary derejede, döwrebap, dünýä standartlaryna doly gabat gelmegi buýsançly ýagdaýdyr. Bular Garaşsyz ýurdumyzyň azyk senagatynda gazanylan esasy üstünliklerimiziň biridir. Döwletimiziň ykdysadyýetiniň azyk sektorynyň adaty pudaklarynyň döwrebaplaşdyrylmagy we kämilleşdirilmegi täze kärhanalaryň, pudaklaryň döremeginde esasy faktor boldy. Netijede 2000-2012-nji ýyllar aralygynda senagat önümçiliginiň mukdary 5 esse köpeldi. Işe girizilen önümçilik kärhanalarynyň sany Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde birnäçe esse artyp, ýurdumyzyň ilatynyň ulanýan, sarp edýän azyk we azyk däl harytlary indi türkmen senagatynyň täze emele gelen kärhanalarynda öndürilýär. Harytlaryň belgilerinde "Türkmenistanda öndürildi" diýen ýazga gabat gelýärsiň. Bu hem Garaşsyzlygyň miwesidir. Halkyň sarp edýän harytlarynyň aglabasy, käte 100 göterime çenlisi ozal beýleki şäherlerden, respublikalardan getirilerdi, indi bolsa olar öz çig malymyzdan taýýar önüm görnüşinde öz ýurdumyzda öndürilýär. Bilşimiz ýaly öň Türkmenistan döwleti agrar, çig mal öndürýän ýurtlaryň hataryndady. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň düzüminde 19268 sany kärhana hereket edýär. Şol sandan diňe senagat kärhanalarynyň we telekeçilige hukukly taraplaryň kärhanalarynyň sany, degişlilikde 9 we 89 göterime barabardyr. Ýurdumyzyň senagatynyň düzüminde azyk senagatynyň orny, ähmiýeti, onuň udel agramy çäksiz uludyr. Azyk pudagy ulgamy, onuň ýeten sepgitleri, gazanylan ykdysady derejeleri ýurduň, döwletiň baýlygyny, azyk garaşsyzlygyny, umuman, ykdysady potensialyny häsiýetlendirýän makro görkezijileriň biridir. Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra, 1991-nji ýyldan başlap döwlet derejesinde ykdysadyýetimiziň ilkinji, örän möhüm wezipeleriniň biri azyk üpjünçiligi, garaşsyzlygy boldy. Azyk senagatynyň geçmişine, şu gününe we geljegine ser salmak, seljermek tötänden däldir. Sebäbi adamzat

jemgyýetiniň emele gelmegi, onuň ösüşi, kämil bolmagy, ýyl-ýyldan has-da kamilleşmegi azyk senagatynyň mukdar we hil taýdan ösmegine gönüden-göni baglydyr. Azyk önümleriniň döwlet gözegçiligin-de bolmagy hem ýöne ýerden däldir. Türkmenistsnyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2009-njy ýylyň 31-nji ýanwarynda geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisinde şu mesele barada ýurduň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugyna berk tabşyryk berdi. Her bir adamyň saglygy, bedeniniň berkligi, durmuş derejesi, durmuşa, işe, zähmete, okuwa bolan höwesi, ukyby onuň gije-gündiziň dowamynda päsgelsiz, parahat, adaty ýagdaýda sarp edýän azyk harytlarynyň mukdaryna we hiline baglydyr. Azyk öndürmekde, ýagny köp azyk önümleriniň esasy hamyrmaýasy bolup durýan däne, bugdaý dünýäde düýpli meseleleriň biridir. BMG-niň ýörite komissiýasynyň berýän maglumatlaryna görä, ýer ýüzünde ýaşaýan adamlaryň 1 milliarddan hem gowragy açlygy başdan geçirýär. Olaryň esasy bölegem Afrika kontinentindedir. Şonuň üçin hem BMG-niň teklibi, haýyşnamasy, hemaýaty we dünýäniň beýleki jemgyýetçilik institutlarynyň teklipleri esasynda däne öndürýän köp sanly ösen, uly döwletleriň gatnaşmagynda däne müşgülligine bagyşlanan maslahatlar, forumlar ýygy-ýygydan geçirilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanda galla öndürmek meselesi doly çözüldi. Her bir raýat, hususy we döwlet edaralary bugdaý önümleri, un bilen doly üpjün edilýär. Ýurdumyzda her ýyl azyndan 1 million 200 müň tonna bugdaý öndürilýär. Bu bolsa ýeke bir azyk senagatyny ösdürmekde esasy faktor bolmam, maldarçylygy, guşçulygy ösdürmekde hem uly ähmiýete eýedir. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe azyk senagatynyň binýadyny berkitmekde we ýokary depginler bilen ösdürmekde telekeçilik ulgamynyň, kiçi we orta biznesiň ähmiýeti, tutýan orny has hem ýokarlanýar. Häzirki döwürde ýurdumyzyň telekiçileriniň, hususy kärhanalarynyň öndürýän azyk önümleriniň mukdary we hili döwlet sektorynda öndürilýän azyk harytlarynyň mukdaryndan ep-esli köpdür. Türkmenistan

Garaşsyzlygyny alanyndan soňra raýatlaryň telekeçilik işi bilen doly derejede, döwletiň howandarlyk etmeginde meşgul bolmaklaryna giň ýol açyldy. Telekeçilik işi türkmeniň durmuşynda täze bir zat bolman, ol hojalygy dolandyrmakda ata-babalarymyzdan galan milli usullaryň, ýollaryň biridir. Aslynda telekeçilik–raýatlaryň düşewündi, girdejisi ýa-da peýda almak üçin gönükdirilen özbaşdak, hususy işdir. Telekeçilik, bu ilki bilen tygşytlylyk, öz zadyňy ykdysady babatda tygşytly ulanmak, guramak, önümçilikde az sarp edip köp zat öndürmek, azdan başlap, köp zada halal zähmetiň bilen eýe bolmakdyr. Şu ýerde bir zady bellemeklik ýerlikli bolsa gerek. Biziň ýurdumyzda telekeçiligi, hususy eýeçiligi ösdürmekde daşary döwletlerden gelen telekeçiler, işewür adamlar, uly ýardam berdiler. Häzirki döwürde edilýän hyzmatyň, öndürilýän önümiň mukdaryny, hilini, bahasyny, nyrhyny, zerurlygyny her bir telekeçiniň, işewüriň özi çözýär we kesgitleýär. Telekeçi her bir işçiniň sarp eden zähmetiniň ykdysady netijesini güni birin görüp bilýär. Şonuň üçin hem olar önümçiligi ygtybarly, durnukly ösdürmäge, giňeltmäge, ýagny öz halkyna zerur, gerek bolan harytlary öndürmäge, şol önümleriň görnüşlerini köpeltmäge çalyşýar. Bu bolsa hususy eýeçiligiň esasy ykdysady we syýasy aýratynlygy we üstünligidir. Şol bir wagtyň özünde hususy eýeçilik ýurduň azyk senagatyny ýokary depginler bilen ösdürmekde esasy faktor bolup durýar. Ykdysadyýetiň beýleki ulgamlary bilen deňeşdireniňde azyk senagaty pudagynyň ösüş depginleri, öndürijilik güýçleri ýokarydyr. Onuň umumy ykdysady potensialy ýurdumyzda bar bolan, esasanam oba ýerlerindäki zähmet resurslarydyr, ýerlerdäki köp sanly çig mallary, maliýe serişdelerini we azyk önümlerini öndürmekde örän möhümdir. Azyk senagaty onümçiligi, göräýmäge ýönekeý ýalydyr. Ýöne ol öz häsýeti, önümçilik şertlerine görä örän çylşyrymlydyr we jogapkärlidir. Häzir ýurdumyzda döwlet sektoryna degişli azyk senagaty kärhanalarynyň sany 55-den hem köpdür. Türkmen telekeçilerine döwlet tarapyndan edilýän hemaýat örän uludyr, olar salgytlaryň ähli görnüşlerinden boşadylyp, diňe peýdadan 2 göterim salgyt tölemekleri, 10 ýyla çenli 5 göterimden ybarat ýeňillikli karz puluň berilmegi

oňa mysaldyr. Bu döwlet tarapyndan berilýän hemaýatlar, goldawlar, kömekler we beýleki çäreler telekeçiligi ösdürmäge giň ýol açýar. 2010-njy ýylda telekeçiligiň udel agramy ýurt boýunça 40 göterim diýlip kesgitlenen bolsa, indi telekeçiligi has ýokary depginler bilen ösdürüp, döwlet tarapyndan işlenip düzülen meýilnama laýyklykda 2020-nji ýyla çenli ýudumyzyň jemi içerki önüminde telekeçileriň öndürýän önümleriniň paýy 70 göterime çenli köpeler. Azyk senagatyny ykdysadyýetiň beýleki pudaklary bilen aýakdaş, durnukly, ygtybarly ösdürmekde, onuň binýadyny berkitmekde agrosenagat toplumynyň ösüş depginleri, ýeten derejesi, gazanylýan ykdysady netijeler örän möhümdir. Azyk senagatynyň esasy maýasy oba hojalyk önümini öndürýän pudaklarydyr. Şol sebäpli hem ýurdumyzda oba hojalyk toplumyny döwrebap ösdürmäge has uly üns berilýändigi düşnüklidir. Ýurdumyzyň agrosenagat toplumyny we onuň ösmegine ýardam beriji pudaklary döwrebap, dünýä ülňülerine laýyk gelýän güýçli depginler bilen ösdürmek esasy maksatlaryň biridir. Şonuň üçin Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň mart aýynda Mary welaýatynyň Mary şäherinde bolup geçen Halk Maslahatynda eden taryhy çykyşynda oba hojalygy, ösdürmekde birnäçe peýdaly teklipleri öňe sürdi, öňde täze wezipeleri goýdy. Ykdysadyýetimizi ýokary depginler bilen ösdürmek üçin, oba hojalyk toplumynyň işini döwrebap, dünýä standartlarynyň we agrotehnikanyň talaplaryna görä ýola goýmak gerek. Onuň oňat ýola goýlandygyna ýurdumyzda Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlup işe girizilen dokma fabrikleridir zawodlaryň, elewatorlaryň, un zawodlarynyň we beýleki ululy-kiçili täze dörän kärhanalaryň sany şaýatlyk edýär. Şonuň üçin hem hormatly Prezidentimiziň hemaýaty, tagallasy, öňdengörüjiligi, paýhasy, parasatly ýolbaşçylygy esasynda indi ýurdumyzda oba hojalyk toplumynyň şu gününe, geljegine hemmetaraplaýyn seretmeklik, ýagny kanuny esasda, döwlet derejesinde toplumy dolandyrmak ýola goýuldy. Ozal bu toplumyň aýry-aýry ugurlaryna maýa goýumlary ýeterlik möçberde göýberilmän, amal edilýän işler üzlem-saplam ýerine ýetirilerdi. Häzirki döwürde ýokarda

belleýşimiz ýaly, toplumyň hemme ugurlary boýunça bir çeşmeden maliýeleşdirilip, gerek möçberinde maýa goýumlary gönükdirilýär. Hormatly Prezidentimiziň hut özüniň bu toplumyň işine ýolbaşçylyk etmegi öz netijesini hem berýär. Ýurdumyzyň ekerançylygynda, maldarçylygynda, umuman, oba hojalygynyň ähli pudaklarynyň ösüşinde ýokary depginler duýulýar. Anyk aýtsak hil we mukdar taýdan durnuklylyk, işe täzeçe ýolbaşçylyk etmek usuly emele geldi. Bu oňyn ýagdaýlar haýsy faktorlaryň esasynda emele geldi? Türkmenistan soňky ýyllarda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda çäksiz uly özgertmeleri durmuşa ornaşdyrdy. Senagatda, gurluşykda, oba hojalyk toplumunda, ylym, bilim ulgamynda, saglygy goraýyşda, sport we syýahatçylyk hem-de beýleki pudaklaryň hemmesinde öňden hereket edip gelýän kärhanalar hem-de pudaklar döwrebaplaşdyryldy, täzeleri guruldy. 2007-2012-nji ýyllar içinde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmegine goýberilen maýa goýumlaryň hasabyna daşary ýurtlardan satyn alnan awtomobilleriň, traktorlaryň, tehniki serişdeleriň, mehanizimleriň we beýleki gerek bolan enjamlaryň sany ummasyzdyr. Senagatyň, şol sanda azyk senagatynyň hem-de agrosenagat toplumunyň maşyn parkyny doly, ýeterlik derejede üpjün etmek maksady bilen Russiýa Federasiýasyndan, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Germaniýadan, Italiýadan, Fransiýadan, Beýik Britaniýadan, Ýaponiýadan, Eýrandan, Belorusdan, Özbegistan Respublikasyndan, Ukrainadan, Koreýadan we beýleki döwletlerden önümçilik üçin gerek bolan harytlaryň köp mukdary alyndy. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň hemme pudaklary biri-birine gönüden-göni baglydyr. Şonuň üçin hem hormatly Prezidentimiz ykdysadyýetimiziň hemme pudaklaryny aýakdaş, döwrebap, deňölçegli ösdürmegi göz öňünde tutup, ikinji derejeli işiň ýokdugyny öz çykyşlarynda nygtaýar. Bu bolsa milli Liderimiziň "Döwlet adam üçindir!" diýen ganatly sözleriniň tassyknamasy hem-de beýanydyr. Mysal üçin, ygtybarly, ýokary hilli demir we awtomobil ýollarynyň bolmagy, ýolagçy gatnadýan ýokary amatly awtobuslaryň hereket etmegi, milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlylygyndan habar berýär. Iň öňdebaryjy tehnologiýalary, tehniki serişdeleri, enjamlary ulanýan

lukmançylyk pudagymyzyň hyzmatlary we başgalar Türkmenistan döwletiniň barha gülläp ösýändigininiň subutnmasydyr. Ýurduň abadançylygy, ygtybarlylygy, raýatlaryň ruhy we maddy taýdan baýlygy, olaryň durmuşa, zähmete bolan höwesi, gatnaşygy tötänden däldir, bularyň hemmesi ýurdumyzda gazanylýan çäksiz uly ykdysady we syýasy netijeleriň miwesidir.

Türkmenistan Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde sözüň doly manysynda ykdysady garaşsyzlyga eýe boldy we ösen döwletleriň hataryna goşuldy. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi ep-esli ýokarlandy, 2009-njy ýylda bölek haryt dolanyşygynyň ösüş depgini 2008-nji ýyl bilen deňeşdirininde 116 göterime ýetdi. 2012-nji ýylda ondan hem ýokary, 120 göretimden-de ýokary boldy. Şol döwürde ähli maýa goýumlarynyň möçberi 2,5 esse artdy. Bu aýdanlarymyz halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak üçin durmuşa geçirilýän örän möhüm çärelerdir. Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle diýýär: “Biziň baş maksadymyz halkymyzyň bolelin durmuşda ýaşamagyny üpjün etmekden ybaratdyr”. Döwleti dolandyrmagyň, ony kämil derejä ýetirmegiň esasy ýollarynyň biri hem hereket edýän kanunlaryň döwrebap bolmagydyr, sebäbi kanun boýunça hereket edýän döwlet kämil döwlet bolýar, Döwletiň içeri we daşary syýasatyna ynam we gatnaşyk düýbünden başgaça bolýar. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow milli kanunçylygymyz döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir diýip bellemek bilen, ýurdumyzyň Baş Kanunyna we beýleki birnäçe kanunlara täzeden seredip, hukuk reformasy bilen baglylykda üýtgeşmeleri we goşmaçalary girizmegi teklip etdi we olary tiz wagtyň içinde durmuşa geçirmegi Türkmenistanyň Mejlisine tabşyrdy. Döwletiň ykdysadyýetini düýpgöter özgertmekde, halkara gatnaşyklarymyzy ösdürmekde we berkitmekde kanunçylygyň tutýan ornunyň ähmiýetiniň örän möhümdigini hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň täze saýlanan Parlamentiniň mejlisinde eden taryhy çykyşynda aýratyn belledi. Döwletiň düzümine girýän edaralaryň, kärhanalaryň, pudaklaryň

hemmesiniň döwrebap hukuk kanunlarynyň kämil, çeýe we takyk bolmalydygyny hem-de başga döwletleriň toplan halkara tejiribesini öwrenmegi, şunuň bilen birlikde parlamentara gatnaşyklary ösdürmegi, berkitmegi hem nygtady. Azyk senagatynda beýleki pudaklar bilen deňeşdireniňde kanunlaryň, kanuny aktlaryň, düzgünnamalaryň orny we ähmiyeti önüm öndürjiler, satyjylar we alyjylar üçin çäksiz uludyr. Pudakara, halkara gatnaşyklaryň has giňeýän, çylşyrymly we ösen döwründe azyk garaşsyzlygy döwlet derejeli möhüm meseledir. Diňe biziň döwletimizde bolman bütin dünýäde azyklyk çig malyň, azyk önümleriniň önümçiliginde täze tehnologiýalaryň, biotehnologiýalaryň, emeli reagentleriň we beýleki enjamlaryň ulanylmagy sebäpli azyk önümçiligi Ýer ýüzinde çalt depginler bilen ösýär. Ýurdumyzada öndürilýän azyk önümleriniň ýokary depginler bilen ösmegi, daşary ýurtlardan getirilýän azyk harytlarynyň hil derejesiniň adamlaryň jan saglygyna howp salmazlygy üçin ýurdumyzda Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy we beýleki saglygy goraýyş edaralary tarapyndan köp sanly çäreler we işler durmuşa geçirilýär. Milli Lidermiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2009-njy ýylyň aprel aýynda “Iýmit önümleriniň hili we howpsuzlygy hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunyna gol çekmegi hem ýöne ýerden däldir. Bu babatda hormatly Prezidentimiz şeýle diýýär: “Adamlar baradaky alada, olaryň netijeli zähmeti, göwnejaý durmuşy we dynç almagy üçin ähli zerur şertleriň döredilmegi döwlet syýasatynyň esasy ugrudyr”. Bu adam baradaky aladanyň, ynsanperwerligiň iň ýokary derejesidir.

## XII BAP. TÜRKMENISTANYŇ ULAG WE ARAGATNAŞYK PUDAKLARY

Türkmenistanda halk hojalygynyň ähli pudagyny döwrebap dolandyrmakda, ýokary depginler bilen ösdürmekde ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň ähmiýeti örän uludyr. Türkmenistanyň tutýan meýdany 491,2 müň inedürdül kilometrdir. Tutýan meýdanynyň uzynlygy de-

mirgazykdan günorta – 650 kilometr, günbatardan-gündogara – 1100 kilometr. Ine, şu sanlar ýene-de bir gezek ýurdumyzyň halk hojalygyny ösdürmekde we dolandyrmakda ulag hem-de aragatnaşyk pudaklarynyň örän wajypdygyny, olaryň hem beýleki ileri tutulýan pudaklar ýaly ýokary depginler bilen ösdürmelidigini subut edýär. Türkmenistanda ulaglaryň ähli görnüşleri boýunça: demir, deňiz we derýa ýollary, awomobil we howa ýol pudaklarynda işler oňat ýola goýlandyr.

Ulag pudaklarynyň atlary, çägi, düzümi Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra tertibe salyndy. Mälim bolşy ýaly, ulag pudagy öndürijiler bilen sarp edijileriň arasynda duryan baglaşdyryjy zynjyr bolup, önümleriň dürli görnüşlerini bir ýerden başga bir ýere daşamak wezipelerini ýerine ýetirýär we ilata ulag hyzmatlaryny amala aşyrýar. Döwletimiziň halk hojalygynyň ygtybarly, durnukly ösmeginde ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň ähmiýeti, tutýan orny çäksiz uludyr, şol sebäpli hem hormatly Prezidentimiz bu ulgamy has-da kämilleşdirmek, döwrebap infrastrukturany döretmek üçin alada edýär. Umuman aýdanymyzda, halk hojalyk ýüklerini daşamakda, ýolagçylary gatnatmakda we ilatyň islegini doly kanagatlandyrmakda ulag pudagyna esasy orun degişlidir. Ýurdumyzda ulag we aragatnaşyk hyzmatlarynyň bahasy hemmeler üçin elýeterdir we ujypsyzdyr. Häzirki wagtda ýurdumyzyň düzüminde 565 gowrak geňeşlik, 77 şäherçe, 7 sany şäherdäki etrap, 60 sany etrap, 22 sany şäher we 5 sany welaýat hereket edýär. Ýurtda welaýat, şäher, etrapara demir, deňiz, awtomobil we howa ýollarynyň gatnawlary doly we bökdençsiz ýola goýlandyr.

Döwletimiziň ýokary depginler bilen öňe gitmeginde esasy, aýgytlaýjy faktorlaryň biri ulag we aragatnaşyk ulgamlarydyr. Şonuň üçin hem ilki bilen bu ulgamlaryň maddy-tehniki bazasynyň derejesi dünýä ülňülerine gabat gelýän döwrebap tilsimatlar bilen berkidildi.

Türkmenistanda Garaşsyzlyk ýyllary içinde ulag we aragatnaşyk pudaklarynda gazanylan ykdysady üstünlikler barada esasy görkezijiler şaýatlyk edýär. Häzirki wagtda demir ýollaryň umumy


8. Sargyt № 590.

uzynlygy 2524 kilometrden hem gowrak, derýa-gämi gatnaw ýollary 654 kilometre, umumy peýdalanyşykdaky awtomobil ýollary 14000 kilometre golaýdyr. Daşalan ýükleriň mukdary 2000-nji ýylda 463645 müň tonna bolanlygyndan 2011-nji ýylda 3,5 esse köpeldi. Şu döwrüň içinde demir ýol boýunça yük daşamakda 2,5 esse, deňiz ýollarynda dört esse, derýa ýollarynda hem 20 esse ösüş gazanyldy. Ulaglaryň görnüşleri boýunça yük dolanyşygy 2000-nji ýylda 37585 million tonna-kilometr bolan bolsa, 2011-nji ýylda ol 12 esse artdy. 2003-2010-njy ýyllar aralygynda 10 esseden hem gowrak boldy. Ulag pudagynyň has gowy netijeler gazanan görnüşleri howa, demir, awtomobil ýollarydyr. Seljerýän ýyllarymyz döwründe oňaýly netijeler diňe bir ýük daşamaklykda däl-de, ýolagçy gatnatmakda hem gazanyldy. Mysal üçin, 2000-nji ýylda ulaglaryň ähli görnüşleri boýunça 738535 müň ýolagçy gatnadylan bolsa, 2003-nji ýylda 821186 müňe golaý ýolagçy gatnadyldy, 2010-njy ýylda bolsa 1 milliarddan hem geçdi. Ulaglaryň görnüşleri boýunça has gowy netijeler ýük daşamakda we ýolagçy gatnatmakda deňiz, howa ýollarynda gazanyldy. Ulaglaryň ähli görnüşleri boýunça – demir, awtomobil, howa, deňiz we derýa ýollarynda gazanylan ýokary ykdysady netijeler, üstünlikler 1991-nji ýyldan, döwlet Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra, halkara ýükleri daşamakda we adam gatnatmakda ýola goýlan halkara gatnaşyklaryň esasynda emele geldi.

“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasyna laýyklykda, ulaglaryň ähli görnüşleri boýunça öňde goýlan uly çäreler, maksatnamalar durmuşa geçirildi we geçirilýär. Ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde dünýä ülňülerine doly laýyk gelýän halkara howa menzili ulanylmaga berildi. Welaýat merkezlerindäki we Türkmenbaşy şäherindäki howa menzilleriniň durky täzelenip, olary döwrebap dolandyrmak üçin iň täze tehnologiýalar, kompýuterler we beýleki dolandyryş serişdeleri bilen doly enjamlaşdyryldy. Indi bu aeroportlarda hem içerki we daşarky-halkara howa gatnawlaryny ygtybarly ýola goýmaga ähli şertler bar.

Täzeden gurmak, dikeltmek, tertibe salmak işleri diňe bir howa menzillerinde ýola goýulman ol işler demir, awtomobil, derýa, deňiz menzillerinde hem berjaý edildi. Döwrebap täze derýa, deňiz, awtoterminallary ulanylmaga berildi. Bu edilen işler halkara ulag gatnaşyklarynyň talabydyr. Ýük daşamaga we ýolagçy gatnatmaga degişli ulag menzilleriniň hemmesinde dünýä ülňülerine, talaplaryna laýyk gelýän şertler bolmalydyr. Ulaglaryň ähli görnüşleriniň menzillerinde Garaşsyzlyk ýyllary içinde edilen işler örän uludyr. Tapawudy ýok, awtomobil menzilimi ýa-da demir ýol, işiň guralyşy, adam-ýolagçy üçin döredilen şertler her adamyň ruhuna ruh goşýar, kalbynda höwes, guwanç, buýsanç döredýär. Arassaçylyk, höküm sürýär. Gök agaçlar, otlar, güller göwnüňi göretýär. Ýene-de bir zady belläp geçsek ýokarda aýdanlarymyzyň üstüni ýetirip ulag pudagyndaky ykdysady, syýasy taýdan gazanan netijelerimiziň, üstünliklerimiziň beýany has doly bolar.

Milli Lidermiziň tagallasy, hemaýaty bilen Garaşsyzlygymyzdan ozalky ulanylýan, hereket edýän ulaglaryň ähli görnüşleriniň serişdeleriniň üsti täze öňdebaryjy daşary ýurt tehniki enjamlary, ulag serişdeleri bilen doldurylýar, täze kuwwatly, güýçli, tygşytly, ykjam, zähmet öndürijiligi has ýokary bolan daşary ýurt mehanizimleri, tehnologiýalary satyn alynýar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde demir ýollar üçin täze lokomotiwler, wagonlar, sisternalar, platformalar satyn alyndy. Diňe 2005-nji ýylyň dowamynda Hytaý Halk Respublikasyndan şertnama esasynda teplowozlaryň – 48, ýolagçy wagonlarynyň – 50, ýük wagonlarynyň hem 530 sanysy alyndy. Ýurdumyza Hytaý döwletinden wagonlaryň we teplowozlaryň gelmegi dowam edýär. 2011-nji ýylyň iýun aýynda olaryň birnäçesi gelip gowuşdy. Bu serişdeler nebit-gaz, gurluşyk materiallary, agrosenagat toplumlarynda öndürilýän täze önümleri we çig mallary daşamak hem-de ýolagçylary gatnatmak üçin niýetlenen täze enjamlardyr we ulag serişdeleridir. Ýük daşamak, ýolagçy gatnatmak üçin täze daşary ýurt awtobuslarynyň, awtomobilleriniň müňlerçesi satyn alyndy. Olar dünýä belli, iň ygtybarly, kuwwatly,

ýokary öndürijilikli “Mersedes-Bens”, “Volvo”, “Şkoda”, “BelAZ”, “KamAZ”, “Kraz”, “MAZ”, “Hundaý” ýaly ýokary ýük göteriji, has takygy pesinden 20, 40 tonna we ondan-da ýokary ýük göteriji awtoulaglarydyr. Ýaponiýanyň, Şwesiýanyň, Germaniýanyň, Çehiýanyň, Belarusyň, Russiýa Federasiýasynyň çykarýan awtoulaglarynda sürüji hem-de ulanyjylar üçin ähli şertler döredilendir, öz ýüküni özi agdarýan, düşürýän awtoulaglar bilen birlikde ýolagçylary gatnadýan awtobuslar hem köp mukdarda satyn alynýar. Häzir ýurdumyzda ýolagçylar üçin hemme şertler döredilen, uly we mikroawtobuslar hem Germaniýadan, Şwesiýadan, Eýran Yslam Respublikasyndan, Koreýadan we beýleki daşary ýurtlardan satyn alynýar. Satyn alnan ulaglar biziň ýurdumyzyň howa şertlerinde, esasan hem yssy howada ulanmak üçin niýetlenen ulaglardyr. Ýolagçynyň rahatlygy, barjak ýerine ygtybarly barmagy üçin hemme şertler döredilendir. Şeýle ýakymly ýagdaý diňe bir ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde däl-de, beýleki şäherlerde, welaýatlarda hem doly çözülendir. Türkmen halky üçin döredilen şertlere Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra mümkinçilik tapdyk.

Milli Lidermiziň ýolbaşçylygynda syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde amala aşyrylýan işler, gazanylan üstünlikler sanardan köp. Elbetde, 21 ýyl içinde edilen ägirt uly işlere, gazanylan üstünliklere, geçilen ýollara biziň köpimiz şaýatdyrys.

Türkmenistanda Garaşsyzlyk ýyllarynda awtoulaglar pudagynyň ähli görnüşleriniň ösmegine, berkemegine, hil we san taýdan kämilleşmegine-de uly üns berildi.

Köne gämileriň, lokomotiwleriň, uçarlaryň, dikuçarlaryň hataryny täzelemek bilen, deňiz, derýa, demir we howa ýollary üçin dünýä belli iň täze enjamlar, tehnologiýalar, elektron ulgamlar, kompýuterler bilen enjamlaşdyrylan dünýä ülňülerine gabat gelýän gämiler, wagonlar, lokomotiwler, “Boing-717, 737, 757” kysymly uçarlar, Amerikanyň Sikorskiý konstruktorçylyk býurosynda döredilen naýbaşy dikuçarlar we ýene-de köp sanly beýleki tehniki serişdeler satyn alyndy.

“Boiňg” kysymly uçarlar diňe bir halkara howa ýollarynda ýolagçylary gatnatman, ýurduň içindäki ýolagçylara-da hyzmat edýär. Ýene-de bir bellemeli zat ýolagçylaryň ýol üçin töleýän töleginiň elýeterliligidir. Ýurdumyzyň haýsy künjegine barmakçy bolsaňam howa we demir ýol biletiniň bahasy, degişlilikde, ortaça 35-45, 10-12 manatdan ýokary däldir. Säher awtobuslarynda ýolagçy biletleriniň bahasy has arzandyr, ýagny 20 teňňedir. Ulag edaralarynyň ýolagçylar üçin edýän çykdajylary ýolagçynyň biletiniň bahasyndan has ýokarydyr. Çykdajylaryň aratapawudyny döwletiň öz üstüne alýandygyny bellemelidiris. Ine, bu adam üçin döredilen ajaýyp şertler, uly ýeňillikler Hormatly Prezidentimiz tarapyndan halkyna berlen peşgeşdir we bahasyna ýetip bolmaýan gyzyldan gymmatly sowgatdyr. Ulag pudagynyň ähli görnüşleri üçin gymmatbahaly ulag serişdeleriniň satyn alynmagy, olaryň halkyň bähbidi üçin ulanylmagy, pudagyň ösmegi üçin täze maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň mäkämdigini, pugtadygyny ýene bir gezek subut edýär.

Ýurdumyzyň aragatnaşyk pudagy hem mlli ykdysadyýetimizi yzygiderli, ýokary depginler bilen ösdürmekde örän wajypdyr. Aragatnaşyk pudagynyň ýurduň halkyna edýän hyzmatlary hem örän zerurdyr we wajypdyr. Ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryna üns berlişi ýaly, Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan başlap aragatnaşyk pudagynyň işgärleriniň öňünde hem uly wezipeler, maksatnamalar goýuldy.

Aragatnaşyk pudagynda 21 ýylyň içinde orän köp sanly ýurt, halk bähbitli saldamly işler durmuşa geçirildi. Aýdanlarymyzy sanlaryň üsti bilen beýan edeliň. 2000-2003-nji ýyllar aralygynda aragatnaşygyň esasy işinden girdejiler 1,8 esse köpeldi, ýagny 2000-nji ýylda 240,8 milliard manat bolanlygyndan 2003-nji ýylda ol 425,9 milliard manada ýetdi, şol sanda ilata edilen tölegli aragatnaşyk hyzmatlary 1,9 esse artdy. Bu sanlar ýurdumyzda turuwbaşdan aragatnaşyk pudagynyň örän güýçli depginler bilen ösendigini subutnamasydyr. Ugradylan hatlaryň, gazetleriň we žurnallaryň, telegrammalaryň sanlary hem şu

döwrüň içinde birnäçe esse köpeldi. Şonuň ýaly-da şäherara telefon gepleşikleriniň sany hem ep-esli artdy. 2000-nji ýylda olaryň sany 25,8 million bolan bolsa, 2003-nji ýylda şäherara telefon gepleşikleriň sany 47,7 milliona ýetdi. 2010-njy ýylda bolsa 100 milliona golaýlady.

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň biri bolan aragatnaşyk güýçli depginler bilen ösüp başlady. Pudagy maksatlaýyn dikeltmek, guramak, giňeltmek işleri başlandy, düýpli telekommunikasion işleriň taslamalary kabul edildi. Olaryň köpüsi eýýäm ýerine ýetirilip ulanylmaga berildi, birnäçesi gurlup ýör. Bu pudaga şeýle üns berilmegi ýöne ýerden däldir, sebäbi ösen döwletleriň hataryna goşulmak üçin ösen aragatnaşyk pudagy-da hökmanydyr, ygtybarly telekommunikasion infrastrukturasy, poçta, teleradio gatnaşyklary her bir ýurduň ýüzüdir. Aragatnaşyk ulgamy ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny özara baglanyşdyrýan, ilaty telefon aragatnaşygy we maglumatlar bilen üpjün edýän pudakdyr. Telefon stansiýalaryny gurmak, dikeltmek, giňeltmek işlerini geçirmek üçin ýurdumyza daşary ýurtlardan iň täze, häzirki zaman öýjükli telefon, elektron optika süýümli aragatnaşyk enjamlary getirildi.

Türkmenistanyň ähli etraplarynda, şäherlerinde, welaýat merkezlerinde sanly telefonlaryň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda 500-e golaý awtomatiki telefon stansiýalary hereket edýär, olardan, degişlilikde 150 we 450-ä golaýy şäher hem-de oba telefon düzümlerine hyzmat edýär. Ýurdumyzda ulanylýan 500-e golaý awtomatiki telefon stansiýalarynyň 72 sanysy sanly telefon stansiýalarydyr. Türkmenistanyň ähli awtomatiki telefon stansiýalarynyň şu günki güne çenli telefon nokatlarynyň sany 500000-den hem geçdi. Şolaryň 70 göterime golaýy sanly telefon nokatlarydyr. Täze awtomatiki telefon stansiýalaryny gurmakda, köneden işläp gelýänlerini döwrebaplaşdyrmakda dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary tizlikde işleýän sanly we optiki süýümli enjamlar satyn alyndy we oturdyldy. Bu sanlar Garaşsyzlyk ýyllarynda aragatnaşyk ulgamynda edilen işleriň, geçirilen çäreleriň çäksiz uludygyny görkezýär.

Aragatnaşyk pudagynda ösüşleriň gazanylmagy Türkmenistanda halka aragatnaşyk hyzmatlarynyň ýokary derejede amala aşyrylýandygyna, halkyň isleginiň doly kanagatlandyrylýanlygyna şaýatlyk edýär. Bu netijeler köp ýyllaryň zähmeti, milli Lidermiziň öz halky barada gije-gündiz çekýän zähmetiniň, aladasynyň miwesidir. Aragatnaşyk ulgamynda uly-uly maksatnamalary durmuşa geçirmäge dünýä belli baý tejribe toplan daşary ýurt kompaniýalary gatnaşýarlar. Olardan “Alkatel”, “Netaş”, “Erikson”, “Siemens”, “Hudweý Tehnolojiýes” we başgalardyr. “Siemens” kompaniýasynyň enjamlarynyň esasynda halkara awtomatiki sanly telefon stansiýasy guruldy, ol dünýäniň ähli ýurtlary bilen göni halkara aragatnaşyk ulgamlaryna çykmaga mümkinçilik berdi. Ähli welaýat merkezlerinde hem awtomatiki sanly telefon stansiýalary işe girizildi. Bu bolsa abonentlere daşary ýurtlar bilen awtomatiki telefon arkaly aragatnaşygy saklamaga giň ýol açdy. Türkmenistanyň halkara 993 belgili kodunyň üsti bilen Ýer togalagynyň islendik künjegine çykmaga mümkinçilik döredi. Ýurdumyzyň raýatlary indi Diýarymyzyň içinde we daşynda gije-gündiziň dowamynda islendik ýurt, şäher bilen awtomatiki telefon arkaly gepleşip bilýärler.

Ýokarda agzap geçen kompaniýalarymyz diňe bir awtomatlaşdyrylan telefon stansiýalaryny gurmak bilen çäklenmän, olar radio, telewideniýe, poçta we beýleki aragatnaşyk ulgamynyň edaralary üçin hem köp sanly aragatnaşyk serişdelerini we enjamlaryny getirdiler hem-de ulanmaga berdiler. Täze ulanylmaga berlen, işe girizilen awtomatiki sanly telefon stansiýalarynyň, umuman, telekommunikasiýa infrastrukturasynyň ösmegi netijesinde internete çykmaga hem mümkinçilik berdi. Häzir bir wagtyň özünde 100-lerçe abonent internetiň üsti bilen dünýä maglumatlaryny alyp bilýär. Aragatnaşyk ulgamynda bolup geçýän özgermeler 2000-nji ýyldan bäri has güýçli depginler bilen özgerýär we ösýär. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň, raýatlaryň we beýleki ýurtlaryň halkara, şäherara awtomatiki aragatnaşyklaryna bolan islegiň artmagy sebäpli, geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ahyrynda ýene-de bir halkara

taslamasyny çözmeli boldy. Ýagny halkara “Trans-Aziýa-Ýewropa” optiki süýümli aragatnaşyk geçirijini döretmäge, gurmaga girişildi. Bu geçirijiniň uzynlygy 27000 kilometrden ybaratdyr. Hytaý Halk Respublikasynyň Urumçy şäherinden Germaniýanyň Maýna boýundaky Frankfurt şäherine çenli uzap gidýär. Örän wajyp bolan bu beýik taslamany gurmaga biziň döwletimiz hem gatnaşdy. Bu geçirijiniň 708 kilometri biziň ýurdumyzyň çäginden geçýär. Optiki-süýümli geçirijiniň Türkmenistanyň çäklerinden geçmegi ähli telekommunikasion sanly ulgama goşulmagyna mümkinçilik döretdi. Edilýän hyzmatlaryň şäherara, halkara aragatnaşyk ugurlarynyň hili ep-esli gowulandy. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda öýjükli telefonlaryň we simsiz radio telefonlaryň gurulmagyna hem-de ösmegine giň ýol açyldy. Aragatnaşyk pudagynyň täze ugruny milli telekommunikasiýa infrastrukturasyny ösdürmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Şoňa laýyklykda ýurdumyzda milli öýjükli aragatnaşygyň – GSM-iň ülňülerine gabat gelýän telefon tory, stansiýasy guruldy. 50000 nokatdan ybarat bolan bu stansiýany Germaniýanyň dünýä belli “Siemens - AC” kompaniýasy gurdy.

“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasyna laýyklykda, ýene-de bir uly taslama amala aşyryldy. Aşgabat – Balkanabat – Türkmenbaşy aralygynda 645,3 kilometr uzynlygy bolan optiki süýümli ulgam ulanylmaga berildi. Taslama 2003-nji ýylyň sentýabr aýynda işe başlady. Taslama ýurduň paýtagty Aşgabat şäherinde 17 sany telefon nokatlaryny goşmaça köpeltmäge we ulanmaga bermäge ýardam berdi. Aragatnaşyk pudagy ýyl-ýyldan ösýär we kämilleşýär. Diňe Ahal welaýatynyň obalarynda, etraplarynda, etrap merkezlerinde 12600 nokatdan ybarat awtomatiki sanly telefon stansiýalary işe girizildi we ulanylmaga berildi. Döwlet “Teleradiomerkezi” kärhanasy 2003-nji ýylda geçirilen uly döwlet çärelerinde ulanmak üçin göni teleýaýlyma çykyp bilýän göçme telewizion stansiýasyny satyn aldy. Bu göçme stansiýa 16 tonna ýük göterip bilýän “Mersedes” awtomobiliniň esasynda iň täze, öňdebaryjy dünýä standartynyň

talaplaryna laýyk tehniki serişdeler bilen enjamlaşdyrylandyr. Ýene-de bir guwançly ýagdaý, bu dördünji–ýedinji teleýaýlymlaryň döredilmegidir. Dördünji ýaýlymyň esasy aýratynlygy gije-gündiziň dowamynda 4–7 dilde işlemegidir. Ol ýurdumyzdaky syýasy-ykdysady we medeni babatda gazanan üstünliklerimiz baradaky maglumatlary daşary ýurtlaryň diňleýjileriniň dykgatyna ýetirýär. Germaniýadan Ýaponiýa çenli uly çäkde Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistan barada gündelik täzelikler bilen tanyşmak bolýar.

"Türkmenpoçta" döwlet kärhanasy hem Garaşsyzlyk ýyllary içinde, has hem 2000-nji ýyldan bäri gülläp ösdi, poçtanyň kömegi bilen ugradylýan hatlaryň, gazetleriň, žurnallaryň, telegrammalaryň sany ýyldan-ýyla köpelýär. Mysal üçin, 2004-nji ýylda poçtanyň ýerine ýetirýän hyzmatlary öňki ýyl bilen deňeşdireniňde 6 göterimden 10 göterime çenli ösdi. "Türkmenpoçtanyň" hyzmatlary diňe öz ýurdumyzda artman, daşary ýurtlar bilen hem yzygiderli ösýär. Häzir "Türkmenpoçta" döwlet kärhanasy dünýäniň 200-e golaý ýurdy bilen aragatnaşyk saklaýar. Teleradio alyp eşitdiriş we görkeziş ulgamynyň düzüminiň baýlaşmagynda, ygtybarly işlemeginde Ýeriň emeli hemralarynyň hem ähmiýeti örän uludyr. Ýeriň emeli hemrasy "Ýamai - 200" 90˚ W.D. kömegi bilen dünýäniň köp ýurtlaryna teleradio gepleşikleri eşitdirilýär we görkezilýär. Ýene bir guwançly ýagdaý Türkmenistan Garaşsyzlygyny alanyndan soňra türkmeniň medeniýetini, çeperçilik sungatyny, Garaşşyzlygymyzy berkitmekde gazanylan netijelerimizi, tebigy baýlyklarymyzy, döwletimiziň nyşanlaryny, türkmen halkynyň özboluşly durmuşyny beýan edýan, häsiýetlendirýän milli poçta markalarynyň 150-den hem köprägi goýberildi. Türkmeniň milli markalary bilen dünýä ýurtlary tanşyp bilýärler. Türkmenistanyň ulag we aragatnaşyk pudagynyň ýagty geljegi örän uly. "Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnmasyny ýerine ýetirmek maksady bilen ulag we aragatnaşyk pudaklary mundan beýläk hem güýçli depginler bilen öser we giňeler. Bu pudak üçin ýene-de köp sanly täze awtoulaglary, lokomotiwleri, wagonlary, gämile-

ri, uçarlary, dikuçarlary we beýleki ulag we aragatnaşyk serişdelerini satyn almaklyk göz öňünde tutulýar.

2011-2020-nji ýyllar aralygynda ýurdumyzda telefon nokatlary 2225000-e ýeter. Öýjükli telefonlaryň sany hem 650000-den geçer. Şunuň ýaly çalt ösüşlere ýurdumyz Garaşsyzlyk ýyllarynda Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen eýe boldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmenleriň ömür boýy arzuw edip gelen syýasy, ykdysady we medeni taýdan örän uly ähmiýeti bolan täze demir we awtomobil ýollaryny gurmak baradaky arzuwlary amala aşdy. Sähelçe wagtyň içinde ýüzlerçe kilometr demir ýollary guruldy. Türkmenabat – Atamyrat, Tejen – Saragt – Maşat, Aşgabat – Daşoguz demir ýollarynyň uzynlygy 1000 kilometrden hem geçýär. Häzir gurluşygy gidip duran Türkmenistan-Eýran transkontinental demir ýolunyň gurluşygy hem dünýä ähmiýetli, halkara taslamadyr. Örän wajyp taslamalaryň biri-de demir ýollary bilen birlikde ugurdaş gurlan we gurulýan awtomobil ýollaryň bolmagy has maksada laýykdyr.

## XIII BAP. ÝURDUŇ SUWDAN REJELI PEÝDALANMAK SYÝASATY

Türkmenistan 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyny alanyndan soňra turuwbaşdan çäksiz uly ähniýeti bolan suw meselesine örän uly üns berip başlady. Suwuň altyna deňelmegi, ýurdumyzda “Suw damjasy – altyn dänesi” ady bilen her ýylyň aprel aýynda geçirilýän baýram bu meseläniň has zerurdygyny we wajypdygyny subut edýär. Garaşsyz Türkmenistanyň binýadyny berkitmekde, azyk garaşsyzlygy we ykdysady, syýasy howpsuzlygyny çözmekde hem suw meselesiniň ähmiýeti diýseň uludyr. Suw meselesiniň baýram edilmegi bir ýylyň dowamynda edilen işleri jemlemek we geljekde edilmeli işleri kesgitlemek, başgaça aýdanyňda geçmişe we geljege ser salmakdyr. Türkmenistanda Garaşsyzlygyň 21 ýyly içinde suw hojalygy pudagynda edilen işler örän önjeýlidir. Köp sanly suw howdanlarynyň, suw geçirijileriniň işe girizilmegi we başga-da ululy-kiçili suw

desgalarynyň gurulmagy suw hojalygyny, özboluşly aýratyn uly pudaga öwürdi. Häzirki wagtda bu pudak – suw hojalygy ulgamy tehniki taýdan ösen, kuwwatly pudaklaryň biridir. Bu pudak Belorusda, Russiýa Federasiýasynda, Ýaponiýada, Özbegistanda we beýleki daşary döwletlerde öndürilen buldozerler, ekskowatorlar, ýokary kuwwatlykly traktorlar, uly ýük göteriji awtoulaglar bilen üpjün edildi. Pudaga gerekli bolan täze daşary ýurt tehnikalarynyň häzir hem satyn alynmagy dowam edýär. Kuwwatly daşary ýurt tehnikalary bilen doly üpjün edilen Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrligi häzirki döwürde äpet uly gurluşyklary ýerine ýetirmegiň hötdesinden gelýär. Oňa XXI asyryň iň uly suw desgasy bolan “Altyn asyr” Türkmen köl mysal bolup biler.

Ol Türkmenistanyň bäş welaýatynyň şor suwuny bir ýere ýygnajak XXI asyryň iň uly gurluşygydyr. Bu äpet köli gurmak bilen baglanyşykly taslamanyň bahasy 7 milliard amerikan dollaryna deň bolar. Türkmen kölüniň göwrümi Tejen derýasynda işe girizilen suw howdanyndan 200 essä golaý uludyr.

Bu köl maldarçylygy, ekerançylygy, umuman aýdanyňda oba hojalyk toplumynyň ähli pudaklaryny ösdürmekde esasy şertleriň biri bolup durmak bilen, beýleki pudaklary ösdürmekde hem onuň örän uly ähmiýeti bolar. Suw adam durmuşy üçin zerurdyr, suw ýok ýerinde ýaşaýyş hem ýokdur. Energetika senagatymy, dokma, nebitgaz, gurluşyk toplumymy, suw hemme ýerde önüm öndürmek, çig maly gaýtadan işläp bejermek üçin esasy serişdedir. Önümçilikdäki düzgün-tertip, arassaçylyk, işiň guralyşy, onuň ygtybarlylygy, depgini, çykarylýan önümiň hili we mukdary, işgärler üçin şertleriň döredilmegi elektroenergiýa bilen bir hatarda suwa hem baglydyr. Garaşsyzlyk döwründe ýurdumyzda gurulýan örän köp uly-uly binalaryň – zawoddyr-fabrikleriň görküne görk goşýan zatlaryň biri hem ýene-de suwdur.

Soňky ýyllar “Il saglygy ýurt baýlygy” diýen pähimden, ýörelgeden ugur almak bilen gurlan binalarda, önümçilik kärhanalarynda, edaralarda suw meselesine has ýokary, döwlet derejesinde üns berilýär. Garaşsyzlyk ýyllary täze gurulan beýik-beýik binalara, zawod-

lara, fabriklere, edaralara baranyňda suw çüwdürimlerini, serhowuzlaryny göreniňde göwnüň asmana göterilýär, bularyň mermer daşlar bilen bezelmegi arassaçylykdan, tertip-düzgünden nyşandyr. Bu ymaratlary göreniňde  hemme zadyň, döredilýän ähli şertleriň, eşretleriň adam üçindigini sözüň doly manysynda duýýarsyň.

Ýurdumyzyň ykdysadyýeti gün-günden pajarlap ösýär we berkeýär. Muňa mysal bolup soňky dört ýylyň dowamynda senagatda, oba hojalygynda, gurluşykda, söwda hojalygy hem-de ulag we aragatnaşyk ulgamlarynda ösüş depginleri 17-25 göterime ýetdi. Watanymyzyň ykdysadyýetiniň ýokary derejede ösmegi halkyň hal ýagdaýyny has-da gowulandyrmak üçin täze şertleri döredýär. Hormatly Prezidentimiz halkyň saglygyny ýurduň baýlygyna deňeýär, adamyň saglygyny, onuň ýaşaýyş derejesini hemme zatdan ileri tutýar. Bu meselä döwlet derejesinde seredilmegi, halky arassa agyz suwy bilen üpjün etmek hiç bir meseläniň gözden düşürmeýändigini şaýadydyr. Aşgabat şäheriniň, hemme welaýatlaryň merkezlerinde suw arassalaýan zawodlaryň işe girizilmegi halky agyz suwy bilen doly üpjün etmek, arassalanan suwdan azyk önümlerini öndürmek. Mysal üçin her görnüşli alkogolsyz içgileri öndürmek olaryň sany sanardan geçdi, köp sanly oňat hilli bu içgiler Türkmenistanyň hemme halkyny doly üpjün edýär. Bu ýagdaýlar garaşsyzlyk döwrümizde hususy eýeçiligiň, telekeçiligiň ösendigini hem häsýetlendirýär, köp mukdarda öndürilýän içgiler, çörek, süýji we beýleki azyk önümleriniň köp bölegi döwlete degişli däl kärhanalarda öndürilýär. Munuň özi hem diňe halkyň hal ýagdaýyny gowulandyrman, onuň saglygyna hem göniden-göni täsir edýär. Bu işleriň hemmesi zähmet öndürijiliginiň ösmegine, soňra bolsa halkyň hal ýagdaýynyň  gowulanmagyna we umuman döwletimiziň ykdysadyýetiniň ösmegine we berkemegine getirýär.

Eger öň halkyň sarp edýän azyk we azyk däl harytlary başga şäherlerden getirilen bolsa, Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde ýurdumyzda gurlan we gurulýan 1000-den gowrak täze zawoddyr fabrikleriň, kärhanalaryň işe girizilmegi daşyndan getirilýän harytlaryň

sanyny ep-esli azaltmaga mümkinçilik berdi. Bu kärhanalaryň aglabasy azyk, ýeňil, dokma senagatyna degişlidir. Häzir ýurdumyzyň ähli etraplarynda, şäherlerinde, welaýat merkezlerinde özümizde öndürilen çig maly işläp bejerýän kärhanalar guruldy ýa-da ýakyn wagtda gurlar. Ýurdumyzda 21 ýylyň içinde görlüp-eşidilmedik ykdysady we syýasy netijeler gazanyldy. Bu netijeler halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň ugurdaş ösmeginden ybaratdyr. Ýokarda belleýşimiz ýaly ýurdumyzyň bir zynjyra düzülen ähli pudaklaryna bir nukdaýnazardan seredip, bir derejede ösdürmek Türkmen döwletiniň ykdysady syýasatynyň esasy özenidir.

Türkmenistanyň tebigy şertlerinde oba hojalygynyň pudaklaryny ugurdaş, kadaly ösdürmek, örän kyn, çylşyrymly mesele, şol sebäpli hem bu pudaga köp sanly ýeňillikleriň berilmegi, uly-uly maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi, tehniki we maliýe serişdeleriniň berilmegi döwlet derejesinde ýola goýuldy. Çünki bu pudak biziň ykdysady howpsuzlygymyzyň we azyk garaşsyzlygymyzyň esasy sütünleriniň biridir. Garaşsyzlyk ýyllary içinde gurlan XXI asyryň iň uly gurluşygy “Altyn asyr” Türkmen köli, Türkmen-Eýran “Dostluk” suw bendiniň gurluşygy, ululy-kiçili kollektor-drenažlaryny, suw howdanlaryny bejermek, gurmak bu meseläniň türkmen döwletiniň ykdysadyýýeti üçin örän wajypdygyny ýene-de bir gezek tassyklaýar. Aşgabat-Daşoguz demir we gara ýollaryň hem-de “Altyn asyr” Türkmen kölüniň gurluşygy türkmen döwletiniň ykdysadyýýetiniň has-da pajarlap ösjekdigine, Garagum çölünde täze-täze önümçilikleriň, kärhanalaryň, täze şäherçeleriň, işçi ýerleriniň, suwarymly ýerleriň dörediljekdigine şek şübhe goýmady. Türkmenistanyň ähli welaýatlarynda emele gelýän şor suwlary akaba salyp, Türkmen kölüne eltmek meselesiniň orta atylmagy, bu hem suwy peýdaly, tygşytly ulanmagyň esasy ugurlarynyň biri boldy. Elbetde Türkmen kölüniň gurulmagy bilen Garagum çölüniň tebigy, haýwanat dünýäsi hem doly üýtgeýär.

2005-nji ýylyň aprel aýynyň 12-sinde Türkmenistanyň we Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentleriniň gatnaşmaklarynda täze eýýamyň ýene bir uly desgasy – “Dostluk” suw bendi türkmen we eýran hünärmenleriniň gatnaşmagynda 4 ýylyň dowamynda guruldy.

Bu çylşyrymly gidrotehniki suw bendiniň bahasy 167,5 million amerikan dollaryna deňdir. Bendiň gurulmagy, onuň işe girizilmegi diňe bir ykdysady häsiýete eýe däldir, onuň syýasy ähimýeti hem örän uludyr. Ol iki goňşy ýurduň asyrlar boýy gelýän goňşuçylyk gatnaşyklaryny hem berkitmekde we täze öwüşgin bermekde uly ähmiýete eýedir. Bu bent täze suwarymly ýerleri açmaga we özleşdirmäge uly ýardam berer. Türkmenistanyň günortasynda (Saragt etraby) täze 25 müň gektar suwarymly ýerleri açmaga mümkinçilik döredýär. Suw ýygnamak üçin niýetlenen bu bent Eýran tarapynda hem 25 müň gektar suwarymly ýerleri özleşdirmäge mümkinçilik berer.

"Dostluk" bendiniň gurluşygyna birnäçe türkmen we eýran suw gurluşyk edaralary gatnaşdylar, iki döwletiň hünärmenleri bu uly, tehniki taýdan diýseň çylşyrymly gurluşykda diňe dostluk, goňşuçylyk, hoşniýetli gatnaşyklary berkitmän, olar özleriniň iş tejribelerini hem berkitdiler, öz tejribelerini baýlaşdyrdylar. Şu bendiň örän uly çylşyrymly suw desgasydygyny aşakdaky tehniki-ykdysady görkezijiler görkezýär. Bendiň beýikligi 79 metre, ýokarky gerşiniň uzynlygy 671 metr, düýbüniň ini 465 metr, ýokarky nokatda bolsa – 15 metrdir. Suw nagymynyň uzynlygy 427 metr bolup, iň ýokary suw geçirijiligi sekundda 1200 kub metre golaý. Suw howdanynda ýerleşýän suwuň möçberi 1 milliard 250 million kub metrdir. Bendi dolandyrmak üçin iň täze kompýuterler, öňdebaryjy tehnologiki enjamlar ulanylan. Bu bolsa işiň alnyp barlyşyny doly gözegçilikde saklap, dolandyrylmaga ýardam berýär.

"Adam eli gyzyl gül" diýip ýöne ýere aýdylmandyr. Adam elleri bilen döredilen emeli deňiz özüniň ajaýyp keşbi, görki bilen göreni haýran edýär. Bu deňiz Türkmenistanyň we Eýranyň çalt depginler bilen ösýän oba hojalyk pudagyna giňden hyzmat eder, geljekde iki ýurduň hem täze özleşdiriljek suwarymly ýerlerinde ýokary hasylyň kepilnamasy bolar, agyz suwynyň ýetmezçiligini aradan aýrar, ýerleriň melioratiw ýagdaýlaryny hem gowulandyrar. Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň hökümetiniň arasynda bu bendi ulanmak boýunça Jarnama gol çekildi. Resminama deňhukukly

hyzmatdaşlyk esasynda “Dostluk” howdanynyň suwundan peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

## XIV BAP. KÄMILLEŞDIRME WE INNOWASIÝA SYÝASATY – – DÖWRÜŇ TALABY

Önümçilikde, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda wagtyň geçmegi bilen ulanylýan tehnologiýalar, mehanizimler, esbaplar, enjamlar könelmek bilen bolýar. Zähmetiň özüne çekijiligi, onuň öndürijiligi önümçilikde ulanylýan tehniki serişdeleriň derejesine, kuwwatyna, güýjüne, daşky görnüşine, tehniki serişdeleriň aýry-aýry parametrleriniň kämilligine baglydyr. Kämilleşdirme, innowasiýa, amortizasiýa, rekonstruksiýa sözleri bir topluma girýän hem-de özüniň ähmiýeti, ýerine ýetirýän wezipesi boýunça meňzeşdir, şonuň ýaly hem amal edilmeli meseleleri toplumlaýyn çözmäge ýardam berýär. Önümçiligiň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ulanylýan tehniki serişdelerini kämilleşdirmek, modernizasiýa syýasatyny edara, kärhana, pudak we döwlet derejesinde hemişe alyp barmaly. Kärhananyň düzümini, onuň önümçilik medeniýeti, işgärleriň işe bolan gatnaşygyny, ukybyny, zähmet öndürijiligini az harajat bilen, ýagny mehanizasiýanyň, awtomatizasiýanyň, täze tehnologiýalaryň hasabyna ýokarlandyrmak her bir edaranyň, kärhananyň, pudagyň öňünde örän jogapkärli wezipe bolup durýar. Türkmenistan Garaşsyzlygyny alanyndan soňra halk hojalygynyň ähli pudaklarynda galkynmak, dikeltmek, tehniki dilde aýdanymyzda rekonstruksiýa, modernizasiýa meselesi ör boýuna galdy. Türkmenistanyň ilatynyň esasy bölegi oba ilatly ýerlerde ýaşaýarlar hem-de işleýärler, şonuň üçin hem daýhan hojalyklarynyň hereket etmeginiň oba ýerlerinde, umuman döwlet derejesinde hem medeni, ykdysady, syýasy, durmuşy we beýleki birnäçe çäreleri durmuşa geçirmekde çäksiz uly ähmiýeti bar. Hormatly Prezidentimiziň aladalary netijesinde oba ilatynyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen saglygy goraýşyň, sportuň, syýahatçylygyň, medeniýetiň, bilimiň, ylmyň, gurluşyk we gurluşyk materiýallary

toplumynyň, suw, oba hojalyk önümleri toplumynyň, energetika, nebit-gaz toplumynyň, awtomobil, demir ýollary, derýa, deňiz gatnaw ýollarynyň, aragatnaşyk ulgamynyň, ilata hyzmat edýän beýleki edaralar toplumynyň derejesini döwrebaplaşdyrmak boýunça 2020--nji ýyla çenli döwür üçin birnäçe döwlet derejeli meýilnamalar kabul edildi. Kabul edilen maksatnamalar eýýäm doly hereketde, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda her bir bellenen çäre öz wagtynda ýerine ýetirilýär. Ýurdumyzda hususy we daşary ýurtly işewir adamlaryň, iri kompaniýalaryň maýa goýumlarynyň köpelmeginiň, ýyl-ýyldan artmagynyň esasy sebäbi näme? Ol Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurdumyzda bazar gatnaşyklaryna giň ýoluň açylmagy, onuň durnukly, ygtybarly, mäkäm guralan binýadyna, döredilen giň ykdysady we syýasy potensialyna bolan ynamdyr. Daşary ýurtly işewürler, firmalar, kompaniýalar geçen 21 ýyl içinde ýurdumyzyň gülläp ösmeginde çäksiz uly işleri bitirdiler, esasan gurluşik pudagynda. Gurluşyk we gurluşyk materiallary toplumlary Türkmenistanyň ähli pudaklarynyň ýokary depginler bilen ösmeginde aýgytlaýjy faktor bolup çykyş etdi. Garaşsyzlyk ýyllary içinde dikeldilen we taze gurlan önümçilik kärhanalarynyň, fabrikleriň, desgalaryň, binalaryň sany sanardan köpdür. Köp bölegi dokma senagatyna hem-de energetika we nebit-gaz toplumyna degişlidir.

Geljekde ýurdumyzyň ykdysadyýetini durnukly ýagdaýda alyp barmakda modernizasiýa, rekonstruksiýa, innowasiýa syýasaty uly ähmiýete eýedir. Elbetde modernizasiýany, rekonsrtuksiýany we amortizasiýany wagtly-wagtynda, ýörite meýilnama esasynda alyp barmak hökmanydyr, modernizasiýanyň we rekonstruksiýanyň wagtyny çäklemek bolsa amortizasiýa işiniň derejesine we hiline baglydyr, başgaça aýdanymyzda işe girizilen täze tehniki serişdeleri haçan, haýsy wagt, näçe ýyldan modernizasiýa ýa-da rekonstruksiýa etmeli? Bu işleri dolsa döwrebap alyp barmak üçin hökmany suratda kämil ýola goýlan maliýe hojalygy we buhgalterçilik işleriniň meselelerini düzgünleşdirmek gerek. 2010-njy ýylyň oktýabr aýynyň 1-ine Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Mejlisini geçiren mahalynda bu halkara ähmiýetli örän wajyp mesele barada durup

geçip, “Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlary hakynda” ýörite kanuny gysga wagtyň içinde doly taýýarlap, Türkmenistanyň Mejlisinde seretmegi tabşyrdy. Ýurdumyzy durmuşy, ykdysady we syýasy taýdan ösdürmekde bu meseläniň çäksiz uly ähmiýetiniň bardygyny Hormatly Prezidentimiz ozal hem Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Mejlislerini geçiren mahalynda aýdypdy. Şol sebäpli hem buhgalterçilik we maliýe işleri boýunça hünärmenleriň, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň daşary ýurtlara sapara gitmekleri, daşary ýurtly we öz hünärmenlerimiziň gatnaşmagynda ýörite seminarlar guramak ýaly birnäçe taýýarlyk işleri geçirilipdi. “Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlary” işleri baradaky kanunnamalar we esasy kanun kabul edilenden soňra esasy ykdysady kanunyň hemme mikro we makro görkezijileri baradaky gerek bolan maglumaty almak bolar. Bu bolsa öz gezeginde kärhanalarda modernizasiýa, rekonstruksiýa işleriniň geçirilmeli wagtyny anyk kesgitlemäge ýardam berer. Aslynda her bir düzümde, edarada, kärhanada buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlary talabalaýyk alnyp barlanda döwletiň berkararlygy, mäkämligi, binýady gün-güden pugtalanýar we artýar.

## XV BAP. GARAŞSYZ WE BITARAP TÜRKMENISTANYŇ MILLI YKDYSADYÝETI

1991-nji ýylyň oktýabr aýynyň 27-sinde dünýäniň kartasynda täze garaşsyz döwlet-Türkmenistan peýda boldy, ondan 4 ýyl soňra 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12–sine bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň kararnamasy esasynda “Hemişelik Bitarap” ýurt emele geldi. Şeýlelikde Ýer ýüzüniň kartasynda Garaşsyz we Bitarap Türkmenistan döwleti ykrar edildi. Türkmenistan Garaşsyzlygynyň 21 ýyly içinde ykdysady we syýasy netijeleri esasynda örän uly depginler bilen ösýän demokratik, hukuk we dünýewi döwlet adyna eýe boldy. Bitaraplygyň jemgyýetiň, türkmen raýatlarynyň durmuşynyň



9. Sargyt № 590.

hemme taraplary bilen baglanyşyklydygyna, Bitaraplygyň jemgyýet bilen aýra däldigine, adam durmuşyna berýän peýdasynyň çakdanaşa köpdügine düşünmek gerek. Bitaraplyk ýurdy pajarlap ösdürmekde garaşsyzlygyň derejesini artdyrýar. Şonuň esasynda bolsa diýarymyzyň ykdysadyýeti mazmun, hil we mukdar taýdan gün-günden giňelýär. Eger 1991-nji ýyla çenli Türkmenistanyň halk hojalygynyň pudaklarynda öndürilen önümleriň sany barmak basyp sanaýmaly bolan bolsa, indi 21 ýyl içinde ýüzlerçe, müňlerçe gezek köpeldi, ozal aslynda ýurdumyzyň zawoddyr fabriklerinde öndürülmeýän önümleriň ýüzlerçesi täzeden emele geldi. Ýurda daşyndan getirilýän azyk önümleriniň getirilmesi birnäçe esse azaldy, ýurduň raýatlary üçin gerek bolan azyk harytlarynyň has zerurdygyny göz öňünde tutyp, azyk önümleriniň öndürilişini ileri tutmak dowam edýär. Bu bolsa ykdysady we azyk garaşsyzlygyny mundan birnäçe ýyl ozal gazanmaklyga getirdi. Türkmenistanyň gazanan ykdysady we durmuşy netijeleri Garaşszyzlygyň we Bitaraplygyň beren miwesidigini beýan edýär, Türkmenistanyň her bir raýaty bolsa bu taryhy üstünlikleri uly höwes we kanagatlanma bilen kabul edýär. Umuman ýurdumyzy özgertmekde, onuň ykdysadyýetini ýokary derejelere götermekde Bitaraplygyň wajypdygyny Hormatly Prezidentimiz öz alyp barýan täze syýasatynyň mysalynda giňden görkezdi. Milli ykdysadyýetimiziň täze mazmuna eýe bolandygyny her bir ädimiňde, amal edýän işleriňde duýmak bolýar. Soňky ýyllar gazanan ykdysady üstünliklerimizi hiç bir ölçeg birligi bilen ölçäp bolmasa gerek, sebäbi ykdysady ösüşleriň depgini halk hojalygynyň ähli pudaklary boýunça durnukly we ygtybarly derejede bir wagtyň özünde aýakdaş alnyp barylýar.

2012-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagynyň bäş ýyllygyna we türkmen döwletiniň hemişelik Bitaraplygynyň 17 ýyllygyna bagyşlanan „Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary“ atly

halkara maslahaty geçirildi. Oňa Birleşen Milletler Guramasynyň ÝHHG-niň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň ýokary wezipeli wekilleri gatnaşdylar. Ýurdumyzda bu şanly sene giňden bellenilip geçildi. Milli Lidermiz tarapyndan daşary syýasat babatda oňyn başlangyçlar, sebit we dünýä bähbitli teklipler hemişe öňe sürülýär we uly goldaw tapýar.

Hemişelik Bitaraplyk meselesi diýseň çylşyrymly we jogapkärli, onuň esasy sebäbi hem Bitarap döwlet ykdysady we syýasy gatnaşyklary amal eden mahalynda diňe öz bähbidine garaman, beýleki döwletleriň hem bahbidini goramalydyr, olaryň hukuklaryny gorap, kanunlaryna, halkara kanunlara, ýörelgelere boýun bolmaly we gyşarnyksyz ýerine ýetirmeli, ýurtlar arasynda agzybirligi, asudalygy, birek-birege hemaýaty, howpsuzlygy elmydama yzygiderli, özara berjaý etmeli. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasynyň 2-nji bölüminde şeýle diýilýär: “Türkmenistanyň şu derejesine sarpa goýmaga we ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlygyna we ýerleriniň bitewüligine sarpa goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agza döwletlerini çagyrýar”. Ýokarda aýdanlarymyzy amal etmek bolsa diňe 2-nji bölüme degişli bolman beýleki bölümlere-de degişlidir. Şonuň ýaly hem 1992-nji ýylyň maý aýynyň 18-ine kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň (1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda, 1999-njy ýylyň 29-njy dekabrynda hem-de soňky edilen üýtgetmeler we goşmaçalar) esasynda kabul ediln “Türkmenistanyň Hemişelik Bitaraplygy hakynda” Türkmenistanyň Konstitusion kanuny hereket edýär. Şu kanunda şeýle setirler bar, BMG-nyň Baş Assambleasynyň “Türkmenistanyň Hemişelik Bitaraplygy” Kararnamasynda dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we goldanylan Türkmenistanyň Hemişelik Bitaraplygynyň syýasy, ykdysady, we insanperwerlik esaslaryny kesgitleýär. Bitarap Türkmenistanyň adamyň hukuklary babatdaky halkara borçnamalary hakyndaky Jarnamanyň 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 27-sine Türkmenistanyň

Halk Maslahaty tarapyndan kabul edilmegi hem Türkmenistan döwleti tarapyndan adamyň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek goramak boýunça halkara derejesinde ykrar edilen Hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan jogapkärçilige doly düşünmek bilen, BMG-nyň Baş Assambleýasy tarapyndan öňde goýlan wezipeleriň doly berjaý ediljekdigi hakynda çözgüt kabul edildi. Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň Baş ýörelgesi üç bölege bölünen–syýasy, ykdysady we insanperwerlik. Her bir döwletiň ykdysady taýdan ýeten derejesi şol ýurduň güýjüni, kuwwatyny, raýatlaryň ýaşaýyş, durmuş, maddy hal-ýagdany häsiýetlendirýär. Adamzat jemgyýetinde mikro-makro ykdysady görkezijiler ilkinjidir, adamyň aklyny, paýhasyny, işe, zähmete bolan ukybyny, dünýä bolan garaýşyny, saglygyny, maşgalada, önümçilikde ýolbaşçylyk häsiýetlerini emele getirýän, kesgitleýän ilki bilen onuň maddy-material ýagdaýyna baglydyr. Muňa Garaşsyz we Bitarap Türkmenistan döwletiniň ykdysady babatda ösüş ýoly mysal bolup biler. Ýurdumyzda esasy maksat halk hojalygynyň ähli pudaklarynda ilki bilen ykdysadyýeti ösdürmek, azyk bolçulygyny, asyk garaşsyzlygyny gazanmakdyr, ol maksatnama ýurdumyzda doly berjaý edildi. Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň ykdysadyýeti durnukly we bedew batly gadamlar bilen ösen we çäksiz uly netijeleri gazanan hem bolsa Bitaraplyk syýasaty Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly, öňdengörüjilikli ýolbaşçylygynda çuňňur mazmuna eýe boldy. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň toplumlaýyn ösmegine, daşary syýasaty has ykjam, döwrebap ösdürmäge giň ýol açyldy, Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde gazanan ykdysady netijelerimiz muňa şaýatlyk edýär. Soňky ýyllar ýurdumyzyň senagatynda gazanylan ykdysady netijeler has hem önjeýli boldy. Bitaraplyk syýasaty senagat önümçiliginiň giň gerim almagyna, güýçli depginler bilen ösmegine ýardam berdi. Ykdysadyýeti halkara derejesinde döretmek, guramak we döwrebap ösdürmek üçin öňdebaryjy daşary ýurt tejiribesini, ykdysadyýeti dolandyrmagyň usullaryny, ýollaryny öwrenmek zerurdyr. Bu bolsa

bitaraplyk bilen milli ykdysadyýetiň ösmegini utgaşdyrmak üçin ýurdumyzda alnyp barylýan daşary syýasat Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda düýpgöter üýtgedi. Häzirki döwürde "Bitaraplyk we milli ykdysadyýet" sazlaşykly hereket edip, sözüň doly manysynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini ygtybarly, netijeli ösdürmäge ýardam berýär, Garaşsyzlygymyzyň beren özbaşdaklygyny, erkinligini has-da berkidýär. Bitaraplyk Türkmenistanyň halkara ykdysady we syýasy gatnaşyklaryny, at-abraýyny giňeltmekde, ýaýbaňlandyrmakda ilkinji we esasy faktor bolup durýar. Ýurdumyzyň Bitaraplygy halkara jemgyýetinde, dünýäsinde uly ynamdan peýdalanýar, Türkmen döwletine bolan gatnaşyklar ýyl-ýyldan artýar, giňelýär. Mysal üçin, daşary ýurt maýa goýumlarynyň türkmen bazarynda ornaşmagy, hususy we daşary ýurt maýa goýumlary ýurdumyzyň häzirki ykdysady derejesine ýetmekde aýgytlaýjy faktor boldy. Senagat önümçiligini dolandyrmakda diňe bir maýa goýumlary bilen çäklenilmeýär, ýöne hemme önümçilik gatnaşyklarynyň hamyrmaýasy maýa goýumlarydyr, goýumlaryň tygşytly, ýerbe-ýer ulanylmagy, öz wagtynda özleşdirilmegi, wagt diýen faktory has netijeli, doly derejede ulanmakdyr.

Ýurdumyz mineral serişdeleriň gorlary boýunça dünýäde 4-nji orunda durýar. Öz ýerli we garaşsyz halkara bilermenleriňiň hasaplamalaryna görä, nebitiň ekwiwalentde gory 45,44 milliard tonnadyr, gazyň gory bolsa 22,6 trillion kub metrdir. Bu ummasyz baýlygy ýerlikli we tygşytly ulanmak maksady bilen garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap energetika, nebit-gaz toplumyny we ýurdumyzda dokma senagaty üçin çig maly-pagtany ösdürip-ýetişdirmäge tebigy şertleri bolan dokma senagatyny ileri tutmak göz önünde tutuldy. Şu pudaklary döwlet derejesinde täzeden dikeltmek, gurmak we ösdürmek üçin giň maksatnamaly meýilnamalar kabul edildi, ol meýilnamalaryň esasynda ähli içerki we daşarky maýa goýumlaryň aglabasy ileri tutulýan pudaklaryň ösmegine gönükdirildi. Bu meýilnamalaryň dogrudygyny wagt az döwrüň içinde görkezdi. Gazylyp alynýan nebitiň hem-de öndürilýän pagtanyň hemmesini

ýurdumyzda gaýtadan işläp bejermek ýola goýuldy, nebit gaýtadan işlenýän, öndürjilik kuwwaty örän pes bolan bir sany zawod indi ýedi zawoddan ybarat bolan zawodlar toplumyna öwrüldi. Dokma senagatynyň kärhanalary garaşsyzlygymyzdan öň her welaýatda 2-3 sany bolan bolsa, häzir her pagta ekýän etrapda 1 ýa-da 2 sany dokma senagaty kärhanalary işleýär. Dokma senagaty kärhanalarynyň gurulmagy we işe girizilmegi daýhan hojalyklaryny dikeltmäge, ösdürmäge ýardam bemek bilen täze işçi  ýerleriniň açylmagyna, oba ilatynyň medeniýetini, maddy hal-ýagdaýyny ösdürmäge giňden ýol açdy. Olaryň maşgala býujeti ýyl-ýyldan artyp Hormatly Prezidentimiziň oba bilen şäheriň arasyndaky tapawudy azaltmak baradaky 2020-nji ýyla çenli kabul eden milli maksatnamasyna uly goşant bolar.

Nebit-gaz we dokma toplumlarynda gazanan ykdysady netijelerimiziň esasynda garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistan ykdysady garaşsyzlyga we syýasy howpsuzlyga eýe boldy. Nebit-gaz we dokma senagatyndan gelen ykdysady girdejiler, peýda halk hojalygynyň beýleki pudaklarynyňam ugurdaş ösmegine ýardam berdi. Bu iki sany ileri tutulýan pudaklaryň öndürýän önümleri dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýar. “Türkmenistanda öndürildi” diýen ýazgyly harytlara bolan islegler-şertnamalar möwsümleýin, wagtlaýyn bolman olar uzak wagtlaýyndyr. Bu bolsa öz gezeginde önümiň hiliniň kepilnamasydyr. Türkmen döwletiniň ykdysady durmuşynda şeýle bir akym bar, diňe bir energetika, nebit gaz we dokma senagatynyň önümleri ýokary islegden peýdalanman beýleki pudaklaryň hem öndürýän harytlary şonuň ýaly uly islegden peýdalanýarlar. Türkmeniň ykdysady we syýasy durmuşy täzelige ýugrulandyr, täzeden dikeldilýän, gurulýan kärhanalarda önümçilige ornaşdyrylýan tehnologiýalar, enjamlar, esbaplar we beýleki tehniki serişdeler ylmyň täze gazananlarydyr. Modernizasiýa, rekonstuksiýa geçirilýän kärhanalarda, fabriklerde, zawodlarda hemme zat şeýle bir sünnäläp edilýär, olaryň hemmesi täze ýaly, kärhanalaryň içi we daşy tämiz, arassa, her bir edilen iş, geçirilen çäre şeýle göwnüňe

jaý, şonuň üçin hem zähmet öndürijiligem, önümiň hilem örän ýokary, halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň düzümi öz gezeginde tertibe girip, önümçilikde gerek bolan oňaýly faktorlar emele gelýär, mysal üçin, tehniki serişdeleriň, önümçilik meýdançalarynyň arassaçylygy, işgärleriň ýörite geýimleri, olaryň özüne çekijiligi, harytlaryň gaplanyşy başdan-aýak hemme ýerde tertip-düzgün ýola goýlan. Täze kärhanalarda giňden mehanizasiýa, awtomatizasiýa, radiotelefon ulgamy ulanylýar, bu tehniki faktorlar önümçiligiň mukdaryna we hiline gönüden-göni oňyn täsir edýär. Türkmenistanyň halk hojalygynyň, onyň ykdysadyýetiniň şu derejä ýetmeginde daşary ýurtly kompaniýalarynyň hemmesiniň goşandy bardyr, bu hoşniýetli, dostlukly, birek-birege ikitaraplaýyn ykdysady bähbitli işleriň aňrysynda bitaraplyk syýasaty durandyr. Soňky ýyllar ýurdumyzda halkara ykdysady we syýasy gatnaşyklar has hem giňedi, täze gerime eýe boldy, iş we resmi sapar bilen ýurdumyza gelýänniler iňem gidýänleriňem sany sanardan kändir. Elbetde bu gowlugyň alamaty. Her bir döwlet, ýurt özüniň hoşniýetli pikiri, döwletli maslahaty bilen gelýär, resmi-ykdysady we syýasy gatnaşyklary ýola goýýar. Bu gatnaşyklar durmuşyň ähli ugurlary boýunça amal edilýär, esasy bellemeli zat hem ýurdumyzda gurulýan kärhanalary iň täze tehniki serişdeleri ornaşdyrmak we işe girizmekde önjeýli iş eden, dünýäde örän kän tejribe toplan iri daşary ýurt kompaniýalaryň atlaryny aýtsa bolar. Olar Germaniýanyň “Teknip”, “Simens”, Türkiýäniň “Gamma”, “Niçimen”, Fransiýanyň “Aksens”, “Şneýder Grupp”, Ýaponiýanyň “Hitaçi”, “Itoçu”, “Nişo Iwai”, “Marubeni”, “Çioda”, Ysraýylyň “Merhaw”, ABŞ-nyň “Foksboro” we beýlekilerdir. Ýaponiýanyň, Türkiýe döwletiniň Eksimbaklary, Germaniýaniň “Doýçe Bank” banky we beýleki döwletleriň iri aktiwli, resursly banklarydyr. Bularyň içinde has önjeýli işläp, tapawutlanan Ýaponiýa döwletiniň kompaniýalarydyr. Türkmenistanyň nebit-gaz toplumynda bularyň gatnaşmagynda umumy bahasy 700 million amerikan dollaryndan gowrak bolan taslamalar durmuşa geçirildi, geljekde edilmeli işleriň bahasy 2 esse artar we 1 milliard amerikan dollaryndan hem geçer.

Biziň ýurdumyzda Russiýa Federasiýasy, Ukraina, Belorus döwletleri hem uly gurluşuk işlerini alyp barýarlar, ondan başga-da döwlet hajatly obýektleri gurýarlar. Polşa, Çehiýa, Slowakiýa, Wengriýa, Rumyniýa we başgalar esasy potratçy we kömekçi potratçy bolup işläp, köp sanly möhüm işleri ýerine ýetirýärler. Ýurdumyzda Hytaý döwletiniň bitirýän işleri aýratyn bellemäge mynasypdyr, ýekeje mysal, Dünýäde iň uly, uzyn we kuwwatly gaz geçirijileriň biri Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisi, bu gaz geçirijiniň kuwwatyny artdyrmak barada Türkmenistan bilen Hytaý döwletleriniň arasynda täze gepleşikler hem geçirilip dur. Türmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty pudagyny ösdürmekde, türkmen halkynyň saglygyny berkitmekda, ýurdumyzda täze gurlan häzirki zaman keselhanalary, şypahanalary, halkara merkezleri döwrebap, dünýä standartlaryna doly gabat gelýän tehnologiýalar, esbaplar we beýleki kliniki serişdeler bilen başdan-aýak enjamlaşdyrmakda Germaniýanyň "Simens" kompaniýasynyň ýerine ýetiren işleri çäksiz uludyr. Bu kompaniýa diňe bir lukmançylyk pudagyna gerek bolan tehniki serişdeler bilen üpjün etmän, ylmy ösdürmekde, talyplara, lukman mugallymlara okuw-usyly kömekleri bermekde, talyplary okatmakda we alyş-çalyş meselelerini ýola goýmakda kän iş edýär. Türkmenistanyň nebit-gaz pudagy örän ýokary depginler bilen ösýär, "Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnamasyna laýyklykda nebitiň we gazyň täze tapylan agirt uly gorlary özleşdiriler. 2020-nji ýylda nebitiň çykarylyşy ýylda 100 million tonna, tebigy gaz bolsa 240 milliard kub metre ýeter diýlip çaklanylýar.

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde birinji orunda duran, ýurduň ösmeginde biçak uly ähmiýeti bolan nebit-gaz toplumynyň we dokma senagatynyň gelejegi uludyr. Dokma senagaty pudagy ýurdumyzda iň bir düşewüntli, halka we ýurdumyza ykdysady we syýasy taýdan iň bir peýdaly pudaga öwrüldi. Dokma senagatynyň ýurdumyzyň halk hojalygynyň beýleki pudaklaryndan özboluşlygy,

aýal-gyzlaryň zähmetini ulanmak, dokma kärhanalary çig mala golaý, ilatly ýerlere ýakyn ýerleşdirmek, öndürilen önümi wagtynda, az harajat bilen ýerleşdirmek, ulag serişdelerini ýerlikli ulanmak, maýa goýumlaryň çakdanaşa köp dälligi ýaly oňaýly şertleriň bardygy bilen tapawutlanýar. Garaşlygymyzdan ozal ýurdumyzda 2-3 sany dokma kärhanasy bardy, olaryň önümçilik kuwwaty örän pesdi, gutarnykly önüm öndürmän ýarym (polufabrikat) önüm öndürýärdiler. Häzirki zaman dokma kärhanalarymyz, kombinatlarymyz çig maldan taýýar haryt öndürýärler, garaşsyzlygymyzdan ozal ýurt boýunça ýygnalýan pagtanyň diňe 100-den 3 göterimi ýurdumyzda gaýtadan işlenýärdi. Şol sebäpli hem oňaýly şertleri bolan ýerli çig malyň, zähmet resurslarynyň hasabyna dokma senagatynyň kärhanalaryny täzeden dikeltmek, pudagy täze gurulýan fabrikleriň hasabyna güýçli depginler bilen ösdürmek üçin döwlet derejesinde, maksatnama kabul edildi. Dokma senagaty pudagynyň halk hojalygynyň beýleki pudaklaryndan aýratynlygy – oba ilaty üçin ykdysady taýdan ähmiýeti örän uly we peýdaly. Şu pudak barada aýtmaly iň wajyp zatlaryn biri ol hem halk hojalygynyň düzümindäki pudaklaryň, toplumlaryň aglabasy bilen, ykdysady we önümçilik gatnaşykdadyr, dokma senagatynyň ösmegi onuň geljegi ýurdumyzyň haryt bazaryny doldurmaga, importyň mukdaryny ep-esli azaldyp, eksportyň köpelmegine getirer.

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň elektroenergiýa, nebit-gaz, dokma we beýleki pudaklaryň taýýar harytlary daşary ýurtlara ugradylýar. Bu Watanymyzyň ykdysady potensialyny berkidýär, halkara syýasy abraýyny belende göterýär, Türkmenistanyň dünýä ýüzünde Garaşsyz we Bitarap döwlet diýip ykrar edilmegi hem şulardan ybaratdyr. Türkmen halky gazanan ykdysady netijelerimize guwanmaga, buýsanmaga haklydyr. Ýurdumyz täze eýýamda ykdysady özgertmeleriň täze tapgyryna girişdi we ilkinji hatarda ykdysadyýeti kämilleşdirmegiň esasy maksatlary ýene-de çig maly pagta süýüminiň, piläniň gaýtadan işläp bejerilişini has ýokary derejä götermek we şolardan täze köp sanly taýýar önümleri almak bolup durýar. Çig maly taýýar önüme öwrüp satmak onuň diňe bir

ykdysady tarapy däl-de syýasy, durmuşy taraplary hem örän uludyr, taýýar önüm döwletiň ykdysady ösüşini, onuň öndürijilik güýçlerini häsiýetlendirýär, täze işçi ýerlerini açmaga, oba ýerlerinde çig malyň öndürilişi bilen ony gaýtadan işläp bejermegi utgaşykly alyp barmaga ýardam berýär. Bu bolsa Hormatly Prezidentimiziň çig maldan taýýar önümi, harydy köp almak baradaky syýasatynyň mazmuny we beýanydyr. Bu ýagdaýyň örän möhümdigini halka, ýurda maddy taýdan bähbitlidigini ýokarda getiren sanlarymyz ýene-de bir gezek tassyklaýar. Bu ýurt bähbitli wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen ilkinjileriň hatarynda geljekde hem dokma toplumynyň ösdürilmegine uly üns berler. 2020-nji ýyla çenli ýurdumyzda ýene-de täze dokma kombinatlarynyň, pagta egriji fabrikleriň 30-dan gowragynyň gurulmagy meýilleşdirilýär. Mundan başga-da hereket edýän dokma kärhanalaryny täzeden dikeltmek we enjamlaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Şu geçiriljek çäreleriň esasynda 2020-2030-njy ýyllar aralygynda häzirkisinden 2-2,5 esseden gowrak pagta süýümini gaýtadan işläp, taýýar önüme öwürmek maksat edilýär. Geljekde şunça mukdarda pagta süýümini öndürmek üçin pagtanyň öndürilişini artdyrmak hem gerek bolar. Bu sepgide ýetmek üçin döwletimizde oba hojalyk toplumyny ösdürmek üçin örän uly çäreler durmuşa geçirilýär. Dokma senagatynyň çig mal bazasyny, oba hojalyk toplumyny döwrebap ösdürmek üçin Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şu toplumda ulanylýan önümçilik serişdelerini tapgyrlaýyn, ýagny 2007-nji ýyldan başlap her ýyl gerek möçberinde güýçli depginler bilen daşary ýurt tehnikalaryny, aýry-aýry kysymly awtomaşynlary, traktorlary, ekskowatorlary, greýderleri, olara gerek bolan enjamlary we durmuş hajatlary üçin ulanylýan beýleki tehnikalary satyn almaklygy döwlet derejesinde ýola goýdy. Oba ilaty üçin “Tiz kömek” maşynlary, oba we etrapara raýatlary gatnadýan orta we uly kysymly awtobuslar, aragatnaşyk ulgamlary satyn alyndy, halka hyzmat edýän edaralar, täze çagalar baglary, mekdepler, kitaphanalar, sport meýdançalary, sagaldyş merkezleri

we başgalar gurlup ulanylmaga berildi. Bu çäreleriň hemmesi maýa goýumlarynyň oňat ykdysady netijeler berýändigininiň şaýadydyr.

Dokma senagatynyň önümçiliginiň ösmeginde Aşgabat şäherinde 2000-nji ýylda işe girizilen „Türkmenbaşy“ dokma toplumynyň paýy hem örän uludyr. Bu naýbaşy dokma toplumynda 30-dan hem gowrak dürli-dürli harytlar öndürülýär, şu äpet kärhananyň gurluşygyna öz ýurdumyzda döredilen „Aşgabat Tekstil“ paýdarlar jemgyýeti hem gatnaşdy. Täze gurulýan dokma kärhanalarynyň çykarýan önümleri dünýä bazarynda bäsleşip bilýän önümlerdir. Pudakda öndürilýän önümleriň üçden iki bölegine golaýy daşary ýurtlara eksport edilýär.

Bu günki gün Türkmenistan dokma senagatynyň ösüş germi babatda Merkezi Aziýada iň öňdäki orunlara çykýar. Dokma, tekstil fabrikleridir toplumlary bolsa ilkinji nobatda çig malyň öndürýän ýerinde gurulýar. Muňa Baýramalyda, Türkmengalada, Türkmenabatda, Halaçda, Daşoguzda, Görogly ertabynda, Serdar şäherinde, Abadan şäherinde, Kakada gurlan toplumar anyk mysaldyr. Şeýlelikde, ilatyň iş bilen üpjünçiligi, şol senagat desgalarynyň golaýynda ýaşaýanlaryň ýaýaýyş-durmuş derejesi barha gowulanýar.

2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda hormatly Prezidentimiz Köpetdagyň etegindäki ajaýyp bir künjekde gurlan täze senagat desgasyny dabaraly açyp berdi. Ol Ruhabadyň dokma toplumydyr. Şondan iki ýyl öň bolsa, has anygy 2010-njy ýylyň oktýabrynda bu ýerde ilkinji kärhana – pagta süýmüni hem-de dürli görnüşdäki önüm öndürýän fabrik gurlup, ulanylmaga berlipdi.

Ýewropanyň ýokary tehnologiýaly enjamlarynyň 22-sinden gowragy oturdylan toplum önüm berip başlady. Bu toplumda aşgarlanmadyk matanyň 20,3 milion inedördül metri, şeýle hem ýokary hil derejesinde reňklenen matalaryň 40 million inedördül metri öndürilýär. Bu ýerde pagtadan süýüm we poliýester öndürmäge niýetlenen özbaşdak egriji fabrik ýylda türkmen topragynda öndürilen «ak altynyň» 3642 tonna möçberindäkisini gaýtadan işleýär. Iň esasy zat bolsa milli ykdysadyýetiň geljekde has-da pugtalanmagyna hyzmat etjek bu toplumda 700 çemesi adam zähmet çekýär.

Prezident maksatnamasyna laýyklykda ýakyn geljekde Aşgabat dokma toplumynyň ikinji nobatdaky gurluşygyny, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç şäherçesindäki pagta egriji fabriginiň gurluşygyny tamamlamak, Türkmenabadyň «Ak pamyk» kärhanasynyň tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak bilen durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak göz öňünde tutulýar. 2014-nji ýylda Lebap welaýatynyň Seýdi şäherinde we Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky pagta egriji fabriginiň gurluşygy, Türkmenabadyň pamyk fabriginiň durkuny täzelemek işleri meýilleşdirilýär. 2016--njy ýylda Türkmenabadyň tikin fabriginiň durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak işleri göz öňünde tutulýar.

Dokma senagatynyň beýleki pudaklardan aýratynlyklaryny ýokarda belleýşimiz ýaly dokma pudagynda oňat ykdysady netijeleri gazanmak nebit-gaz toplumyna girýän kärhanalara garanyňda has ýeňil şertlerde geçýändigini bellemek hem gerek. Nebit-gaz toplumynda önüm öndürmek üçin çykarylýan çykdajylar, harajatlar, tebigy şertler has tapawutlydyr, başgaça aýdanymyzda önümçilik harajatlary has köpdür.

„Türkmenýüpek“ paýdarlar jemgyýetiniň döredilmegi hem dokma senagatynyň ösmegine uly ýardam berer. Bu paýdarlar jemgyýeti „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli maksatnamasynda öňde goýulan wezipeleri durmuşa geçirmek, ýüpek gurçugynyň pilesini köpeltmek, ony gaýtadan işläp, taýýar önüm almak, bu pudagy döwrebap dolandyrmak, onuň düzümini kämilleşdirmek döwrüň talabydyr. Dokma senagaty ministrligine „Türkmenýüpek“ paýdarlar jemgyýetini döredip, onuň düzümine ozalky hereket edýän ýüpek kärhanalaryny girizmäge rugsat berildi. „Türkmenýüpek“ pudagynyň düzüminde piläni gaýtadan işleýän täze kärhanalary gurmak, öňden işleýänleri täzeden dikeltmek, guramak, giňeltmek, enjamlaşdyrmak meýilnama ýerine ýetirildi,

„Türkmenýüpek“ paýdarlar jemgyýetiniň işini dolandyrmagy täzeçe guramak, pudagyň ýokary depginler bilen ösmegine getirdi.

Senagat önümçiliginiň düzüminde aýry-aýry pudaklaryň paýynyň köpelmegi ýa-da azalmagy, umuman ýurdumyzyň halk hojalygynda öndürilýän önümleriň düzüminde hil taýdan bolup geçýän oňyn ýagdaýdyr. Dokma senagatynda  bu sepgide ýetmek üçin döwletimizde bu babatda örän uly çäreler durmuşa geçirilýär. Önümçilik serişdeleriniň güýçli depginler bilen ösmegi we maýa goýumlarynyň köp böleginiň göni önümçilige gönükdirilmegi oňaýly ykdysady netijeler berýändigini şaýadydyr.

Aşgabatda ýüpek saraýan fabrigiň gurluşygy tamamlandy. Indi bu fabrikde diňe bir ýüpek saralman, çig maly täzeden işläp, taýýar önüm, ýagny ýüpek matalar öndürilýär. Türkmenlerde giňden ulanylýan pombarhat we beýleki ýüpek matalar çykarylýar.

Ähli dokma kärhanalaryny gurmaklykda iň ýokary ykdysady netijeler berýän dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalary, tehniki „Nou-Hau“ serişdeleri ulanyldy. Ýewropa döwletleriniň, Ýaponiýanyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň gatnaşmagynda täze maksatnamalar ulanylýar, täze maksatnamalary durmuşa geçirmeklik üçin ýeňilleşdirilen salgyt salmak şertleri giňden peýdalanylýar. Türkmenistan 21 ýyl içinde içerki ykdysady ösüşde her ýyl ýigrimi göterim  ösüş gazanyp, ösüp barýan döwletleriň sanawyndan çykyp, ösen döwletleriň sanawyna goşuldy. Bu ykdysady ösüşi BMG-nyň ösüş syýasaty komiteti dünýä jar etdi. Munuň ýaly galkynyş 21 ýylyň içinde diňe bir ykdysadyýetimizde däl, eýsem, syýasatymyzda hem-de ruhyýetimizde bolup geçdi. Garaşsyzlygymyzyň 21 ýyly içinde Türkmenistanyň ykdysady ösüş depginleriniň durnukly we ýokary bolmagy, ortaça aýry-aýry pudaklar boýunça 17-20 göterime ýetmegi, kä ýyllarda bolsa 23 göterime çenli ösmegi bu Türkmen döwletiniň turuwbaşdan geçirýän hoşniýetli, dostlukly, özara bähbitli we ygtybarly “Açyk gapylar” syýasatynyň miwesidir. Türkmenistanyň halkara ykdysady we syýasy gatnaşyklary günsaýyn ösýär, pugtalanýar

we berkeýär. Soňky ýyllar döwletara gatnaşyklar ýygjamlaşyp, her günde diýen ýaly ýurdumyza gelýän döwlet ýolbaşçylarynyň iş we resmi saparlary, ylym, bilim, medeniýet, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk, oba hojalygy, ulag serişdeleri, ykdysady, syýasy we beýleki ugurlar boýunça döwletara wekilýetleriniň we işçi toparlarynyň saparlarynyň yzy üzülmeýär. Bitarap Türkmenistan döwletiniň Hormatly Prezidentiniň 2007-2010-njy ýyllar aralygynda energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly ustaşyr geçirmek babatda öňe süren tekliplериniň hemmesiniň goldanylmagy her bir döwletiň milli bähbitlerini gorajakdygynyň we durmuşa geçirmäge ýardam berjekdigininiň, tutuş adamzadyň bähbitlerini gorajak syýasatdygynyň kepilnamasydygyna göz ýetirýärler. Halkara global energetika howpsuzlygy syýasaty bütin dünýäde ählimumy tagallalary talap edýär, olaryň anyk usullarynyň, ýollarynyň biri hem Türkmenistanyň Milli Lideriniň hödürlän, teklip eden we halkara guramalary, döwletleri tarapyndan doly, bir agyzdan gollanan “Energetika diplomatiýasy we halkara hyzmatdaşlyk” guralydyr. Türkmen döwletiniň Baştutanynyň Karary bilen energetika ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygy kämilleşdirmek, ygtybarly dolandyrmak, osdürmek maksady bilen Energetika diplomatiýasy boýunça pudakara iş topary döredildi, bu hem energetika, nebit-gaz toplumynda halkara ähmiýetli çäredir. Energetika diplomatiýasy,  bu düzümiň esasy wezipeleri dünýäniň energetika ulgamynda, ginişliginde bolup geçýän özgertmeleriň aýry-aýry ugurlary boýunça monitoring geçirmek, Türkmenistanyň Prezidenti üçin synlar, teklipler taýýarlamak, şeýle hem energetika ulgamynda daşary ýurtly halkara guramalary, maliýe institutlary bilen özara hyzmatdaşlygy giňeltmek we pugtalandyrmak wezipelerini alyp barar. Hormatly Prezidentimiz energetika diplomatiýasy babatda şeýle diýýär: “Adaty syýasy diplomatiýada bolşy ýaly, energetika diplomatiýasynyň hem özboluşlylygyny göz öňünde tutmanyňda, oňa sözleriň we işleriň oýlanyşykly bolmagy, hyzmatdaşa hormat bilen garamak, özara kabul ederlikli çözgütleri tapmaga çalyşmak,

konstruktiw gepleşige ygrarly bolmak ýaly ýagdaýlar mahsus bolmalydyr”. Bu geçirilýän çäreler, hemaýatlar döwletimiziň Milli Lideriniň öz halkynyň, döwletiniň eşretli geljegi, pajarlap ösmegi üçin çekýän asylly zähmetiniň netijesidir. Ýurdumyzda medeniýet, saglyk, sport-syýahatçylyk, hemme amatlyklary bolan umumy ýaşaýyş jaýlary, senagat, oba hojalygy, ulag, aragatnaşyk we beýleki pudaklar üçin gurlan we gurulýan ulyly-kiçili fabrikleriň, zawodlaryň, kärhanalaryň, edaralaryň, desgalaryň, binalaryň sany bir ýa-da iki bolman olar ýüzlerçe, müňlerçedir, özem bu obýektleriň hemmesi öz wagtynda, bellenen aýynda, ýylynda işe girizilýär. Munuň esasy sebäbi bolsa döwlet derejeli, ähmiýetli bu möhüm işleriň meýilnamalaryny, taslamalaryny kabul etmek üçiň taýýarlyk çäreleriniň geçirilip başlanan günlerinden beýläk Hormatly Prezidentimiziň hut özüniň gozegçilik, ýolbaşçylyk etmegidir we bir wagtyň özünde hem hünärmenleriň, öz egindeşleriniň, pudak ýolbaşçylarynyň, daşary ýurtly bilermenleriň, gurluşykçylaryň we başgalaryň pikirlerini, maslahatlaryny hem göz öňünde tutup meseläni köpçülikleýin çözmegi adaty ýagdaýa, özüniň gündelik işine öwürmegidir.

Hormatly Prezidentimiziň hut özüniň baştutanlyk etmeginde, görkezmesi esasynda döwletara toparlaryň ýurdumyzda döredilmegi we olaryň kömegi bilen geçirilýän ykdysady we syýasy gatnaşyklaryň işiniň has hem ykjamlaşmagyna getirdi. Başgaça aýdanymyzda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň wekilleri Türkmenistana gelýän we ýurdumyzdan gidýän delegasiýalaryň işine uly höwes, ynam bilen işjeň gatnaşýarlar. Özara ykdysady we syýasy gatnaşyklara şunuň ýaly täzeçe çemeleşmek Hormatly Prezidentimiziň saýlap alan ýol-ýörelgeleriniň giňeldilen, kämilleşdirilen görnüşi diýsek has dogry bolar. Bu kämilleşen ýol, ugur eýýäm öz miwesini berýär. Muňa agrosenagat toplumynda bolup geçýän düýpli özgertmeler şaýatlyk edýär. Mundan 7-8 ýyl ozal Türkmenistanyň agrosenagat toplumy üçin gerek bolan oba hojalyk traktorlarynyň we beýleki tehniki serişdeleriniň aglabasyny Amerikanyň Birleşen

Ştatlaryndan “JON DIR” we “KEÝS” kompaniýalarynyň öndürýän kuwwatly, käbir halatlarda, biziň şertlerimizde, öndürijiligi ýokary hem bolsa kiçi we orta kuwwatly traktorlar bilen deňeşdireniňde olarda belli bir derejede işiň hiline täsir edýän oňaýsyz ýagdaýlaryň ýüze çykýandygyny daýhanlar, oba hojalyk hünärmenleri belleýärler. Muňa garamazdan örän uly, kuwwatly traktorlary satyn almaklyga ýykgyn edilipdi. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Mary welaýatynyň Mary şäherinde geçirilen Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda eden çykyşynda ýurdumyzyň oba hojalygyny, umuman agrosenagat toplumyny hemme taraplaýyn sazlaşykly ösdürmek, dolandyrmak, durnukly, ygtybarly pudaga öwürmek üçin ylmyň, bilimiň täze gazananlaryny, öňdebaryjy tehnikany we tehnologiýany doly ulanmagy, peýdalanmagy beýan etdi. Agrosenagat toplumynyň kärhanalaryny, edaralaryny dolandyrmakda täze usullary ulanmak esaslarynda toplumy dikeltmek, düýpgöter özgertmek we ösdürmeklik Hormatly Prezidentimiziň üns merkezinde galdy. Halk Maslahatynda aýdylan çäreleri we teklipleri göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen Türkmenistanyň oba hojalygynda ulanmak üçin 2007-nji ýyldan başlap has oňaýly, ykjam, tygşytly, bahasy boýunça arzan traktorlary we olarda ulanylýan enjamlary, esbaplary satyn almaklyk ýola goýuldy. Kiçi we orta göwrümli, kuwwatly traktorlary satyn almagyň, oba hojalyk işlerinde ulanmagyň biçak uly maddy we ykdysady ähmiýeti bar. Mysal üçin “JON DIR”, “KEÝS” kompaniýalarynyň öndüren bir sany uly traktoryna derek birnäçe kiçi traktorlary we olara gerek bolan enjamlary, ätiýaçlyk şaýlaryny satyn alyp bolýar, ýangyç we öz zawodlarymyzda öndürilen çalgy ýaglaryny ulanmak hem maliýe serişdelerini tygşytlamaga ýardam berýär. Türkmenistan Russiýa Federasiýasynda, Belarus, Özbegistan respublikalarynda we Ýapon döwletinde öndürilen traktorlary, awtoulaglary satyn almak barada giňişleýin we uzak möhletleýin şertnamalar baglaşyldy, olar eýýäm hereketde. Bu döwletlerde öndürilen kiçi göwrümli, ykjam,

hem-de kuwwatly traktorlary, awtoulaglary satyn almak daýhanlar, daýhan hojalyklary üçin diýseň oňaýly we peýdaly. Russiýa Federasiýasynda, Belarus we Özbegistan döwletlerinde öndürilen traktorlar, awtoulaglar ýurdumyzyň aýry-aýry pudaklarynda geçen 2007-nji ýyldan bäri ulanylyp gelinýär. Türkmenistanyň şertlerinde bu traktorlary, awtoulaglary ulanmaklygyň özboluşly aýratynlygy hem bardyr. Türkmen daýhanlary, kärendeçileri, mulkdarlary, hünärmenleri, inžener-tehniki işgärleri öňki SSSR-iň duzumine girýän döwletlerde öndürilýän traktorlaryň we olara gerek bolan esbaplaryň, enjamlaryň hemme içki, daşki ýagdaýlaryny, yagny olaryň düzüminiň ýonekeýligi sebäpli ähli ykdysady-tehniki parametrlerine belet. Türkmenistanyň oba hojalygynda ýarym asyrdan hem gowrak döwrüň içinde bu traktorlar, awtoulaglar ulanyldy, biziň raýatlarymyz şol traktorlarynyň ulanyş, bejeriş ussullaryny doly bilýärler, ýönekeýje dilde aýdanyňda öz serişdesiniň hasabyna, az serişde, wagt sarp edip, ýerinde, başga ýere äkitmezden özleri abatlaýyş, bejeriş işlerini geçirip bilýärler. Russiýa Federasiýasynda, Belarus we Özbegistan respublikalaryndan satyn alnan tehnikalary getirmek ýeňil, olaryň ýol çykdajylary Amerikadan, Ýewropadan getirilýän traktorlaryň, awtoulaglaryňkydan ep-esli arzan. Zähmet öndürjiligini ösdürmekde, şonuň esasynda ykdysadyýetde öndürilýän içerki önümiň mukdaryny we daşary ýurt bazarlarynda bäsleşip bilýän önümleri öndürmekde, olaryň hilini ýokarlandyrmakda “wagt” esasy, aýgytlaýjy faktordyr. Ykdysadyýetiň mikro-makro görkezjileriniň beýgelmegi ýa-da peselmegi “wagtyň” netijeli ulanylmagyna we tygşytlanylmagyna gönüden-göni baglydyr. “Wagt” faktorynyň, tygşytly we netijeli ulanylmagy bolsa ykdysadyýetiň esasy kanunlarynyň biridir. Bahasy uly bolmadyk tehniki serişdeleriň, traktorlaryň, awtoulaglaryň daýhana, daýhan birleşiklerine näçe ýakyn boldugyça şonça-da olary netijeli, peýdaly ulanmaklygyň mümkünçiligi has-da artýar we ýokarlanýar. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynda geçiren



10. Sargyt № 590.

Ministrler Kabinetiniň mejlisleriniň birinde özüniň çuňňur we ýiti pikirinden, pähim, paýhasyndan dörän ýene-de bir il-ýurt bähbitli meseläni, ýagny oba hojalyk tehnikalaryny-traktorlary, awtoulaglary, olara gerek bolan esbaplary we enjamlary daýhan birleşikleriniň ygtyýaryna bermegi orta atdy. Sebäbi oba hojalyk tehnikasyna eýeçilik edýän adamlaryň sany näçe az bolsa şonça-da olara gözegçilik etmegiň derejesi ýokary bolýar. Hormatly Prezidentimiziň oba ilatynyň durmuş, hal-ýagdaýyny gowulandyrmagyň, agrosenagat toplumyny özgertmek, ösdürmek üçin geçirýän çäreleriniň hemmesi bagtyýarlyk döwründe geçirilýän ykdysady we syýasy reformalaryň oňyn çözgütleriniň biri diýsek dogry bolar.

Kitabyň girişinde belleýşimiz ýaly özgerýän döwür bizi gaty uly tizlik bilen öňe alyp barýar. Garaşsyzlyk ýyllarynyň her ýyly däl, eýsem her aýy, her güni uly taryhy tutumlar bilen biziň milli ykdysadyýeti nähili öňe ilerledip bilýändigimizi aýdyňlyk bilen görkezdi. Şunda kitabyň dürli baplarynda bellenilişi ýaly düýpden täze pudak hökmünde emele gelen dokma-tekstil, energetika, nebithimiýa, metallurgiýa-maşyngurluşygy, şeýle hem batly depginler bilen ösýän gurluşyk senagaty, düýpgöter özgeren agrosenagat toplumy, tebigy baýlyklaryň täze ýataklarynyň üstüniň açylmagy we olaryň senagat taýdan özleşdirilmegi bilen baglylykda ösýän nebit-gaz pudagy milli ykdysadyýetiň durnukly kemala gelmeginiň kepilidir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri biziň ösüşlerimiziň täze sepgitlerini nazarlaýar. Şunda milli ykdysadyýet esasy orna çykýar. Muňa her günde gazanylýan üstünlikler äşgär şaýatdyr. Türkmenistan gurýan, özem şol desgalaryň aglabasy ykdysadyýetiň ösüşine hyzmat etmegi bilen tapawutlanýan döwlet hökmünde özüni tanatdy. Elbetde, biziň häzirki döwrümiziň ykdysadyýeti hakdaky gürrüň aýratyn ähmiýete eýedir. Biz bolsa şu kitapda esasan hem Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň sagat we durnukly ykdysadyýetiniň täze eýýamyna ýeten sepgitlerine has köpräk üns bermegi neýet edindik.

Sebäbi aýdylyşy ýaly şu gün biziň düýnümiz bilen, ertirimiz bolsa şu günümiz bilen üzülmez baglanyşyklydyr. Ykdysadyýeti kämil döwlet elmydama kuwwatlydyr. Muňa Türkmenistan aýdyň mysaldyr.

Şu kitapda bellenilişi ýaly Prezident maksatnamasynyň amala aşyrylyp başlanmagy, şeýle hem ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek boýunça amala aşyryýan özgertmeler Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň esasy aýratynlygydyr.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Gysgaça terjimehal. A., 2007
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbaguly Berdimuhamedowyň Umumymilli “Galkynyş” hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary 5-nji gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. A., 2007
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. A., 2007
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. A., 2007
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. A., 2007
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. A., 2007
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. A. 2010.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. A. 2010.
9. Beýik özgertmeleriň ýyl ýazgylary. I tom. A., 2008.

## MAZMUNY

Giriş........................................................................................ 7
I bap. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan ugurlary ........................................................................ 13
II bap. Türkmenistanyň nebit-gaz we energetika toplumunyň gadamlary ........................................................................ 17
III bap. Türkmenistanyň dokma senagaty............................................... 32
IV bap. Türkmenistanyň agrosenagat toplumynyň ýurdumyzyň ykdysadyýetinde tutýan orny ................................................................... 42
V bap. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty pudagy..................................................................................... 51
VI bap. Türkmenistanda bilim syýasaty dabaralanýar ........................... 56
VII bap. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe daşary syýasat....... 66
VIII bap. Garaşsyz Türkmenistanyň milli ykdysady modeli ................. 75
IX bap. Türkmenistanyň ykdysady we syýasy ösüşi ............................. 91
X bap. Ykdysady strategiýa halkyň eşretli gelejegi üçin........................ 99
XI bap. Garaşsyz we hemişelik bitarap Türkmenistanyň azyk senagaty ............................................................................................. 105
XII bap. Türkmenistanyň ulag we aragatnaşyk pudaklary ..................... 112
XIII bap. Ýurduň suwdan rejeli peýdalanmak syýasaty ......................... 122
XIV bap. Kämilleşdirme we innowasiýa syýasaty döwrüň talaby ....... 127
XV bap. Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli ykdysadyýeti ..... 129

*Muhammetberdi Mämmedow*

# BERKARAR DÖWLETIŇ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Çaryýew* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *N. Orazlyýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 11.07.2013. Möçberi 60x90 $^{1}/_{16}$. Çap listi 9,5.
Şertli çap listi 9,5.Hasap-neşir listi 8,28. Şertli reňkli ottiski 29,75.
Sargyt 590. Sany 700.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.